**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

**A.Magtymow, G.Aşyrowa, O.Analakowa**

# KARTOGRAFIÝA HEM-DE GEOGRAFIÝA YLYMLARYNYŇ TARYHY WE TAGLYMAT ESASY

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin synag okuw kitaby.

**Aşgabat -2010**

**A.Magtymow, G.Aşyrowa, O.Analakowa**

**Kartografiýa hem-de geografiýa ylymlarynyň taryhy we taglymat esasy. Okuw kitaby**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**2010-njy ýyl –218 sah.**

**Magtymguly adyndaky Türkmen dölwet uniwersitetiniň kartografiýa kafedrasy tarapyndan hödürlendi**

"Kartografiýa hem-de geografiẏa ylymlarynyň taryhy we taglymat esasy" okuw kitaby özbaşdak ylym hökmünde emele geliş derejesi yzarlanylýar. Şeýle-de, häzirki döwürde kartografiýa ylmy tutuş ylmy ulgamy özünde jemleýän çylşyrymly gurlyşynyň ýagdaýy barada gysgaça maglumatlar berilýär.

Okuw kitaby Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň geografiýa fakultetiniň kartografiýa hünärleriniň talyplary üçin niýetlenilýär.

# SÖZBAŞY

**Kartografiýa** ylmy barada gürrüň ediljek bolsa ozaly bilen kartografiýa sözi nireden döräpdir? Nämäni aňladýar? Manysy näme? Şony bilmeli.

**Kartografiýa** (grek-chartes we grahice-karta çyzýaryn) - tebigy we jemgyýetçilik hadysalaryň üýtgeýşini kartografiki şekiller boýunça barlamagy öwredýän ylym. Ol grek sözi bolup, dürli kartalary (geograiki, planetar we astranomiki) döretmek we olar bilen işlemek baradaky ylymdyr.

Häzirki wagtda kartografiýa ylmy tutuş ylmy ulgamy özünde jemleýän çylşyrymly gurlyşly ýagdaýdadyr. Kartografiýanyň taryhy - kartalar baradaky taryhy pikirler, düşünjeler, kartografiki usullary, kartografiki önümçiliginiň ösüşi hem-de köne kartografiki önümleri öwrenilýän pudakdyr.

Kartografiýa ylmynyň taryhy diýilýän ylmy usur has giçki döwürde döredilendir. Onuň döremeginiň zerurlygy adamlaryň ýeriň tebigatyna akyl ýetirişleriniň dürli döwürlerde dürli bolup şu güne çenli timarlanylyp, ozalky çaklama pikirleriň täze tejribe esasly düşündirişler bilenn üsti doldurylyp durylanlygy, häzirki wagytda-da üsti doldurylmanyň dowam edýänligi bilen düşündirilýär. Kartografiýa ylmy öz döreýşinden tä biziň günlerimize çenli örän köp özgerişleri başdan geçirdi. Ozal başda bu ylym görnüşinde dälde adamlaryň tebigaty synlap kabul edip biliş ukybyna esaslanan düşünje bolupdyr. Soň-soňlar Ýeriň tebigaty barada pelsepe-filosofik pikirler döräp ýazga geçirilip başlanypdyr we şol esaslarda-da kartografiýa ylmynyň ilkinji düp kerpiçleri goýulyp başlanylypdyr. Ylmy ugur hökmünde ilki bada tebigaty öwrenýän gije gündizi, pasyllary, ýerdäki hadysalary hereketleri öwrenip akyl ýetirmäge ymtylyşyň ylmy bolupdyr. Şoňabak olardan ötri ýurtlary, ýer-ýurtlaryň tapawutlaryny öwrenmäge-de

synanşyklar bolupdyr. Şeýlelikde-de ilkinji kartografik düşünjeleriň utgaşykly ulgamy döräpbaşlapdyr.

Eýýäm görnüşi ýaly kartografiýa ylmynyň ilkinji maksatlary has gadymy döwürlerdenn mälim bolupdyr. Bu ylmyň esasy maksady Ýeriň durkuna, onuň älem giňişligindäki, ýagny ýakyn kosmosdaky jisimler bilen baglanşygyna Ýeriň öz üstündäki dürli tebigy agzalara, hadysalara olaryň özara baglanşyklylyklaryna akyl ýetirmekden ybarat bolup durýar.

Bu ylmyň esasy wezipesi-öz gazananlaryny we beýleki tebigy hem jemgiýetçilik ylymlarynyň özüne degişli böleklerini jemläp, umumy kartografiýa ylmynyň ýeten derejesini ýaş nesle, umuman jemgiýetçilige düşündirmekdn ybaratdyr. Ýene-de wezipeleriniň esaslarynyň biri dürli ylmy ulgamlaryň, ugurlaryň gazananlaryny bir-birleri bilen baglaşdyryp Ýeriň tebigatyna akyl ýetirmäge, jemgiýetçilik gurlyşlardaky ykdysady durmuş şertleriň özgerşine seljeriş bermäge ukyply nesil terbiýelemekden ybaratdyr.

Kartografiýa ylmynyň taryhynyň ylmy barlag usullary umumy kartografiýa, pudaklaýyn tebigy, jemgiýetçilik ylymlary bolan, taryh, arheologiýa ylymlarynyň barlag usullaryna kybapdaşdyr. Ondan ötri tebigy hem jemgiýetçilik, durmuş-ykdysady ylym-bilim ugurlaryň wagt hem aralyk birliklerinde nä derejede ösüşlerine seljeriş bermäge gönükdirlen ylmy barlag usullary ulanýanlygy bilen olardan tapawutlanýandyr. Kartografiýanyň taryhy ylmynyň döräp ösmeginde diňe bir tebigy, jemgiýetçilik, durmuş-ykdysady ylymlar däl, eýsem gumanitar: filosofiýa-pelsepe, dil bilimi ýaly ugurlaryň, ulgamlaryň hem ylmy barlag usullary, olary şu günki ýeten derejeleri zerurdyr.

Ähli ylymlaryň gözbaşynda Ýeriň tebigaty-geografiýa duran bolsa, ony düşündirmek, seljermek we ynamly şekilde köpçülige ýetirmek üçin dil bilimi zerurdyr.

Şu jähtden alnanda “Kartografiýa ylmynyň taryhy” diýilýän ugur ähli beýleki ylmy ugurlar bilen baglanşyklylykda deň gadam basyp ösýän ylymdyr.

Ylymda ilkinji çeşmeler barada mysallar bilen aýtmaly. Ýer ýurt atlarynyň dürli sebäplere, tebigy şertlere, hadysalara görä dakylyşy. Olaryň häzirki zaman regional hem-de tipologik çäkleriň bölünişine gabat gelişi. Şu günki kartografiýa ylmynda olaryň ulanylyşy we tutýan orunlary barada aýtmaly – ýazdyrmaly.

## 1. Maksady, wezipeleri we ylmy ulgamda tutýan orny

Taryhy kartografiýa ylmynyň sapak edilip okadylmagynyň maksady ozaly bilen biziň ýurdymyzdaky ene sürülen täze bilim syýasatynyň amaly aşyrylmagy bilen, onuň başlangyjynda duran Türkmenistanyň ýaş nesli häzirki zaman jemgiýetçilik gurluşyň taraplaryna laýyk terbiýelemekden, teoriýa we tejribe taýdan ýaraglanndyrmakdan ybaratdyr. Taryhy kartografiýa ÝeOJ-nyň taryh we geografiýa fakultetlerinde beýleki dersler bilen bilelikde okadylanynda ýaşlaryň adamzat jemgiýetiniň dowam eden döwüründe Ýer togalagynyň belli bir (öwrenilýän ýa-da okuw alynyp barylýan ojagy gyzyklandyrýar) ýerindäki tebigy hadysalaryň kanunalaýyklarynyň ýüze çykmaklarynyň, üýtgelmelerini, şol döwürdäki ýaşan adamlaryň durmuşyna täsirini öwretmäge gönükdirlendir. Öz ýaşaýan ýa-da gyzyklanýan ýeriniň tebigy şertini taryhy döwür arasynda özgerişi onuň jemgiýeti hojalygy, ösümlikleriň, haýwanat dünýäsiniň, adamzadyň şol ýeriň ekologiýasyna täsiri barada bilim alýan ýaş hünärmenlere düşünje bermekde, ybaratdyr. Bilim alýan ýaşlary köp taraplaýyn ylmy tejribe ugurlar bilen ýaraglandyryp durmuşyň talabyna görä bitirýän işini ýokary aňly düşünjeli ýerine ýetirip bilýän adamlar bolmagyny gazanmakdyr.

Taryhy kartografiýaň ýa-da başgaça aýdylyşyna görä kartografiki düşünjeleriň taryhy diýilýän ylmyň esasy maksady kartografiki açyşlaryň syýahatlaryň şeýlede kartografiki akyl ýetirmäniň pikirlerini we umuman geçmişde ýaşap geçen adamlaryň kartografiki düşünjeleriniň taryhy wagt birliginiň ölçegine salyp öwrenmekden ybaratdyr.

Taryhy kartografiýany okatmagyň ýokarda tekrarlanan maksatlaryndan birnäçe wezipeler ýüze çykýar:

1. Taryhy kartografiýanyň esasy wezipeleriň biri ýaşlara Ýeriň tebigatynyň dürli regionlarda bir-birinden

tapawutly aýratynlykda bolup, onuň jemgiýetiň hojalyk pudaklarynyň görnüşlerini kesgitleýji esasy sebäp bolanlygy barada çuňňur teoretiki düşünje bermekdir. Önümçiligiň gatnaşyklarynyň tebigy şertlere baýlyklara garaşlylykda taryhy döwürler bilen baglanylşydyr okuwçylaryň aňyna siňdirmekden ybaratdyr.

2. Taryhy kartografiýanyň ýokary okuw jaýlarynda okadylmagynyň esasy wezipesi jemgiýetçilik ylmy ugrundan bilim alýan okuwçylara tebigy ylmy ugurlardan hem ýaraglanmaga mümkinçilik döretmelidir. Taryhy kartografiýa ylmy gadam dünýä zamanynnda dörän geografiýadan we taryh ylmyndan (döreýşi boýunça) has ýaş bolsada eýäm birnäçe ýüz ýyllyklaryň dowamynda öwrenilip, ösdürlip gelýändir. Soňky döwürde bu ylma bir ösen kapitalistik ýurtlarda däl eýsem dünýäniň hemme ýurtlarynda şol sanda biziň ülkämiz Türkmenistanda-da uly üns berilip başlanyldy. Türkmen halkynyň geçmiş medeniýetini, sungadyny, senetlerini, däp-dessurlaryny dikeltmek baradaky tagallalaryny durmuşa geçirmekde taryhy kartografiýanyň örän uly orny bardyr. Türkmen halky Ýer ýüzünde iň gadymy döwürlerinden bäri jemgiýetçilik gurluşyny döredip şol gurluş düzgüniň ilkinji nusgalaryny biziň günlerimize çenli saklap bilen halkdyr. Müň ýyllyklaryň dowamynda Türkmen halkynyň aralyk giňişlikdäki hereketi wagt birligindäki özgeriş (hojalyk, durmuş, düşinje, din-adat medeni, ylmy we beýlekiler barada ylmy düşünje bermekde beýleki sapak derslerinden has çemgiri hem (wezipesi) borçlygy boýunça Taryhy kartografiýa ilkinji orun degişlidir.

Taryhy kartografiýa sapagy okadylanynda taryh ylmyndaky döwürler wagyt ölçeg birligindäki seneleriň ünse alynmagy bilen bir hatarda şol öwrenilýän ýeriň, ýurduň ýa-da regionyň fiziki geografiki şertleriniň aýratynnlyklary, ykdysady, syýasy geografiki maglumatlar olaryň şol wagyt birligiň içindäki özgerişleriniň häsiýetnamasy esasy orun

eýelemelidirler. Bu häsiýetnamalar esasan şulardan ybarat bolmalydyr:

1. Öwrenilýän ýeriň şol degişli döwürdäki (fiziki-geografiki) landşaftlaryň tebigy şertleri:

2. Ýerli ilatyň etniki aýratynlyklary ýerleşişi we şol öwrenilýän çäklerde olaryň hereketleri:

3. Önümçilik geografiýasy we olaryň özara baglanyşyklary:

4. Içki hem daşky syýasy gatnaşyklaryň çäkleri we wajyp taryhy hadysalar baradaky maglumatlardyr.

Taryhy kartografiýa ylmynyň mazmunyndan gelip çykýan ýene-de bir wezipe ol hem taryhy we geografiki barlaglar geçirileninde metodologiki taýdan geografiýany (ýurdyň ýa-da regionyň) öwrenileninde ony şol öwrenilýän ýerde haçan we hususan nähili taryhy hadysa bolanlygyny inkär etmän taryhy ylmy barlag işi geçirileninde bolsa jemgiýetçilik özgerişleriň bolmagynda umumy ösüşinde şol ýeriň geografiki şertleriniň oňa ýetiren täsirini eýýäm inkär etmän almaklygyň wajyplygyny görkezmekdedir. Taryhy kartografiýanyň ylym görnüşinde ösüşini öwrenmekde bize diňe rus we türkmen dilindäki edebi çeşmeler eletler bolany üçin, italýan, grek, fransuz, iňnlis, nemes dillerindäki edebiýatlarda şeýle-de hytaý, hindi, eýran, arap ýurtlaryndaky maglumatlar ulanylman galýarlar. Eger-de mümkinçiligi tapylyp ýokarda agzalan ýurtlardaky taryhy kartografiki maglumatlar hem ulanylaýsa onda bu okuw dersiniň sapaklary has giň aýdyň we gyzykly bolardy.

## 2. Kartografik düşünjeler barada ilkinji çeşmeler

Iri sebitleriň atlarynyň ýerli geogfrafik şertlere kwapdaşlygynyň ilkinji çeşme görnüşinde ylymda ulanylmagy.

Adamzada mälim bolan ylymlaryň hemmesiniň özboluşly başlangyjy bar. Ähli ylymlaryň gözbbaşynda bolsa adamynyň Ýeriň tebigatyndaky hadysalary synlap, oňa düşünişiniň, ony gorap, öz aňynyň ýetdigiçe kabul edip bilişi ýatyr. Şonuň üçin hem adamynyň Ýeriň tebigatyny, Ýeriň töweregindäki asman jisimlerini, olaryň aralyk hem wagyt birligindäki özgerişini, şekilleriniň üýtgeýşini synlap, dürli hadysalaryň özarabaglanşyklaryny, özara täsirlerini, özara gatnaşyklaryny seljerip bilmäge umtylyşyndan ilkinji ylmy düşünjeler başlanypdyrlar.

Adamlaryň Ýeriň tebigatyna düşünişleri ilki bada örän ýönekeý, sada kä halatlarda hakykatdan daşda bolsalarda ol düşünjeler, garaýyşlar ýüzlerçe, müňlerçe ýyllaryň dowamynda özgerdilip ösdürilip, nesilden-nesile timarlanyp geçirilipdir. Olaryň kä birleri irki geçmişde adamlaryň aňynda şeýle ýokary derejede tebigy döreýşine, häsiýetine, dolanşygyna, mahsus çözgüt tapypdyr. Hatda şu günki ylmyň ösen derejesinde-de ol halk düşünjesinden dörän netijäni başgaça düşündirip ýa-da ösdürip bolmaýar.

Adamzadyň ýiti aňynyň Ýeriň tebigatyna ýetişinden, ony synlap,seljerip netije çykaryp bilişinden ähli ylmy ugurlaryň başlangyjy Ýeriň tebigaty baradaky ylym-geografiýa başlanypdyr. Beýleki ylymlar ýagny tebigat, jemgiýetçilik we gumanitar diýilýänleriň hemmesi şol başlangyçdan bölünip çykandyrlar, soňra özbaşdak ylmy ugurlar bolup ösendirler. Mysal: matematika Ýeriň ýüzündäki we Ýere golaý asmandaky jisimleriň hadysalaryň aralyk ýa-da wagtbirlikleriniň ölçeginden, mukdar birlikleriň hasaplamalaryndan başlanan bbolsa, fizika ylmy şol öwrenilýän jisimleriň tebigy fiziki gurluşyna şekillerini, häsiýetlerini öwrenmekden başlanypdyr. Himiýa bolsa Ýeriň tebigatyndaky bar bolan jisimleriň içki syrlaryny-kemýasyny, ol jisimleriň durkundaky, düzümindäki bölekleriň birleşenindäki ýa-da bölünendäki bolýan hadysalary, ýagny şu günki ylmy garaýyş bilen aýdanyňda himiki durkuny

öwrenip, özbaşdaklyga ýetipdir. Beýleki tebigy ylmy ugurlar geologiýa, geomorfologiýa, klimatologiýa, meteorologiýa, gidrogeologiýa, gidrologiýa, biologiýa, medesina we beýlekiler, sol sanda olaryň çäklerinden çykan pudaklaýyn ylymlaryň barysy hem ilkinji başlangyç gözbaşyny geografiýadan alyp gaýdýandyr.

Adamzadyň tebigata düşünişini beýan etmek bir-birleri bilen gatnaşygyny ýola goýmak üçin dil gerek, sözleşik bolupdyr. Sözleşikde ulanylýan ses, owaz birleşmeleriniň iň gadymylary bir bogunly bolupdyr diýsek hakykata ýakyn bolar. Sebäbi hut häzir hem dil bitmedik çagalar ilkinji sesleri diňe bir bogundan başlaýarlar. Şeýle-de Ýer ýüzünde iň gadymy dilleriň biri bolan türki-türkmen dilinde-de köplenç düýp sözler bir bogunlydyrlar. Adamynyň aňly ýaşaýşa başlan döwründe ilkinji görüp aň ýetirişinde özara meňzeş häsiýetli zada bir at dakanlygyny görýäris.

Meselem: "Ot" ýerden çykyp ýokary ymtylýan köp şahalanýan – ýapraklanýan ösümlikleriň umumy ady. Olar tiz ösýärler we ýeriň üstündäki beýleki zatlaryň (hemişelik bir görnüşdäki zatlaryň üstüni örtýärler (dusundan geçýärler). Şol söz bilen bir meňzeş emma ö sesini uzaldyp aýtmak bilen aňladylýan "oot" sözi eýýäm ýanýan ody aňladýar. "oot" hem "ot" ýaly çalt ýokary hereket edýän, köp şahalanýar, ýanraklanýar. Olaryň ikiside ýeliň ugryna ejilip-gyşaryp ýene-de dikelip hereket edýärler. Şol meňzeşlikleriň bolmagy bulary aňlatmak üçin bir meňzeş seslerden ýasalan bir bogunly sözüň ulanylmagyna sebäp bolandyr. Emma ikinjisiniň ýiti ýandyryjy häsiýetini aňlatmak, ondan seresap bolmagy duýdurmak üçin ondaky çekimli sesi süýkdirip-uzaldyp aýdandyrlar. Şu mysaldan görnüşi ýaly, ilkinji sözler hem Ýeriň tebigatynda bar bolan zatlara at dakmak, olary sypatlandyrmak ýa-da häsiýetleriniň seljerilmeginden döräpdir. Beýleki "Gumanitar" diýilýän ylmy ugurlara, gönüden-göni adamynyň tebigata akyl

ýetirişiniň subutnamasy bolup, adam aňynyň önümiligi jedelsizdir.

Jemgiýetçilik ylymlary, adyndan belli boluşy ýaly adamzadyň arkaba-arka umumy şärikli durmuşy emele getirip ösdürmegine bagyşlanandyr. “Taryh” diýileninde her ylmy ugryň öz taryhy, adamzat jemgiýetiniň aralyk we wagyt birligindäki geçen ýoly, şeýle-de Ýer togalagynyň döräli bäri başdan geçiren ähli hadysalaryny öz içine alýan manydaky sözdir. Şoňa görä-de “taryh” ylymy haýsy zadyň geçmişini öwrenýänligine garamazdan öz gözbaşyny ýeriň tebigatyndan ýagny Ýeri öwrenmekden “Geografiýadan” başlanýandyr.

“Geografiýa” näme? Türkmen diline ilki başda gadymy grek dilinden, soňra rus dilinden gelen bu sözüň manysy geo-ýer, grafiýa-ýazýaryn diýilip terjime edilýär, we ýeriň tebigatyny öwrenip ýazmagy aňladýar manyny berýär. Häzirki wagtda “Geografiýa” ylmyna: tebigy we önümçilik çäkleriň toplumyny, olaryň agzalaryny öwrenýän hem tebigy hem-de jemgiýetçilik bölümleri bolan köptaraplaýyn şahalanan ylymlaryň utgaşykly ulgamy hökmünde garalýar. Bu ylymyň tebigy ugryna fiziki geografiýa; jemgiýetçilik bolsa ykdysady geografiýa diýilýär. Olaryň her haýsysy-da öz gezeginde birnäçe böleklere bölünýärler.

Şeýle çelşyrymly ylym ilki başda nähili we nämeden başlandyka? Adamlar entek diňe ýaşaýyşyň aladasy bilen özlerine iýmit gözläp, sowukdan, ýyrtyjy haýwanlardan ýa-da islendik beýleki howup-howatyrlardan goranyp ýaşamaga mejbur bolup ýörkäler, olar hiç hili ylym barada aladalanmalydyr hem öýtmändirler.

Emma görýän zatlaryna seljeriş berip at dakmagy ýa-da sypatlandyrmagy welin başarypdyrlar. Bu hili başarnykly barada maglumatlary iri sebirlere gadymy geçmişden bäri dakylan atlaryň ýitmän şu günki güne çenli gelip ýetenleri mysal bolup bilýär. Olar biziň günlerimizde geografiýa ylymynda-da şol ilkinji döreýşi ýaly ýa-da wagyt geçmegi bilen özgeren görnüşinde ulanylýar.

(Eger-de şu babatda mysal gerek bolsa) Ýewraziýa gury ýer böleginde iň iri tebigy sebitleriň biri Sibirdir.

“Sibir” diýilip atlandyrylýan umumy geografiki sebite Günbatar Sibir pesligi, Orta Sibir tekiz belentligi, Gündogar Sibir daglyklary, Baýkal töwerekleri, Uzak Gündogar, Amur boýy we beýleki ýerleriň bary degişli bolupdyr. Bu söz türkçe-türkmençe aýdylanynda “Sibr” diýilip “b” harpy bilen “r” harpynyň arasynda çekimli ýok edilip aýdylýar. Şu görnüşde beýleki türki dillerde-de (Gazak, Tatar, Bbaşgyrt, Özbek we beýlekilerde-de) ulanylýar. “Sibr” sözi şol görnüşinde tatar, gazak dillerinde süprmegi aňladýar. Olar bir ýeri süpirmeli bolsa “Sibrip jiler” diýip ýüzlenýärler.

Eger “Sibr” sözüniň manysy “süprmek” bolsa onda biziň ata-babalarymyz nämäni göz öňün-de tutyp bu ýere beýle at dakdylarka? Ýokarda sanalan ýer-ýurtlaryň hiç biri hem geologik emele gelşi ýer üstiniň gurluşy ýa-da başga göze görnüp duran tebigy alamatlary boýunça bir-birlerine meňzemeýärler. Şonda-da Ural daglaryndan Ýuwaş okeana çenli aralygy tutup üç-guraksyz giňişlige we uzaklyga bir at “Sibr” diýip dakypdyrlar. Ata-babalarymyz ýalnyşaýana däldirlerdä herna?

Ata-babalarymyz bu dürli geologik emele gelişli, bir-birine meňzemeýän ýer üsti gurluşly, toprak, ösümligi hem haýwanat dünýäsi bir-birine meňzemeýän ýerleriň hemmesine bir sydyrgyn mahsus bolan tebigy hadysanyň barlygyny görüp, ony arkaba arka synlap, seljerip şol ady dakypdyrlar.

Eger “Sibr” sözi gadymy türki dilde süpürmegi aňladýan bolsa ol sözi şu günn hem türki dillerde janly-ulanylýan bolsa, onda gadym döwürde ýaşap geçenlerimiz, gözöňünde tutulýan çäklerdäki gyşyna gar sowuryp ösýän güçli ýeli göz öňünde tutandyrlar. Bu ýerleriň tebigatynda hemmesine deň derejede mahsus bolan gyşyna has güçlenýänn demirgazyk-demirgazykdan günorta-günorta-günbatara öwsýän, ýere düşen garlary süpürip duran ýeli

gözöňünde tutandyrlar. Hakykatdan hem ýylyň köp böleginde dowam edýän gyş paslynda sowurgynly günleriňň agdyklyk edýänini gören eslendik adam bu çäklere “Sibr” diýip at dakar. Şu ýerde Sibiriňň ýerli halklary, galyberse-de gazaklarda-da ýany-ýakynlarda-da bu çäklere “ibbir-zibir” hem diýipdirler. Ibir-zibiriň hem manysy syryp-süpürmegi, dargatmak, dürli tarapa çalt hereketlenip pytramagy aňladýar ahyryn. Şeýlelik-de “Sibr” diýilen adyň şeýle giň hem dürli şekilli ýere dakylmagynyň düp sebäbi bu ýerlerde bir tebigy agzanyň howa-klimat şertleriniň meňzeşliginden gelip çykypdyr. Ähli çäklere deň derejede mahsus bolan agdyklyk edýän tebigy şerte görä-de biziň ata-babalarymyz bir bitewi at dakypdyrlar.

Ýokardaky mysalda dürli geografiki häsiýetli aýratynlyklary bolan ýerlere tebigy agzalaryňň biriniň agdyklyk edýänligi üçin bir at dakylýanlygyny görýän bolsak, başga bir mysalda onuň tersine şol bir ýere dürli at dakylanlygyny hem bellemek gerek. Meselem häzirki Ural daglaryna gadymy geçmişde “Ref” ýa-da Rif diýilenligi hem mälimdir. Gadymy türki dilde Ref ýa-da Rif sözi ulanyldymyka? Eger ulanylan bolsa ol nämäni aňladýarka? Bu sowallara jogap bermek üçin ilki bilen biz öz halkymyzyň geçmiş döwründe döredilen eserlere göz aýlamaly bolýarys. Şol gözleg bizi Annagylyç Mätäjiniň Abadan atly obadaş aýalyň iki oglunyň bir günde, obasyny-ilini goramakda bolan söweşde gurban bolanlygyna ýürek ýangynyny beýan edip döredenn elegiýasynda görýäris. Bu elegiýany Mätäji Abadan daýzanyň öz adyndan Galdym weýran dünýäde diýip ýazypdyr. Onda şeýle setirler bar:

“Goşa balamyň ady Gandym bilen Esendir,
Biwagt ajal tygy ýürek bagrym kesendir,
Misli hazanyň ýeli Ref-Ref kimin ösendir,
Taýly çyragym söndi, galdym weýran dünýäde.”

Şu ýerde bu pajygaly wakany beýan etmek bilen, Mätäji ýyl paslynyň çalşygynda giçki güýz günlerinde hazan wagty demirgazyk-gündogardan ösýän bar gökot-çöpleri doňdurýan, mala-gara ýakymsyz, adamlaň uly alada goýan güçli sowuk ýeliňjana kast edijiligini jaýdar deňeşdirme hökmünde ulanypdyr. Şol ýakymsyz sowuk şemalyň ata-babalarymyzdan galan adynyň bolsa Ref-Ref-ligini bize ýeter ýaly aýdyp goýupdyr.

Ynha şu edebi miras bize häzirki Ural dagyna gadymy geçmişde näme üçin “Ref” diýilenliginiň çözgüdini tapmaga kömek edýär. Ref sözini oglankak ýaşulylarymyz çagalary üýşirip aýdyp berýän ertekilerinde-de eşidýärdik. Emma eşidileni ulanyp ylymda ulanyp bolmaýanlygy üçin ýazylyp doldyrylan mirasymyza ýuzlenmeli bolýar. Ol ertekilerde symrug guş iň arassa, päk göwünli batyr hem edermen ýigidi ganatlarynyň arasyna mündirip geçip-gelip bolmaýan Ref dagynyň üstinde uçup geçip ol pälwanyň uly il-halk ähmiýeti iş bitirmegine ýardam edýänligi barada gyzykly gürrüň bardy. Görüşimiz ýaly “Ref” sözi gadymy türki dilde sowuk ýelli, buzly ýurdy ýeri aňladypdyr.

Ata-babalarymyz bu daga näme üçin Ref diýdilerkä? Onuň sebäbini geografiýa, paleogeografiýa, geologiýa, arheologiýa ýaly ylymlardan gözlemeli bolýar. Geografiýadan her bir bölek çäkli ýeriň özüne mahsus emele gelişini, emele geleninden soňky başdan geçiren hadysalaryny, ösüş aýratynlyklaryny hasaba alyp öwrenýän “lanndşafty öwreniş” ýagny “tebigy çak toplumlary” öwrenýän ylym bar. Şoňa görä-de geografiýanyň bir şahasy gyzyklanylýan ýeriň gadymy geologik geçmiş döwürlerde nä şekildeligini öwrenýän paleogeografiýa hem-de geologiýa ylymlary bir agyzdan häzirki Ural daglarynyň günorta çäkleriniň hem mundan 13-15 müň ýyl ozal buzuň aşagynda bolanlygyny tassyklaýarlar. Ol buzlar 13-10 müň ýyl mundan ozal günortadan demirgazyga ýuwaş-ýuwaşdan çekilip eräp gidipdir, 8-5 müň ýyl mundan öň bolsa ol ýerler, ýagny

Günorta Ural diýilýän sebitler sähralyga öwrülipdirler. Şu hadysalaryň tebigatda bolup geçen wagtyny biziň ata-babalarymyzdan bolan skifleriň şol sebitlere ýetip, ýaşap başlan döwürlerini, arheologik gazuw işleriň netijelerine görä seljerip görseň gabat gelýärler. Häzirki Ural dagyna biri Ref diýip at dakan bolsa, ol ýerler buzdan boşanlaryndan soň ilkinji baranlar hem Skifler bolsa onda olar, türki halk eken we ýerli tebigy şertlere görä dogry at dakan ekenligini görýäris. "Ref" dagy ýagny sowuk buzly, doňdurýan dag diýmegi aňladypdyr.

Ural daglary tutuşlygyna buzlardann halas bolansoň onuň tebigy şertleri öňki adyna kwapdaş bolmandyr. Sebäbi indi onuň tutuş buz örtügi ýok. Şonuň üçin hem indi oňa başa at dakmak zerurlygy ýüze çykýar. Şol döwürlerde bu ýerlerde ýaşan türki dilli ilat dag dersiniň demirgazykdan günorta uzalyp, giňäp gidýänligini görenlerinde oňa "Ozal" ýagny şu günki dilde aýdylanynda "guşak" diýen manyny berýän gadymy türki sözüni ulanypdyrlar. Ural dagynyň şeýle uzakaralyga süýnip ýatanyny synlan gadymy adamlar ony dilden çözülip taşlanan guşaga meňzedipdirler we oňa "Oral" Guşak diýip at dakypdyrlar. Bu dag ulgamyna häzir hem Günorta-Günbatar Uralda ýaşaýan bize doganlyk halk bolan Başurtlar "Oral" diýýärler.

Emma şol daga häzir bütin Ýer ýüziniň halklary "Oral" dälde Ural diýýärler. Onuň sebäbi nämedenkä?

Öňki dakylan atlaryň ikisi hem adamzat taryhynyň has irki döwürlerinde Ural sebitlerine gelen türki dilli halklaryň döredip bize galdyran maglumatlarydyr. Ural dagynyň häzirki hemmeler tarapyndan ulanylýan ady megerem ýer-ýüzinde ilkinjileriň biri bolup metaldan gural ýasap başlan, daşlardan gymmat bahalysyny bezeg üçin ýaramlylaryny saýlap başlan bürünç, demir asyrlary diýilýänn taryhy döwürlerde şol sebitlerde ýaşan ata-babadaşlarymyzyň dakan ady bolsa gerek. Sebäbi bu dag dürli metal we metal däl gazma baýlyklara örän baý. Ol baýlyklar owranan dag

jynslarynyň işinde ýeriň ýüzünde ýatanlyklary üçin, olary owradyp, gerekli bölegini alyp bolýalygy üçin oňa "Ural" diýip at dakandyrlar. Biziň bu pikirimiziň dogrylygyna şaýatlyk edýänn zat hem bar. Tatar halk döredijiliginde, gadymy folklora degişli bir aýdym häzirki "Ural" diýip atlandyrylýann daga degişli. Şol aýdymda "Ural" sözi bir bitewi görnüşde aýdylman "Ur alym meniň" diýilip aýry sözler görnüşinde aýdylýar. Şol aýdymyň ady-da "Uralym meniň" diýilýär.

Ýewraziýanyň çäklerinde bulardan başga-da örän köp sanly irili ownukly sebitleriň ýa-da beýleki geografiki ýer-ýurt atlarynyň diňe türki dilde düşündirip bolýanlary örän köpdir. Bu iri sebitleriň atlary ýerli geografik şertleriniň tapawutly aýratynlyklaryna gabat gelýändikleri bilen örän gyzyklydyr we ylymda ilkinji çeşmeler hökmünde ulanmak maksady bilen öwrenilmegi zerurdyr.

Ýerleri tebigy şertlere görä geografik atlaryň dakylmagynyň häzirki zaman geografiýa ylmynyň talabyna regional tipler laýyklygy. Dag, daman, etek, ala, tüm, takyr, şor, barhan.

"Adamzatdyr ähli mahlyklar başy,
Zyýadadyr onuň akyly huşy,
Dünýä togalagy bir altyn ýüzük,
Adamzatdyr onuň zynaty gaşy."

**Omar Haýýam**

Adam aňly düşünjeli bolansoň töwerekdäki bolýan hadysalara umuman görýän zatlaryna akyl ýetirip netije çykarmaga ymtylypdyr. Şol ymtylyş hem belli bir garaýşyň, umumy ykrar edilen çözgüdiň döremegine getiripdir.

Biziň Oguz Han neslinden bolan türkmenlerimizde, umuman ähli türki dilli halklarda kert çykyndyly has belent, ötmesi-geçmegi kyn bolan ýer üstlerine "Dag", ("Tan", "Taý", "Tag") diýip at dakypdyrlar.

Kartografiýa - iň gadymy we iň täsin ylym. Adamzat Ýeriň tebigatynyň bir agzasy bolup, döräli bäri özüne berilen aňyň mümkinçiligine görä töwerekdäki hadysalara göz ýetirmäge ymtylyp gelipdir. Şol ymtylyşyň netijesinde-de her bir tebigy agzalaryň ownujak bölekleride, hadysalaryň üýtgeýişleri-de adamlarda özboluşly täsir galdyrypdyr, duýgy döredipdir.Şoňa görä-de adamlar öz ýaşaýan ýerlerindäki tebigy şertlere, agzalara, belli bir çäkdäki ýerli aýratynlyklara, olaryň tebigy özboluşlylyklaryny synlamagyň üsti bilen hut şol ýere mahsus at dakyp bilipdirler (çöl, sähra, takyr, tüm, tundyra-tündirä, tokaý we ş.m.). At dakmak diňe bir Ýeriň tebigatynyň agzalarynyň häsiýetli aýratynlyklaryna görä däl, eýsem,halklar, taýpalar hem bir-birlerine at dakypdyrlar. Belli bir topar adamlaryň, taýpalarynyň ýaşaýan ýerlerine olaryň ady bilen, hojalyk pudaklary bilen baglanşyklylykdaky atlary hem dakylypdyr. Käte tersine belli bir topar ilata olaryň ýaşaýan ýeriniň adynyň dakylyp pylan ýerliler (Änewli-Ab-e-now-täze suw) diýip taýpa-topar atlarynynyň döränligi hem mälimdir.

Müňlerçe ýyllaryň geçmegi bilen bir ýerde ýaşaýan halklar, taýpalar başga ýere göçüpdirler, ýerli taýpalar bilen garyşypdyrlar, bu hadysa bolsa öz gezeginde dürli dürli däp-dessurly, dürli durmuş-ykdysady derejeli halklaryň her bir ýerlere özleriçe at dakmaklaryny, şol atlaryň bolsa soňky gelen halkyň dilinde düşündirip bolmaýan nusgada saklanyp galmagyna getiripdir. Meselem “Farab”,”Saýrab” - (suw bölen-kesen, aýry suw) we ş.m. arap pars dilindäki atlar bolup araplaryň bu ýerlerde bolanlygyna şaýatlyk edýär. Şol atlar bilen atlandyrylýan ýerler bolsa Türkmenistanda ýerleşýär.

Asyrlaryň dowamynda, ýeterlik derejede çylşyrymly gelip çykyşy bolan, syrly, kä halatlarda düşündirmesi kyn bolan köp sanly geografik atlar emele gelipdirler. Şoňa görä-de olary öwrenmegiň zerurlygy ýüze çykyp, täze bir ylmy ugryň döremegine getiripdir.

Şeýle bolansoň “Geografiýa” diýp atlandyrylýan, örän giň mazmunly, ähli ylmy ugurlaryň gözbaşynda duran ylymdan toponimika (geografik atlar baradaky) ylym bölünip çykypdyr.

“Toponimika” sözi grekçe (topos) - ýer, belli bir ýer, we opita (onuma) - at, ýagny haýsydyr bir çäkli ýeriň geografik ady diýen mazmundaky goşma sözden ybarat bolup, ol atlaryň diňe geografiýa dahyllylaryny öwrenýän (beýleki hilli atlary öwrenýän umumy atlar baradaky ylyma “Onomistika” diýýärler) ylmy ugurdyr.

Geografik atlar - toponimler gelip çykyşlary aňladýan zatlary, mazmuny, dörän döwri, ady dakan halkyň dil aýratynlygy, tebigy hadysalara, ýerüstindäki aýratynlanýan birliklere - tebigy şertleriň agzalaryna düşünip bilişleri, olary sypatlandyrmaga bolan ukyplary we başga-da ummasyz köp sebäplere görä, örän dürli –dürli bolup bilýärler.

Bu barada biziň belli toponimçi alymymyz Soltanşa Ataniýazow “Geografik atlar halk döredijiliginiň özboluşly nusgasy bolup, her bir toponim ony döreden halkyň tebigata bolan synçylygynyň, durmuşa gözýetiminiň, döredijilik talantynyň, ylmy düşünjesiniň, fantaziýasynyň önümidir” (Türkmenistanyň toponimik sözlügi. Aşgabat-1970) diýip örän takyk belläpdir.

Toponimleriň kä birlerini yzarlap başlasaň, ol, özboluşly bir taryhy wakalaryň, hadysalaryň, içine alyp gitse, beýleki birleri tutuş bir halkyň taryhy geçmişi barada maglumatlaryň üstünden alyp barýarda, taryhy öwrenijilere kömek edýär. Ýene birleri ýerli tebigy şertleriň görnetin tapawudyny,ýa-da haýsydyr bir tebigy agzanyň belli bir çäkde agdyklyk edýän täsirini aňladýan ýa-da häzirki wagtda ol tebigy agza beýlekilerden tapawutlanmaýan bolsa-da, geçmişde bolan tebigy ýagdaýy suratlandyryp, tebigaty öwrenijilere örän gymmatly maglumatlary eçilýärler.

Şeýlelikde geografik atlar hem tebigaty öwrenijilere hem taryhçylara, etnograflara, dil bilimini öwrenijilere,bahasyna

ýetip bolmajak gymmatly ummasyz köp maglumatlaryň çeşmesi bolup hyzmat edýär. Bu ylmy uguryň ýene-de bir gymmatly tarapy onuň, gumanitar , jemgiýetçilik, we tebigy ylmy ugurlarynyň ortasynda durup olary baglanşdyryp duranlygyndadyr.

Birnäçe geografik atlar barada ulyly-kiçili rowaýatlary, kä birleriniň düýbinde örän gyzykly folklor (iňlisçe folklor-halk döredijiliginiň dilden-dile geçip gelen nusgasy) maglumatlaryny tapmak bolýar.

Şu gysga söhbedimizde, käbir toponimler baradaky edebi çeşmeleriň okalmagy, ýerli ýagdaýlary öwrenmegiň netijesinde alynan maglumatlary okyjylara ýetirsek diýen niýetimiz bar.

Bize öz atlarymyzy ýa-da geografik atlarymyzy ýoýman asyl nusgasynda "Aşhabad"-a derek Aşgabat, "Karakala" derek Garrygala ýa-da "Mahtumkula" derek Magtymguly diýmäge,ýazmaga, umuman ýerli geografiki atlaryň gelip çykyşy dogry teswirläp düşündirmäge ýol açan syýasaty öňe süren Türkmenbaşymyza diňe bir türkmen ilimiz däl,eýsem ähli türki dilli halklar,olar bilen taryhy döwürlerden bäri goňşylykda ýaşaýan halklar, bilelikde minnetdar bolmalydyrys.

Sebäbi geografik atlaryň dogry ýazylyp, dogry öwrenilmegi tutuş Ýewraziýa materiginiň taryhy geografik çeşmelerini dogry öwrenmegiň başlangyjy bolar.Bu guryýer böleginde ýaşaýan halklaryň, halkyýetleriň taryhy gatnaşyklaryndan köp habarlary berip, şu wagtky dartgynly, çekeleşikli hadysalaryň dowam edip günleri,olaryň bir-birine ýakynlaşmagyna, geçmişdäki dogan garyndaşlyk, gadyrly goňşyçylyk gatnaşyklaryň mysalynda, bir-birege geçirimliligiň, parhlylygyň ähmiýetleriniň ulylygyna düşünmäge kömek eder.

Toponimler-geografik atlar öwrenileninde tutuş bir halkyň-türkmen halkymyzyň däl-de, türki dilli halklaryň

kökününiň baryp bir ýere birleşýänligini görkezýän maglumatlary hem tapmak bolýar.

Toponimleriň birine siziň bilen bile seredeliň. Şu niýet bilen biz, Ýer ýüzüne belli, hemme ýerde ady uly hormat we sylag bilen tutulýan, asyrlar geçdigiçe ýigdelýän ähli özünden soňky ynsan nesline howandarlygy artýan bir şahsyýetiň şu ýagty jahana inderilen obasynyň,ýagny, Abu Ali Huseýin ibn Abdullah ibn Hasan ibn Alynyň-halk içinde Ibn Sinanyň, Ýewropada-Awisenanyň dogulan obasy Afşana ýa-da Afşinanyň adynyň gelip çykyşy baradaky maglumatlara seredeliň.

Diňe Merkezi (Orta) Aziýada däl,bütin dünýä ýüzünde gadymy merkezleriniň biri Mawrenahrdaky (Syr we Amyderýa aralygyndaky) Buhara säheriniň eteginde ýerleşen Afşana obasynyň adynyň gelip çykyşy baradaky rowaýata öwrülip giden maglumatlara L.G.Saladzanyň dünýäniň beýik ynsanlarynyň biri Ibn Sina (türkmenler bu belent adamyň adyny Abyl Esen diýip hem tutupdyrlar) barada ýazan kitabynda getirýän delilleriniň we maglumatlaryň üsti bilen yzarlajak bolalyň.Oňa goşmaça tassyklaýjy delilleri bolsa birnäçe beýleki edebi çeşmelerden, şol sanda W.W.Bartoldyň eserlerinden we E.Şeferiň işlerinden alyp ulanalyň.

Bu geografik at nähili syrlary asyrlaryň içinden geçirip, saklap, bize ýetirdikä? Gadymy geçmişde muňa meňzeş söz, geografik at, ýa-da etnonim halkyň, adamynyň ady boldymyka? Eger bolaýan bolsa ol nirede, haçan, nädip döredikä we nämäni aňladýarka? Şu soraglara jogaplary tapyp bilsek azabymyzyň ýerine düşdigi bolardy.

Afşana adynyň döremegine örän çuň we çylşyrymly taryhy wakalary öz içine alýan rowaýatlar bolup, olar biziň eramyzdan (sena başlangyjyndan-eýýamymyzdan) öňki 1764-nji ýyllardan başlanýar. Biziň eramyzdan öň 1764-nji ýylda hunlar güýçli daşky duşman bilen bolan söweşlerde ýeňilise sezewar bolýarlar. Olaryň gyrylman galan az sanly bölegi, kemeldilen halda, arkalaryny duşmana öwürip, Gobi çölünden

geçip, Sibiriň günortalaryna gitmäge mejbur bolupdyrlar. Ençe ýüz ýyllar şol ýerlerde güzeran dolap biziň eramyzdan öň IV asyrda has güýçli topar bolup ýene-de öňki giden ýurtlaryna gaýdyp gelipdirler. Şondan soň ,ol ýerlerdäki beýleki halklaryň arasynda gysylyp girmek üçin ýene-de iki ýüz ýyl (200 ýyl) töweregi wagt gerek bolupdyr. Şondan soň iň oňat, akylly edermen, gahryman hunnuň dogulmagyna garaşmaly bolupdyrlar.

Şol wagtky hunnlaryň hany Tumyn goňşylary ýueçjelere (şu halkyň ady hytaý hronikasy-hytaý çeşmesinde berilişine görä berilýär. Tumyn hanyň halkynyň haýsy topara-taýpa (hunnlaryň haýsy bölegine degişliligi) belli däl. Olaryň öz atlary saklanyp galmandyr. Olaryň neslleri ýewropeid, ýagny, gök gözli, sary saçly bolupdyrlar diýen maglumat bar) üç ýyllyk öz ýurdyndan gideninde yzynda doglan ogly Modeni ýueçjelere girewine berýär. Onyň yzysüre-de olaryň üstüne gozýar. Bu hili hereket bolsa Modeni öldiren bilen barabar (eken) bolupdyr. Emma Mode bir hili saý-sebäp bilen ölmän galypdyr. Şondan soň Mode goşunlaryna garap “Meniň ýaýymyň oky nirä uçsa siziň hem oklaryňyz şol tarapa uçmalydyr”diýip, özüniň iň oňat görýän atyny nyşanalap atypdyr. Duranlaryň köpüsi ýaýlaryny götermändirler. Mode olary jezalandyrypdyr. Soňra öz aýalyny ýaý çekýär, onda azyrak adamlar ýaýlaryny galdyrmaýarar, Mode bulary hem jezalandyrýar. Iň soňunda Mode öz atasy Tumine ýaý çekýär, şol wagtyň özünde-de galan topar esgerler hem ýaýlaryny çekýärler. Rowaýatdaky bu waka han bilen goşunuň bir bütewiligini suratlandyrmak üçin getirilen bolmaga çemeli. Tumini öldirjek bolsalar bir ýaýyň okyda ýeterlik bolardy, eger şeýle edilse, onda goşunyň içinde kimiň Mode wepalylygy kimleriň bolsa biwepalygy bilinmän galardy. Bu bolsa Modeniň soňky hereketlerine päsgel bermegi mümkin bolan zatlaryň ýüze çykmagyna getirerdi.

Ynha şeýdip Iň Oňat Hunn döräp, ol daşky duşmanynyň hem güýçlerini çym-pytrak edip, öz halkyna, öz watanyna

Nýanşan daglaryny gaýtaryp berýar. Ol biziň eramyzdan oňki 202-nji ýylda öz goşuny bilen Beýik Hytaý diwaryndan geçip daşky duşmanlary uruşsyz boýun egdiripdir we paç tölemäge mejbur edipdir. Beýle diýildigi ol duşmanlar Modeniň goşunynyň ýeňdirmejegine gözleri ýetip gyrgynçylygyň we ýumurulyşygyň önüni almak üçin boýun bolup, paç tolemäge razy bolupdyrlar.

Mode bolsa tölenen pajyny alyp yzyna tiz dolanypdyr. Onuň hem sebäbi, agyr leşger bilen baý ýurtda köp dursa,talaňçylyk boljagy iki uçsyz bolanlygy bolupdyr, ýagny öz goşunyna Hytaý halkyna talatman, ýönekeý halka azar-yza bermän basyp alan ýurdyndan çykyp gaýdypdyr. Ýerli halky talaňçylyga sezewar etmezlik üçin Mode öz goşunyny tiz yzyna dolapdyr. Bu boluşy diňe sähralylaryň aňrybaş adamkärçiliklilikleriniň, sahawatlylyklarynyň ýene-de bir şaýatnamasy diýip düşindirmek bolar. Şeýlelikde hunnlar Beýik Sähanyň galkany bolup, ol ýerlerdäki halklary daşarky talaňçylardan,ýyrtyjy ordalardan gorapdyrlar.

Emma biziň eramyzdan öň 176-nji ýylda Beýik hunn Mode aradan çykanyndan soň daşary ýurtly basybalyjylar hunnlara 26-ýyllap tölän paçlarynyň aryny almaga başlaýarlar we 100 ýylyň dowamynda gyrgynçylykly uruş alyp barýarlar. Hunnlaryň bu söweşlerde güýji isgyn bolupdyr we duşmanlar tarapyndan gyrylyp gutarylmagyna ýakyn gelipdir. Altaý daglarynyň jümmişinde gizlenip galan hunnlaryň ujypsyz bölegini-de duşmanlar yzarlap tapyp ýok edipdirler. Emma bir oglanyň elini aýagyny çapyp,öldürmän taşlap gidipdirler. Ol oglany bir ene böri (gök böri-möjekleriň iň iri,akylly görnüşi) tapyp, idedýär. Ol ene böri bilen oglanyň “Nikalary”netijesinde,ol böriden on (10) ogul dogýar. (L.Saladze. Ibn sina, sah 38,A.Bekmyradow, Göroglynyň yzlary,sah.27). Şol gök böriden (möjekden) bolan on oglanlaryň biri has güýçli we edepli bolýar. Şolardan hem hunnlaryň täze Aşik atly halky başlanýar.

Hytaý dilinde “A”-adyň öňünden goşulýan goşulma bolup, ol sahawatlylygyň alamaty-aňladyjysy bolýar, ”şino”-sözi bolsa türkmençä möjek - böri diýip terjime edilýar, şeýlelikde Aşino-Sahawatly möjek (böri) diýen manyny berýär.

Bu oglanlaryň nesilleri Aşinler 200 ýyl gowrak Altaý daglarynda önüp-ösüp köpelipdirler we biziň eramyzdan 316-nji ýylda gaýtadan dikeldilen hunnlar ýene-de daşky duşmanlar bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar we Beýik Sährany goraýjylaryň wezipesini öz üstlerine alypdyrlar. Olar daşky duşmanlaryň iki paýtagtyny basyp alyp olaryň imperatorlaryny-da ýesir alypdyrlar, olaryň goşunlaryny Huanhe derýasyndan Ýanszi derýasyna tarap kowýarlar.

Şol guwandyryjy hadysalardan 123 ýyl geçeninden soň 439-ýylda daşky duşmanlar has köp we güýçli goşun toplap iň soňky Hunn hany Muganyň goşunyny ýeňlişe sezewar edipdirler. Şondan soň Aşin han, hunlaryň serkerdesi Mugan Nanşan daglarynyň jümişindäki bir derede-jülgede gizlenen bary-ýogy 500 maşgala baş bolup: ”Ilimi nirä äkitsemkäm” diýip pikirlenmeli bolýar. Şol wagt ol gaçgak gullary, tozdyrylan beýleki halklardan bolan maldarlary daşyna toplap güýçli goşun döredip, daşky duşmanlaryň güýjini ýok edip hem biljek eken. Emma ol güýji döredäýse, olar töwerekdäki taýpalary talap wagşyýana hereketleri bilen sahawatly Hunn-Aşin halkynyň adyna, öz adyna-da yskat getirjegini bilip, ol ädimi etmändir,saklanypdyr.Ýene-de bir çykalga,ol hem duşmandan aman diläp, onyň diýenini edip ýaşamak.Eger şeýle edäýse, daşky duşmana iň oňat ýigitlerini olaryň goşunçylygyna galan halkyny bolsa olaryň hyzmatyna bermeliligini bilip, ol ýoly hem kabul edip bilmeýar, ýagny, öz eli bilen öz halkyny gulçylyga,ýok bolup gitmäge sezewar etmäge bogny ysmaýar.

Şu hili pikirleri telim gezek kellesinde öwüren Aşin hany örän uly gahrymançylykly hereket edýär. Daşky duşmanlarynyň Nýanşan dagynyň töweregini gabap duran

gözegçileriniň gözlerinden ýaşyryklykda öz halkyny daşky duşmanlaryň entek baryp bilmejek Altaý daglaryndaky hunnlaryň imperiýasynyň şugla saçýan iň soňky bölegine tarap alyp geçmäni başarypdyr.

Şu ýerde Altaýda mylaýymlylygyň, çydamlylygyň, zähmetsöýerligiň, gahrymançylyknusgasyny görkezip Aşin halky ikinji gezek gaýtadan döremeli bolýarlar. Ýuwaşlygyň,mylaýymlygyň nusgasyny görkezmekleriniň sebäbi sähranyň täze hojaýyny başbilmez Žužan Ordasynyň hereketlerine çydamlydygy, zähmetsöýerligiň nusgasyny görkezmek diýilende,ozalky adaty hünärleri çarwadarlygyň ýany bilen,ekarançylygy hem metal eretmekligi öwrenip çörek gazanmaly bolupdyrlar.

Aşinler ilki 50 ýyl Žužanlaryň saýasynda olara gylyçdyr ýaý okunyň uçlaryny guýup, ýasap berip ýaşapdyrlar. Soňra daşky duşmanlary öz çäginden çykarman saklap bilen hytaý ýüpegine öz mallaryny çalşyp parahat ýaşýan Tele halky talaňlara ymtylýan Žužanlary gysyp Huanhe darýasynyň goşantlaryndan Nýanşandan uly tigirli arabalara goşlaryny ýükläp göçüp Altaýa gelen Tele halkynyň saýasynda altmyş ýyl parahatçylykda ýaşapdyrlar. Tele halky parahatçylyk söýüji türki halk bolupdyr.Aşinler bu halkyň türki diliniöňki sýanbiý dillerine derek, medeniýetini,kanunlaryny, etniki şekil aýratynlyklaryny özlerine siňdiripdirler we özleriniň täze atlary-týurkýutlar diýenady hem alypdyrlar (L.Soladze,39 sah.). Şu ýerde bu halk örän uly güýç döredýär şoňa göräde”Güýçli”gady “Týurk”diýen ady alypdyrlar diýip ýazýarlar. Olaryň güýçli bolanlygynyň şaýat hökmünde şu hadysalary,ýagny şol döwrüň iň uly döwletleri bolan ýurtlar Hytaý we Eýran öz ilçilerini Aşinlere iberip aragatnaşyk saklamaga ymtylypdyrlar, 553-njiýylda týurkýut aşinler Žužanlaryň garşylygyny syndyryp(öňki Beýik Sähranyň eýesi we hemme halklardan öz resmi adynyň bolmagyny talap eden-tele-aşinlere-de týurk düýp sözüň yzyna sýanbiý diliniň”ýut”goşulmasyny goşduran Žužanlaryň)Hingana

Amur derýasyna çykýarlar. 558-nji ýylda bolsa Itil-Wolga derýasynyň çep kenaryna gelýarler. 568-nji ýylda Buharanyň eteginde Sogdiana (Ibn Sinanyň (geljekki) watany) ugrundaky eftalitleriň garşysyna söweşi başlaýarlar. Uruş sekiz gün dowam edipdir, boýun egmezekler boýun egmezekleriň garşysyna çykýarlar. Eftalit halkynyň adynyň gelip çykyşy (eftalitler Sogdylaryň ata babalary) barada alymlar (1959-nji ýyla çenli) ýüz elli ýyl iş edinipdirler. Ahyrda-da A.Semenowyň, Neldekäniň, Gutşmidtiň, L.Gumileriň we beýlekileriň irginsiz zähmetleri, tagallalary bilen eftalitleriň hem týurkýutlaryň hem damarlarynda şol bir gan”tele” halkyna degişli boýun egmezlik “di” ”çidi” taýpalarynyň ganlary akýar eken.Ýöne eftalitler günortadan-demirgazyk Hytaýdan biziň eramyzdan öňki VII-asyrda gysylyp çykarylan Çidiler. Pamir töwereklerine biziň eramyzdan öňki XXV asyrlarda gelen ariýler (eýranyň asly halky) bilen garyşypdyrlar we Eftal derýasynyň jülgesi bilen Sogda (ýuegžeýleriň garşylygyny syndyryp) eňipdirler. Abu Ali Ibn Sina dogmazynda 400 ýyl ozal eftalitleriň patyşasy Kidarýa öz paýtagty edip Bolo (Balh) şäherini saýlapdyr.

Bu iki halkyň gelip çykyşlarynda bir tapawut,ol hem, týurkýut-aşinleriň damarynda gadymy hunnlaryň hem ganynyň barlygydyr.

Buharanyň eteginde 8 güne çeken uruşdan soň Týurkýut-Aşinler Sogdiananyň eýesi bolup Merkezi Aziýada hunn gany bolan aşinleriň-týurkýutlaryň döwleti ykrar bolýar. Şol aşinler öz şäherlerini “Aşin”diýip öz halklarynyň ady bilen atlandyrandyrlar diýilip çaklanylýar. Bu söz diňe şu teswirde düşnikli bolýarda horezmi ýa-da sogdi (terminlerinde) sözlerinde entek ony düşündirip bilýan,görnüşde ýa-da mazmunda söz duşmaýar.Buharanyň eteginde “Týurkan” ady bilen belli ýene-de bir oba bar. Belkem bu iki gadymy ýurtlaryň (ilat ýaşaýan ýer manysynda) bir bütewi taryhy bardyr? Günbatar Týurk-Aşina halkynyň VII asyrdaky hany Helu baradaky maglumata

E.Şeferiň işlerinde duşmak bolýar.Ynha şu rowaýatdan we taryhy çeşmelerden şaýatlyk etmeginden ugur alsak bir obanyň Aşin-Afşana obasynyň (häzirki wagtky) adynyň, ýagny bir geografik adynyň gelip çykyşynyň nähili taryhy-geografik gürriňi bar eken. Şonuň üçin hem geografik atlar öwrenilmeklerine mynasypdyrlar.

## 3. Medenýetli halklaryň geografik düşünjeleri we olaryň dörän sebitleri. Medeniýet näme?

Şu wagtky zamanda Eýran, Owganystan, Türkmenistanyň günorta bölegine girýän taryhy geografiki ýerleriniň düşünjesi barada maglumatlaryň esasy çeşmesi Isidor Horakskiniň “Dorožnik” (Ýolagçy). Emma şu çeşmeden başga-da taryhy geografiki we etniki taryhy awtorlaryň ýene-de birnäçe maglumatlarynyň esasynda Parfiýa döwletiniň ýokarky häkimlikleriniň ýerleşmeginiň hakykylygyny göz öňüne tutup bolar.

Isidor Harakskiniň ugry Kaspi derwezesinden Orohosiýa çenli 12 welaýatlary tutýar. Şol sebäpli başga antik awtorlaryň eserlerinden bu welaýatlar baradaky maglumatlaryny biz ýol ugrunyň gidişine görä ýerleşdirýäris. Şu maksat bilen Flawiý Drianyň, Diodor Sissiliýskiniň, Strabonyň, Uly Planiniň eserlerinden peýdalandyk. Bu – Eýranyň, Owganystanyň, Orta Aziýanyň milletleriniň taryhy geografiýasynyň esasy çeşmeleri, az-kem maglumatlar başga awtorlarda hem bar.

Pompeý Troga-da, Polibiý-de, Plutarh-da, Kwint Kursiý Rut-da we Ammian Marselinde has gadymy maglumatlar – Affianyňky we Kursiý Rufuňky, çünki olar eden ýörişi taryhdan, taryhçylardan başlanýar. Arian we Kursiý Rutdan başga, sanalan awtorlaryň sitatalarynyň esasy hronologiki ýagdaýda berýaris.

Isidor Horakskiniň marşrutyna laýyklykda, biz maglumatlary indiki tertip boýunça ýerleşdirdik. Ilki Parfiýa döwleri barada we Kaspi derwezesi barada, soňra gidýan welaýatlary: Horaena, Komissena, Girkaniýa, Astauena, Parfiena, Apawarktikena, Margiana, Ariýa, Anauon, Jarangiana, Paraýtagena, Parapanisadlar we Gedrosiýa "Dorožnikde" bellenilip geçilmedikleri barada aýdyp geçmeli, emma başga hemme eserlerde olar bar. Şol sebäpli, biz ol welaýatlary Parfiýanyň ýokary welaýatlarynda alyp galdyk.

## 4. Has gadymy medeniýet merkezleri

1. Pliniý: "Jemi 18 parfiýa patyşalyk (hökümdarlyk) bar, şeýle diýlip, iki deňziň arasynda ýerleşýän welaýatlara diýilýän Gyzyl – gűnortada we Girkan – demirgazykda Ýokarky diýip atlanýanlaryň 11-si Ermenistanyň serhedinde we Kaspi deňziniň kenarynda başlanýar, olar ýaşaýyş ýollary eýýam şu taýda tapýarlar. Galan 7-si aşaky diýip atlandyrylýar" (IV 29,1).

2. Ptolemeý: "Altynjy kitap şundan ybarat: Beýik Aziýanyň ýerleri barada, ýagny: Assiriýa, Suziana, Midiýa, Persida, Parfiýa, çöllük Karmaniýa, Bagtly Arawiýa, Karamaniýa, Girkaniýa, Margiana, Baktriana, Sogdianlar, Sarlar, Imaý daglarynyň arasyndaky Skifiýa, Imaý daglarda dal Skifiýa, Serika, Ariýa, Paraponisadlar, Drangiana, Arohosiýa, Çedrosiýa barada (VI.0)".

3. Ammian Marsselin:"Witanslaryň häkimlik edýän, ýagny otly goşunyň atbaşylary patyşalar we hökümdarlyk edýän – galan kiçileri sanap çykmak kynrak boljak, hökmana däl. Pars welaýatlary indikiler: Assiriýa, Suziana, Midiýa, Pars, Uly Karmaniýa, Girkaniýa, Margiana we Baktriýalaryň, Sogdianlaryň we Saklaryň ýerleri, soňra bolsa Imaýyň ol tarapyndaky Skifiýa we şu daga çenli, Serika Arhiýa,

Parapamisadlar, Drangiana, Arahosiýa we Çedrosiýa (XXIII, 6, 14).

4. Arrian: “Isgender ýaly gitseň bir günlük ýol aralykda Kaspi Derwezesinde duran Ragi … Onuň özi bolsa parfiýalylara tarap ugrady: birinji gün Kaspi derwezäniň ýanynda lager bolup ýerleşdi, ikinji gün derwezeden geçip, öňe ugrady (II, 20, 2-4)”.

5. Strabon:”Girkaniýa Tapaň paýtagty, aýdyşlary ýaly, Kaspi Derwezesinden 1400 uzaklykda (stadiýada) az-kem ýokarda ýerleşen (XI, 7,2)”.

“Apollodoryň aýdyşyna görä, Kaspi derwezesinden Raga çenli, 500 (stadiýa) uzaklyk, parfiýalylaryň paýtagty – Gekatompila – çenli hem – 1260 (XI, 9, 1). Şäher (Ragi, ony parfiýalylar Arsakiýa diýip atlandyrylan) çen bilen Kaspiý derwezesinden günortadan 500 uzaklykda ýerleşýär (XI, 19,6)”.

6. Pliniý: “Geçelge derweze diýip atlandyrylýar, ýagny dag jynslary diňe bir dar, insiz ýol bilen bölünýär, şol ýoldan diňe araba geçip biler. Onuň uzynlygy 8 müň ädim (6-7 km-e golaý) we durşuna el bilen edilen (adamlar bilen) (VI, 17,1)”.

“Şol ýerde parfiýalylar (ýa-da prestiler) ýaşaýarlar, olar ýene-de ýol boýundaky diýip atlandyrylýarlar, sebäbi Kaspi Derwezesi olaryň eýeliginde bolan. Derwezeden çykan ýeriňde kenara çenli ýanaşýan Kaspi tirasiniň arasyna düşýärsiň: bu derwezä we deňze at beren … Şu geçlege Beýik Isgenderiň ýörişiniň beýan edilşinde aradaky uzaklygyň sanawynyň başlangyç ýeri” (VI,17,3).

7. Ammian Marselin: “Şu soňky ýerden (Gekatompiladan – I. H.) Kaspi deňziň kenary boýunça Kaspi derwezä çenli 1040 (stadiýa) uzaklyk hasap edilýär” (XXIII, 6,43).

8. Starbon: Parfiýa döwletiniň düzümine komisena we Horena girýär, edil şonuň ýaly, öň Midiýa degişli Kaspi

derwezäniň hemme welaýatlary diýen ýaly, Raga we topirlewriň ýurtlkaryna çenli (XI, 9,1).

9 Pliniý: ”Başga tarapda (Kaspi dewezäniň) Parfiý çöllükleri we Sçiten daglary gidýär, soňra bolsa Parfiýanyň gelşikli, gözel ýerleri gidýär, dag Hoara diýip atlandyrylýarlar. Bärde 2 Parfiýa şäherler … Gekatompin Parfiýanyň oaytagty, (Kaspi) derwezeden 133 müň ädim daş, şol sebäpli, Parfiýa döwleti hem derwezeler bilen ýapyk” (VI, 17, 2).

10. Ptolemeý: “Girkaniýanyň ýanynda Parfiýanyň bir bölegi Komissena diýip atlandyrylyär, onuň çala ýokary bölegi bolsa – Parfiýena, soňra Horoana we Paratautekena” (VI, 5, 2-3; jemi – E. A. Honçadskiý).

11. Strabon:

12. Ptolemeý:

13. Arrian: ”Girkaniýa… Baktriýa gidýän ýoluň çep tarapynda ýerleşýär. Ony beýik daglar ýapýar; onuň aňyrsyndaky düzlükler beýik deňze çenli uzalyp gidýär. Isgender Girkaniýa ugraýar. Ilkinji daglardan aşyp… (soňra) jülgeden geçip… Isgender Girkaniýa ýola düşüp, girkanlaryň şäheri Jadrakarta ugrady. Jadrakarta Girkaniýanyň iň uly şäheri, şol şäherde hem patyşanyň köşgi ýerleşýärdi. (Girkaniýadan) ol parfiýanlylara tarap ugrady, aňyrdan bolsa Aziýanyň serhedine …” (III, 23, 1-6;25,1).

14. Kursiý Rut: ”Isgender öz atly goşuny bilen we birnäçe hatardan ybarat gyslyşyp nyzama duran pyýadac goşuny bilen 150 uzaklygy geçip, Girkaniýa golaý düzlükde ýerleşdi” (VI, 4,3). “Patyşa bolsa hem ýoluny dowam etdi… Ilatyň söweşjeňligi we bu döwletiň tebigatynyň geçmesiniň kynlygy patyşanyň ünsüni tijetdi. Kaspi deňzine çenli ýetýän bu giň düzlük, oňa iki dag şahalary girip gidipdir. Şol ýerde patyşa tokaýly geçip bolmajak ýollardan geçip, 20 uzaklygy öňe süýşdi; derýalar we suw joşgunlewry onuň ýluny kynlaşdyrdy… Bol bolan başga iýmitlerden daşary bu ýurtda ir-iýmiş baglary hemn kän, üzüm ösmek üçin gowy topargy

bar. Bärden gaýdyp, Isgender ýene-de 30 uzaklyga süýşdi we … Arwy şäherine süýşdi, golaýlady.” (VI, 4, 14-23). “Patyşa eýýäm Girkaniýanyň çetindäki etraplara girdi” (VI, 5,1). (Mard tirelerini basyp alansoň) tiz wagtda Dariniň köşgi ýerleşýän Girkaniýa şäherine golaýlady. (VI,5,22). “Soňra… Isgender Parfiýa tarap ugrady”. (V, 5, 32).

15. Diodor: ”Isgender Girkaniýa ugrady we 3 gün ýoldan soň Gekatompil diýen şäheriň ýanynda ýerleşdi.”. (XVII, 75,1). “Isgender goşuny bilen, güýç bilen Girkaniýa girdi we şu ýurduň hemme şäherlerini basyp aldy, Kaspi deňzine çenli, ony kämahal Girkan deňzi diýip hem atlandyrýarlar” XVII, 75,3

“Girkaniýanyň kenaryndan gidip, Isgemder mard diýen milletiň ýurduny basyp aldy” (XVII, 76,3).

16. Plutarh: ”Täze gujurly goşuny bilen ol Girkaniýa girdi; bärde deňziň aýlagyny gördi, ol Pontdan kiçi däldi… “Deňiz materige 4 sany aýlag bilen girýär, bu bolsa iň demirgazykdaky ol we Girkan, Kaspi deňzi diýlip atlandyrylýar” (Isgender, 44).

17. Strabon: “Girkaniýa … hakyky we iň köplenç bu düzlük ep-esli şäherdi. Olaryň sanyna Talabrana, Samariana, Karta we Tapa paýtagty girýär. Aýdyşlary ýalky, soňky deňizden birnbäce ýokarda ýerleşen (günortarak – I. 4), Kaspi deňizden 1400 uzaklykda” (XI, 7,2). “Girkaniýanyň içinden deňze girýänça Oh we Oks derýalary geçýär” (XI, 7,3).

18. Polibiý:”Patyşa (Antioh) çöllükden geçip, Gekatompin diýen şähere çenli ýetrdi. Ol Parfian jümmüşinde ýatyr we dürli taraplardan gelýän ýollar sepleşýänleri sebäpli, öz adyny aldy.” (X, 28,7).

Çirnik şäheri Tambarkdan ýakynda ýerleşýär. (şäher goranmak üçin berkidilmedik, emma giň we patyşanyň köşgi bilen), Sirnik şäheri goranmak üçin berkidilenligi sebäpli we başga-da üpjünçilik üçin Girkaniýanyň paýtagty bolup durýar. (X, 91,5-7).

19. Pliniý:”… soňra bolsa trela gidýär: tapirler, anarianlar, stawrlar we girkanlar, olaryň kenaryndan ýaňky Sibera derýadan, Kaspi deňzi Girkaniý deňzi diýlip atlandyrylýar. Siberň başga tarapoynda ýene-de Haksir we Strat diýen derýalar bar; Olaryň hemmesi Kawkazdan aşak akýarlar” (VI, 18,1).

20. Ptolemeý: ”Hibiýa çäginden we Oksuň başlangyç ýerinden uzalyp gidýän Girkaniýa, demirgazykdan Girkan deňiz bölegi bilen çäklenýär. Şu bölekde ýerleşýärler: şäher Saramanna, Haksera derýanyň aýagy, Sokanda şäheri we soňra Oksuň aýagy. Günbatarda Hibiýanyň belli bölegi bilen Koran daglaryna çenli çäjklenýär. Günortada Parfiýa bilen, Koran dagy boýunça belli serhetde: gündogarda – Margiana bilen, ýokardaky sanalyp geçilen serhet şäherlerini birleşdirýän dagly ýurt. Girkaniýanynň deňiz boýundaky etraplarynda maserler we astauenler ýaşaýar. Hakserleriň aşagynda hrindler ýaşaýar, Korona dagyna çenli Arsitis diýen ýer ýerleşýär we astauenleriň aşagynda Sirakena ýeri. Girkaniýanyň içki şäherleri: Boranga, Abransa, Kasana, Abardina, Sorba, Sinaka, Amaruza, Girkaniýa – paýtagt, Sali, Osmurna, Maisoka (VI, 9, 1-7)”.

21. Ammian Marselin № 7: ”Kamaniýadan materigiň içinde girkanlar ýaşaýar, ýaşaýan ýerlerini ol atly deňiz ýuwýar. Şu wagt iki sany ady belli derýa bar: Oks we Maksera, ol derýalardan käwagtlar gaplaňlar ýüzüp geçýärler. Atlary kän bir belli däl köp şäherleriň arasyndan girkanlarda iki sany ady belli deňziň kenarynda ýerleşýän iki sany şäher bar: Sokand we Saramanna; galanlary ýurduň içinde ýerleşýärlaer; Asmurna, Sala we olardan has belli – Grikana” (XXIII, 6,50, 52).

## 5. Gadymdünýä döwürdäki materialistik düşünjeler

Gadymdünýä taryhy döwürdäki tebigata akyl ýetiriş Ýer togalagynyň dürli ýerlerinde dürli hilli bolupdyr. Onuň şeýledigine Hytaýyň,Hindistanyň, Merkezi Aziýanyň, Messopotamiýanyň, Müsüriň çäklerinde oturymly halklaryň emele gelmegi we olaryň önümçilik usullarynyň dürli bolmagy şaýatlyk edýär. Häzirki zaman ylymyndaky ulanylýan edebiýat çeşmelerinde gadymy dünýä degişli esasy maglumatlar Ýewropada Kabul edilen nusga boýunça öwrenilýär. Şoňa laýyklykda materialistic düşünjeleriň Ýewropa aralaşan ilkinji nusgasy Müsürden getirilen hasaplanýar. Muňa subutnama görnüşinde gadymy Millet şäherinde Falesiň mekdebiniň döreýşini mysal getirmek bolar. Gadymy Gresiýada mundane başgada örän köp dürli mekdepleriň döremegi hem-de alymlaryň öz düşunjelerini ýazyp bize miras goýan maglumatlary esasy goldanma bolup hyzmat edýär. Olardan birnäçesiniň ýazyp galdyran işlerine üns berilse oňat bolar.

Strabon: “Parfiýa uly däl. Onuň boşlugynyň ähli ýeri gür tokaýly, dagly, garyp, şol sebäpli patyşalar öz goşunlaryny basym geçirip gidýärler, ýagny bu ýurt olary gysga wagtlaýyn-da ekläp bilmeýärdi” (XI 9,1).

Pliniý: ”Parfiýanlar barada aýtsaň, Parfiýa elmydama aýdylan daglaryň eteginde ýerleşýärdi. Ony hemme şu tireler gurşap alýandyr:… (Parfiýanyň) ortasynda – Gekotompil, hökümet baştutanyň ýaşaýan ýeri Arşaka we Parfiýena ýerdäki ady belli Niseýa hem onuň baştutanynyň adyny göterýän Aleksandropol ” (VII 29,2).

Ptolemeý: “Parfiýa günbatarada ýokarda aýdylyp geçen Midiýanyň bölegi bilen serhetdeş Koran dagyndan deňeçerlik çyzyk boýunça gidýän – Girkaniý demirgazyjda, gündogarda Aziýa bilen ýokarda aýdylan ülkeden Mistoroma dagyndan geçýän … günortada – çöllük Karmaniýa bilen

daşynda duran ülkeleriň birleşdirýän çyzyk boýunça Porhoatra daga çenli.” Girjkaniýanyň ýanyndaky Parfiýanyň bir bölegi Komissena diýip atlandyrylýar, Ondan ýokardaky bölegi – Parfiýenanyň, soňra – Hoarena we Paratautikena ondan soň Karmaniýanyň ýanynda – Tibikena, ýanynda duran Sabid şäheri. Parfiýanyň şäherleri we obalary: Abrodaks, Oýnuniýa (ýa-da Sinuniýa), Koribrakagala, Roara, Sutta, Arakiýena, Dordomana, Gekatompil – paýtagt, Sidnaga, Parbara, Midiýa, Haraks, Apomes, Asna, Semina, Moriha, Tastaha, Armiana, Hoara, Pasakartiýa, Rudo, Limpsimida, Artakana, Apta, Ragaýa” (VI, 5,1-4). (terjime – E. A. Monçadskaýa).

Ammian Marsellin: “Parfiýa bilen parfianlar serhetdeş, olar garly we gyrawly ýerde ýaşaýarlar. Ol ýerde Hroatr diýen derýa geçýär, başga derýalara garanyňda suwy bol. Şäherleriň arasynda iň ady belliler-Meziýa, Harana, Abamiýa we Gekantompil. Şu soňky ýerden Kaspiý deňziniň kenaryndan Kaspiý derwezä çenli 1040 uzaklyk diýýip hasap edilýär”

Strabon: “Aziýa we Margiana Aziýanyň şu böleginde iň güýçli we kuwwatly ýurtlar. Daglar düzlükler we olary suwarýan Ariý we Marg derýalary akýar.”

Pliniý: “Ondan soň Margiana diýen ýer gidýär… Ol 1500 uzaklyk daglar bilen gurşap alnan we 120 müň ädimlik çölüň onuň daşyna alyp durany sebäpli şol ýere barmaklyk kyn. Ol Parfiýa welaýatyndan welaýatyndan garşy dur we Isgender onuň içinde Aleksandriýany gurdy. Haçanda ony pes medeniýetli gelmişekler weýran edenlerinde ony şol öňki ýerinde Sewligiň ogly Antoh täzeden gurýar, Siriýa meňzeş ody ýatladýar. Mar derýanyň goly, Zotaletde birleşýäni üçin, onuň üstünden ýanýany sebäpli ol ony Selewkiýa diýip atlandyrdy. Şäheriň töweregi 70 uzaklygy tutýar.”

Ptolemeý: “Margiana Günbatarda Girkaniýa bilen çäklenýär: Demigazykda Oks derýanyň aýagynda Baktriýaň serhedine çenli çekilen Siriýaň bölegi bilen … günortada – Aziýaň bölegi bilen… gündogarda – Baktriýaň bölegi bilen.

Bu ýerden uly derýa geçýär – Marg… Oksyň ýanynda ýerleşýän ýerlerde derbekler ýaşaýar, olardan aşagrakda – massagetler, olardan aňyrda parnlar we daýlar. Olaryň aşagynda Margianaň çöllügi ýatyr. Şu çölüň gündogarynda – tapurlar. Bu ýeriň şäherleri: Ariana, Sena, Arata, Argadina, Ýassona, Reýa, Antiohiýa Margianskaýa, Guriýana, Nissaýýa”.

Arrian: “ Girkaniýadan Isgender parfianlara gitdi, ol ýerden bolsa Aziýanyň serhedine onuň hökümdary Satibarzanyň ýanyna geldi. Ol ariýleriň ýaraglandyryp olary Artonoanna şäherinde ýygnady. Şeýlede gumyň içinde ýitip giden guramaýan derýalar akýar.“ (IV, 6, 6)

Diodor: “Çogon giden goşunlaryny Ariýanyň hökümdary Satibarzan gyryp çykypdyr. Aleksandr onuň garşysyna gidýär. Sapibarzan öz goşunyny Hartakana şäherinde ýygnaýar.” (XVII, 78, 1 )

Strabon: № 32 “Girkan deňzinden Aziýa çenli 6 müň geçelge”. (XI, 8, 1). “Baktriana hem Aziýanyň demirgazygynda Ariýalardan aňyrda Parfianlar ýaşaýar. Isgender ilki Ariana geldi, soňra dranglaryň ýerine, ondan soň emergetlere bardy.” (XV, 2, 10).

Pliniý: “Köp kişi Indiýanyň Günbatar serhedi däl diýjek bolýar, hemde şu ýere ýenede dört häkimligi goşýarlar, ýagny gedroslary, arahotlary, arileri we parapamisaglylary. Maldarlar esasy iki derýaň ýanynda toplanan Toňderon we Arosab bärde Artokany şäheri we Ariý derýasy tapylýar. Bu şäheriň 30 stadiýa göwrümi bar.” (VI, 25, 2).

Ptolemeý: “Aziýanyň çäkleri Demigazykda Baktriýa bölegi 3… Günbatarda Parfiýa we Karmaniýa çöllügi, Günortada Dragiana, Gündogarda Parapamisadlaryň ýurdy. Ýurdyň içinde Ariýa derýasy akýar. Onuň başlanýan ýeri Safir daglary. Ariýada ýerleşýän şäherler we obalar: Disda, Nabaris, Tawa, Agura, Bitaksa, Sornagana, Sifara, Bogadiýa, Warna, Godana, Orfiana, Taukiana, Astanda, Aleksandriýa,

Kapatana, Kaska, Sateýra, Orbitana, Nisibis, Parakanaka, Sariga, Darkama, Kotana, Jimira”. (VI, 17, 1-8)

Ammian Marselin: “Seramida soňra Aziýa ýanaşýar. Ol ýerlerden Ariý atly derýa akýar, ol bolsa Iol atly uly köli emele getirýär. Bu ýurtda kän şäher bar, olardan has ady belliler Witasa, Sarmatina, Sofira, Nizibis we Aleksandriýa.” (XXIII, 6, 69)

Isidor Harakistiden başga antiki awtor bu ýer barada hiç hili maglumat berenoklar. Ptolemeý bu ýurduň ýerini Parfiýa döwletine goşýar.

Arrian: “Ol öz goşuny bilen Jaranglaryň (Ariýadan) ýerine gitdi we patşanyň köşgüne çenli ýetdi.” Folituň dildüwüşligini basyp, Bessyň üstüne Baktriýa gitdi, ýol ugrunda draglary we gadoslary boýun egdirýär43. Diodor: “Soňra bolsa Aleksandr 30 günüň içinde hemme häkimligi basyp alýar we Dragiana ugraýar. Ol ýerde Drangena köşgünde ýaşap öz goşunyna dynç berýär.” Strabon: “Aziýa bilen bilelikde Drangiana hem salgyt töledi. Eratosfen boýunça Aleksandriýadan Aziýa ýurdyna çenli 1600 aralyk.”

Arrian: “Isgender Sogdianada öz işlerini bolup we Sogdiý gaýasyny eýeläp paretanlara tarap ugrady. Horiýena galasyny basyp alyp Isgenderiň özi Baktriýa tarap ugrady. Prateriý bolsa Katanyň we Austanyň garşysyna iberdi. Olar bilen örän gazaply söweş boldy. Söweşde Krateriň goşunlary ýeňdi.”

Kurssiý Rut: IsgenderKrateri döwründe Gawtany we Kateni yzarlamaga iberdi, Gawston ýesirlege alyndy. Katen bolsa söweöldürilýär. Pliniý :”Parfiýa we Ariýanyň (Ariýa) arsynda Paratakenleriň ýerleri ýatyr.”

Arrian Tawr dagy “Baktriýada Paropamis dagy bilen birleşýär, ony makedonlar Kawkaz diýipatlandyrylýar “(V,5,3). ”Baktriýadan ýazyň ahyrynda öz goşuny bilen indlere tarap ugrady, ony güniň içinde Kawkazdan aşyp ol Aleksandriýa şäherine ýetdi Kotena derýasyny çenli ýerleriň

hökümdary edip ony Triýa şäherine gelip ol kafena tarap öwrüldi”

Kurssiý Ruti:” Bu işlerini sazlaşdyryp (Filotuň dildüwişligi - J. h), we ariýleriň üstünde hökümdar goýup, Isgender arimaslaryň ýurduna tarap ýörüş yglan etdi. Bu ýurtda Isgender üçin güniň içinde geldi… 60 güniň içinde patyşa tiräniň işlerini sazlardy… ol Pantiý derýasyna çelnli ýerleri bar bolan arahorlara boýun egdirdi. Soňra patyşalar bilen söwda edesleri gelmeýän öz goňşularyna az belli bolan tiräniň ýerlerine girdi. Bular paropamisadlar Şol taýdan goşunlar Kawkaz daglaryna tarap ugradylar. Olar Aziýany görýärler.. Goşunlar Kawkazdan 17 güniň içinde aşdylar we “Aleksandriýa” şäheriniň düýbini tutmak üçin ýer bellediler.”

Diodlar: ” Şu ýyl (biziň eramyzdan öň 328 ýyl) Isgender parapamisadlara garşy çykyş etdi. Şondan soň ol Kawkaza bardy we şolýerde ýerleşdi: Käbir kişiler ol dagy Parapamis dagy diýip atlandyrdylar. Bu dagy 16 güniňçinde geçip Midiýa gidýän geçelgäň ýanynda Aleksandriýa şäheriniň düýbini tutdy. Özi bolsa goşuny bilen Baktriýa ugrady”

Strabon: ”Arian başlan daglara Makedonlar Kawkaz diýip at berdiler. Pes edepli gelmişeklerde hem (warwarlar) demirgazykdaky derelere Paramapis, Emoda we Imaý diýip atlandyrylypdyr.” “Baktriler Indiýa garşylykly, sebäbi onuň uly bölegi Parapamisiň ugrunda ýerleşýär”. “Isgender Indiýany sag tarapda goýup, Parapamisden geçip Baktriýa we demirgazyk welaýatlara geçdi. Ol ýeriň bar ýerlerini basyp alyp … ol birinji gezek Indiýa tarap ugrady … Soňra yzyndan bolsa, g.b. Indiýanyň serhetlerine öwrüldi we Plemiriýa şäheriniň ýanyndaky Koten derýasyna girýän Hoasp we Koten derýalaryna Koten derýasy Gorid şäherinde ýakyn geçýär, soňra Bandoben we Çandariden geçýär” “Indiýanyň akymynda Parapamisadlar ýaşaýar. G. o. – arahoslar, has gűnorta-da başga tireler bilen aratotlar.

Parapamisadlaryň gűnbatarda ariler ýaşaýar, arahotlaryň we gedroslaryň ýurdunyň boýunda dranlar”. Dranglaryň ýerinden Isgender arilere we arahotlara geldi. Pleýadanyň giren wagty bolsa parapamisleriň ýurdundan geçdi. Bu ýurt dagly, üstesine hem garly, şol sebäpli ýol kyn boldy. Isgender gyşy şol ýerde geçirdi we şäheriň düýbüni tutdy.

Pliniý: Arahotlardan soň g.o.-da gedroslar ýerleşýärler, demirgazykda bolsa – Kawkazyň ýanynda ýerleşýän Kartana şäherinbde parapamisadlar. Bu ýerde (Parapamisad) bantiýleriň garşysynda ýerleşýär, soňra sindranlar, danglar, parapianlar, kantanlar, manlar, Kawkazyň ýanynda Isgenderiň guran şäheriniň ýanynda kadruslar

Ptolemeý: Parapamisadlaryň ýurdy çäklenýär: gűnbatarda – Aziýa, demirgazykda – Baktriýa, gűndogarda – Indiýa, gűnortada – Aratosiýa. Ýurduň derýalary: Baktriýadan gelýän Dargoman we başga derýa Koas bilen sepleşýän ýurduň demirgazykda bolitler ýaşaýar. Gűnbatarda – aristotilar, paristler – günortarakda ambautlar – gündogarrakda parapamisadlar ýurdunda ýerleşýän şäherler we ovalar: Parfiýa, Drastoka, Garaka, Naulibis, Parfiýa, Loharna, Tarbakana, Bagardo, Arguda”

Ammion Marsellin: “Arilerden ýakynda parapamisadlar ýerleşýär. Olardan gündogarda Indiýa, günbatarda bolsa Kawkaz ýatyr. Olaryň ýerleri Baktriýadan başlanýan Ortogordamar derýasy suwarýar, olardan başga-da şäherler bar. Olaryň iň ady bellisi: Guzako, Nawlib we Ortospana” Arrian: “Filotyň dildüwüşigini basyp, ol Bessiň üstüne Baktriýa gidýär, ýol ugrunda dronglar we godroslary hem boýun egdirýär.

Gedrosiýadan soň Isgender az günüň içinde Arohosiýa boýun egdirýär Strabon: № 38, 44, 54 seret. “Arotosiýa hem (Aziýa we Drangianadan) ýakyn ýerleşýär: ol Aziýanyň bölegi bolup, Ind derýa çenli daglaryň eteginde ýatyr

Eratosfen boýunça Drangadaky proltasiýadan Arohotlaryň şäherine çenli – 4120 uzaklyk

Eratosfeniň aýdyşyna görä, arahatlar we masagetler baktriýalaryň ýanynda, Oks derýanyň akymynda ýaşaýarlar.

Pliniý: “Indiň ýanyndaky ýaşaýan tirelerden soň dagly ýerler ýerleşýärler. Semiramidt şäheri Parahesiň ýanyndan akyp gidýän Erimanyň derýasy gidýär.”

Ptolemeý: “Arohosiýa çäklenýär: günbatarda Drangiana, demirgazykda parapanisadlylaryň ýurdy, gündogarda – Indiýanyň bölegi bilen… günortada – Gedrosiýanyň bölegi bilen. Bu ýurduň demirgazyk böleklerinde ýaşaýanlara parsiýetler diýýärler, olaryň aşagynda sidrler, joritler. Arahosiýanyň ady beli şäher we obalar: Ozola, Foklis, Aleksandriýa, Rizana, Arbana, Sigara, Hoaspa, Arahot, Asiaka, Çýammaka, Maliana, Dammanu”.

Ammian Marsellin: Dranglaryň garşysynda Indiýa sag tarapynda öwrülip duran Arahosiýa görünýär. Indon kän kiçi derýa bölünýär, ol köp suwly we Arohotosirena diöli emele getirýär. Bu ýerde hem şäher bar, iň tapawutlanýanlary: Aleksandriýa, Arbaka we Hoaspa” XVI Gedrosiýa seretmeli: “Arianada birinjiden hem arbiler ýaşýar, olaryň yz ýanynda aralaryny bölýän Arbis derýaly oritler. Neartyň aýdyşyna görä, arbielr deňziň boýunyň 100 uzaklygyny eýeleýärler. Soňra oritler gidýär – ol özbaşdak millet. Şu ilatly ýurduň deňiz ýolunyň kenarynda 1 800 uzaklykdan ybarat”

Ptolemeý: “Gedrosiýa çäklenýär: g.b.-da – Karmaniýa, demirgazykda – Drangiana we Arahosiýa, g.d.-da Indiýanyň bölegi bilen, Arabis derýanyň aýagy gidýär. Arbisa dagy gedrosyň ortasyndan geçýär. Deň ýanynda ýerleşýän ýerleriň böleginde arbitleriň obalary ýatyr, Karmaniýa golaýlaýan böleklerinde – parsidler, misarnaýarlar: ýurduň hemme içki bölegi Daradena diýip atl;andyrylýar.”

Şu maglumatlaryň peýdalanmagynyň oňaýlylygy üçin we olary belli bir ulgamda ýerleşdirip öwrenmek dogry bolar. Şol maglumatlary öwrenmekde umumy ulgamyň içinde wagt

birliginde ýa-da ylmy ugra dahyllylygy boýunça toparlara bölüp birleşdirip alynsa tebigata adamzadyň düşünjesi baradaky maglumatlar okyjylar üçin düşnükli bolar.

Birinji topara diňe Gerodot girýär, ýöne oňa Aleksandr Makedonskiniň gűndogara ýörişi barada ýazan awtorlary hewm goşmaly. Soňra Parfiýa döwletiniň düzümine giren gűndogar milletleriň şu awtorlaryň hemmesine belli däldirler. Antiki awtorlaryň ikinji topary – Diodor, Arrian we Kursiý Rut. Olar Ahemenit döwletiniň gűndogar ýerleriniň geografiki maglumatlaryny Aleksandr Makedonskiniň ýörişlerine gatnaşan şaýatlaryndan peýdalanan. Bu awtorlar Isgenderiň Ýewropanyň taryhyna çekilen milletler barada habarlary saklap galdylar. Birinji topar awtorlara mälim bolan milletlerden we ýurtlardan hem belli boldular.

Antiki awtorlaryň üçünji hronologiki topary öňküleriň maglumatyny doldurdylar.

Üçünji hronologiki toparyň awtorlary (Pliniýden başgasy) ýurtlaryň arasynda Paraýtakenanyň ikinji toparyny ýatlamaýanlygyny belläp goýmaly. Muny Isidoryň "Ýolagçysy" düşündirýär, şol ýerde aýdylyşy ýaly, bu ýurt öz adyny Sanastana diýip atlandyrýar. Başga tarapdan bolsa saklaryň döwleti Ptolemneýiň "biografiýasynda" bar we onuň beýan edilmnegi Sogdiananyň we Skifiýanyň arasynda ýerleşýär.

Şunuň bilen, antiki awtorlaryň geogrtafiki gözýetiminiň giňelmegini indiki umumy görnüşde görkezip bolar: ilkibada, Isgender Gündogara ýörişe gitmänkä, ýewropa alymlary, Ahemenidler döwletiniň düzümine höküm etmek girýän diňe uly ýurtlar bellidi. Soňra bolsa, Isgenderiň ýeňşinden soň Drangianadan Indiýa çenli ýene-de birnäçe uly döwletler belli boldy. Ellinizm döwründe Orta Gündogaryň geografiki çäkleri öňküsi ýaly bolup galdy, emma Ýewropa taryhynyň agramy Gündogar Ýerorta deňzine we Ýakyn Gündogara geçirilen soň, uly bolmadyk milletleriň arasynda bölünişiklik meýilleri giňelýär, bu bolsa öňki etniki bitewilik

giňişlikleriň owranmagyna we birnäçe maýda döwletleriň bölünip aýrylmagyna getirdi. Olar has uly döwletler bilen goşulyp, iňsoňy özbaşdak döwlet bolup bilmediler.

## 6. Orta asyrlardaky materialistic düşünjeler

Ýewropada feodalizmiň döremegi we ösmegi bilen dini dünýä garaýşyesaslanan ylmy ugurlarda durgunluk üýze çykýar. Irki orta asyrlarda (V-XI asyrlar) dürli ýurtlar arasyndakygatnaşyklar, söwda aragatnaşygy kesilýär diýen ýaly. Bibliýanyň öwredişine mahsus dünýä garaýyş pikirleri giňden halka ýaýradyp, tebigy hakykatdaky görülýän zatlar dürli meseleler, ertekiler ýa-da ýokary güýç bilen düşündirilip başlanylýar. Düzülen kartalar has ýöpten bolupdyrlar, köpülenç uçmahyň şekili görkezilipdir.

Umuman orta asyr geografik düşünjäniň ösüşini 4 bölege bölüp seretmek bolýar.

Ylmy düşünjeler şol döwürde Araplarda has ýokary derejede bolupdyr. Arap ýurtlary VII-XIV asyrlarda Orta ýerdeňiz kenarlaryny, ýakyn gündogary (garşyna Aziýany) özüne birleşdirlensoň olardaky geografik düşünjeler has giň bolupdyr. Olar eýýäm VIII-X asyrlarda Aziýanyň içki böleklerine-de aralaşyp, basyp alan ýerleriniň tebigy şertleriniň, ilatynyň, hojalygynyň aýratynlyklary barada maglumatlary ýazyp galdyrypdyrlar.

Arap syýahatçylary, Arap ýarymadasndan Eýrana, Hindistana, Orta we Merkezi Aziýa, Indoneziýa we beýleki ýerlere gidip ol ýerleriň geografiýasy barada köp maglumatlar toplandyrlar. Ýewropaly alymlaryň ýalňyş ýazmaklaryna görä (Jekuli 1989 53 sah.) Ibn Sinany, Birunyny hem arap geograflary ensiklopediýaçy alymlary diýip görkezilýär. Emma olar Orta Aziýada dörän öz döredijiliklerini soň arap ýurtlarynda dowam edendirler.

## 7. Samanitler. Orta Aziýadaky feudal dinastiýa

Dinastiýanyň ady Balhyň golaýyndaky Saman obasyndan bolan Saman-Hudatyň adyndan gelip çykýar. Rafi ibn Leýiň araplara garşy gozgalaňyny (806-810) basyp ýatyrmakda beren kömegi üçin Samanyň ogullaryna we agtyklaryna 819-njy ýylda Mawerennahryň iň möhüm obalary dolandyrmaga berilýär. Samanitler Mansur II (997-999) döwründe ýagny 999-njy ýylda Buhara Turk-garahanitler tarapyndan basylyp alnandan soň ýaşamagyny bes edýär.

Samanitler döwleti. (875-999).Esasy teritoriýasy Orta Aziýada bolan feudal döwlet. Paýtagty Buhara şäheri. Samanitler döwletiniň döredilmegi Arap halyflygynyň dargamagy hem-de Mawerennahyrda we Horasanda hökümdarlygy ele alan Samanitleriň ýokary götermegi bilen bagly bolupdyr.Ol özüniň gülläp ösen döwründe X-asyryň I-ýarymynda Mawerennahry, Horasany, Demirgazyk we Gündogar Eýrany ozone birikdirýär. Samanitler döwletinde Horezm, Gürgen, Gazna, Isfijap, Garçistan (Murgabyň ýokary akymy sebitleri), Tabarystan wassal garaşly bolupdyrlar. Samanitler döwletinde medeniýet ösýär.Ähki uly şäherlerde mekdepler, medreseler açylýar. Buhara özüniň kitaphanasy bilen şöhratlanýar. Arhitektura ösüpdir.

## 8. Seljuklar-Saltyklar we Gaznalylar

Oguzlardan bolan birnäçe taýpalary ozone birleşdirip, bir bitewi güýji döreden topara X-asyryň ahyrlarynda XI-asyryň başlarynda Seljuklar diýlipdir. Seljuklar diýilmegi, Tugag atly oguz serkerdesiniň ogly ýaşlykdan özüniň ýiti zehini-akyly, serkerdelik ukyby bilen ýokary wezipeli şol sanda Oguzlaryň hökümdarynada özüni aldyrmagy başaran Seljugyň daşyna ýygnanantopardan başlanypdyr diýilen maglumatlar bar.

“Seljuk” sözi türkmenlerde “Saltyk” diýip ulanylýan sözüň ýoýlanrak görnüşidir diýen pikirimiz bar. “Saltyk” sözi bolsa öz gezeginde gadymy türkmen sözleri “Sal” we “Täk”,ýagny “Sany ýeke” diýilmekden gelip çykandyr diýip çaklaýarys. Sebäbi Sarçyk Tugagdan ýeke ogul Seljuk-Saltyk galýar. Onuň çagalykgaky ady name bolsa-da, ol ýeke bolany üçin il oňa “Saly Täk” lakamyny beripdir öýdýäris.

Seljugyň has aňyrrakdaky ata-babalary hakda şeýleräk maglumatlar duşýarlar. S.G.Agajanowyň örän köp sanly çeşmelere salgylanmak bilen ýazan kitabynda (Oçerki istorii oguzow I Turkmen Sredneý Azii IX-XIII ww.Aşg.1969g.)bu maşgalanyň aňyrsy ( Zahiraddin Nişapury boýunça) Kerkiçi Hojadan başlanýar. Kekiçi-Hojada gadymy oguz taýpasy kynyklaryndan bolupdyr diýilýär.Kerkiçi sözüniň adynyň gelip çykyşyna seljeriş berilse, ony şeýleräk düşündirýärler.Häzir hem bu söz türkmen we gazak dillerinde ulanylýar.Türkmene “gerege”-oýun agaç beleklerini düýä ýüklemek üçin ýörite gözenegi aňlatsa, gazakça “kereke” oýun gözenek agaçlardan ybarat aşaky böleklerini ýagny tarym böleklerini aňladýar.Şonuň üçin hem adam ussa bolupdyr we ak öýleriň geregesini ýasamak bilen meşgurlanypdyr, şonuň üçin hem oňa “Geregeçi-Hoja” diýipdirler diýen çaklama pikirimiz bar.Geregeçi-Hoja IX-asyryň ikinji ýarymyna çenli ýaşapdyr.Ondan galan Tugşurmuş atly ogly hem atasynyň kärini ýöredipdir, emma onuň ogullary bu senedi ýöredmän oguz hana nökerlige gitmeli bolupdyrlar.Tugşurmuşyň üç ogly bolupdyr, uly ogluna Tukak (Tukat), ortanjysyna Togrul, iň kiçisine bolsa Arslan diýipdirler. Abulgazynyň ýazmagyna görä bu maşgala Gorkut beg bilen garyndaş bolupdyr.Mahmyt Kaşgarynyň ýazyşyna görä “Oguz türki taýpalaryň biri (kabile) bolup, olara türkmenler diýipdirler.Olar 22 urugdan ybarat bolupdyrlar. Her urugyň özüniň tagmasy bolup, şol tagma boýunça-da mallaryny we biri-birini tanapdyrlar.Olaryň ilkinji we iň esasy urugyna kynyklar diýlipdir. Şol urugdan

hem soltanlar döräpdir”.Bu ýerde Seljuk we Seljuklar dinastiýasy göz öňünde tutulypdyr.

Bu maşgalanyň adynyň çykyp, derejesiniň beýgelip başlamagynyň sebäkäri Tugşymyşyň uly ogly (Tukak) Tugag bilen baglanşykly bolupdyr.”Mäliknama” atly işde bu şahsyýetiň adyny Syrçyn-Tugag diýip getirilýär.(Tug yak bolmagy mümkin) we ony eýýamadygan, şöhratly serkerde gönüşinde suratladyrylýar. Onuň şan-şöhraty we derejesi barada örän köp maglumatlar bar. Hatda ol öz patyşasynada sözüni geçirip, diýenini etdirip bilýän dogruçyl hem batyr gaýratly bolupdyr diýip ýazýarlar. Haçanda türki (türkmen) oguz taýpalarynyň bir topary beýlekisine zelil berjek bolsa, ýa-da üstüne çozjak bolanynda-da Sarçyk-Tugag şol hili hereketinde öňüni alyp, togtadyp bilýän, şeýle täsiri uly adam bolupdyr. Sarçyk Tugag baradaky bu hili berilýän maglumatlar “Oguznamadaky” Tugşurmuşyň ogullarynyň şöhrat şanlarynyň artyşy baradaky maglumatlara gabat gelýärler. Şeýle-de onuň “Tugag” ady bilen oňa berilen beýik derejäni aňladýan lakamy hem şaýatlyk edýär.Meselem: Sadreddin Huseýin “tugag” sözi türkçe polatdan ýasalan ýaýy aňladýar. (polat ýaý), Mirhoid bolsa (gaty ýaý)gaty, çekmesi kyn ýaýy aňladýar diýen düşünişleri berýär. Abul Faraž bolsa Sarçyk “Tugag” lakamyny örän güýçli bolany üçin alypdyr diýip belleýär.K.Kaen bolsa “Teýmir ýaýlyk” ýagny Tugag diýen lakam oguzlarda ýaýyň rolyny (ornuny) ýa-da hökümdarlygyň nyşanyny aňladypdyr” diýip belläpdir. Şeýlelikde Seljuguň öz kakasynyň ady Sarçyk bolup Tugag onuň lakamy bolupdyr. Tugag köp sanly çeşmeleriň seljerilmegine görä IX asyryň ikinji ýarymynda X-asyryň birinji ýarymynda ýaşap geçipdir diýmäge mümkinçilik berýär.

Haçanda Sarçyk Tugag aradan çykanynda onuň yzynda Seljuk atly kiçijik ogly galýar. “Mäliknama”-daky maglumatlarda ol oglanjygy ýurduň hökümdary öz ýanyna alyp terbiýeläpdir köşk terbiýeçisine berip

ulaldypdyrlar.Seljuk ulalandan soň diňe ýurduň häkiminiň däl, eýsem hemme häkimligiň dahylly, ýokary derejeli adamlaryň hormatyna mynasyp bolmagy başarypdyr.Şoňa göräde Seljugyň derejesi beýgelip, onuň täsiri olaryň tutuş urugynyň il içinde abraýynyň artmagyna getiripdir. Şeýlelikde töwerekdäki ýakyn-daş garyndaş we beýleki toparlar hem bulara birigip başlapdyrlar. Seljugyň özi bolsa iň ýokary derejeli emeldarlaryň birine öwrülipdir. Bu barada diňe "Mäliknamada"dal, eýsem Seljuknamada-da aýdylýar diýlip ýazylýar.S.G.Agajanow Zaharaddin Nişapurynyň şeýle sözlerini getirip öz kitabynda ýazypdyr.Olar Seljuklar örän köp sanly beýik maşgala öwrüldiler, tükeniksiz baýlyklaryň eýeleri boldular, köp sanly harby birleşmeleri döretdiler we iňňän köp sanlyeýeriji toparlary öz tarapyna çekip bildiler diýen manyny berýär. Soňra şol ýazga görä öz pikirini ýöredip bu topara seljuklara garaşly, baglanşykly oguz-türkmen taýpalarynyň maşgalalarynyň gelip goşulanlygy görünip dur.

Kä bir çeşmelerde Seljugyň at-abraýy şeýle çalt ösüp ýaýrap başlanyndan çekinen häkimiň aýaly, öz adamsyna ondan dynmagy maslahat berýär, eger şeýle etmese onuň ýurdy häkimiň elinden alaýmagynyň mümkinligini aýdypdyr, we gizlinlikde tiz ýok etmegi ündäpdir. Bu hili hadysanyň taýýarlygynyň görülýänligini aňan Seljuk güýç ulansa üstün çykjagyny bilse-de öz nan iýen ojagyna zeper ýetirmän öz yzyna eýeren kowumdaşlary we beýleki ili-güni bilen häkimiň köşgünden daşlaşmagy başarypdyr. Ol gideninde örän köp sanly atly goşuna baş bolup gidipdir, ummasyz köp düýe, goýun, ýylky sürülerini hem onuň ili sürüp gidipdir.

Seljugyň hem üç ogly bolupdyr. Israil-Arslan lakamly, Mihail we Musa atly ogullarynyň hemmeside serkerde bolupdyrlar.Seljugyň özi ka bir maglumatlara görä 107 ýaşynda ýogalypdyr. W.W.Bertold taryhy maglumatlary seljermegiň netijesinde Seljuk 992-njiýyldan soň ýogalypdyr diýip ýazsa K.Kaen "Mälimnamany" seljermegiň netijesinde

onuň ýogalan wagtyny 1009-1010-njy ýyllar bilen baglanyşdyrýarlar.

Seljugyň özi ýogalandan soň onuň yzynda galan uly-agyr iline ýolbaşçylyk ogullaryna geçipdir. Ýazyşlaryna görä Israil köp ýyllaryň dowamynda uly serkerdeleriň biri bolup köp taryhy wakalarda ady tutulýar, köp jeňlerde öz tarapdarlarynyň ýeňiji bolmagyny üpjin eden gerçek bolupdyr. Megerem onuň lakamynyň hem Arslan bolanlygy şonuň üçin bolsa gerek.

Şol döwürde , ýagny IX-X asyrlarda we XI asyryň başlarynda gündogar Horasanda we Orta Aziýada musulman dinine girmedik toparlar hem bolupdyr.Şonuň üçin, musulmançylygy Kabul eden toparlar bilen dinsizleriň arasynda çaknyşyklar bolup durupdyrlar. Şol hili çaknyşyklaryň birinde Seljugyň Mikail atly ogly wepat bolýar.Ol serkerde wepwat bolansoň onuň yzynda galan Muhammet hem Dawut atly ogullary agalary ýagny Mikailiň inisi Musa bilen bolupdyrlar.

Kä bir maglumatlara görä Seljuk ýogalandan soň onuň agyr ili iki topara bölünip, biriniň öňbaşysy Israil, Yagny Arslan bolupdyr, beýleki topar bolsa Mikailiň ogullary we Musa bilen bolupdyrler diýýärler. Emma başga birnäçe çeşmelere görä olar tutuşlygyna Mahmyt şanyň maslahaty bilen Garaguma, Balkan töwereklerine göçüp gidipdirler . Ol wagytda seljuklar töwerekdäki oguz taýpalarynyň döreden patyşalyklaryna imperiýalaryna goşulaslary gelmän, özbaşdak azatlykda giň Garagumda ýaşapdyrlar.Emma Mahmyt Gaznawydan Maryny, Balhy, Abywerdi, Farawany özlerine bermegini sorapdyrlar. Mahmyt şa olara bu galaly ýurtlary bermekden ýüz döndüripdir.Şol esas-da agzalalyk ara düşipdir. Mahmyt şa ýogalansoň şa tagtyna-köşgüne, Gaznawylar imperiýasyna onuň ogly Masud şa eýe bolýar. Ol hem öz atasynyň ýoluny ýöredipdir. Gaýtam Musanyň Muhammediň (Togrul, Daudyň, Çagryň) töweregindäki jemlenen seljuklaryň toparlaryndan goranmak üçin beýleki

türkmen – seljuk toparlaryny patyşalyga gulluga çagyrylypdyr. Olardan Ýagmyr, gyzyl we beýlekiler jemi 4 serkerde öz goşunlary yzy bilen Masud şanyň gullugyna Horasana barypdyrlar. Emma olar öz babadaşlary bilen bir gezek hem çaknyşmandyrlar. Olaryň hemmesini Masud şa soňra içalylaryň kömegi bilen öldürýär we gizlinlikde seljuklara garşy urşa taýýärlanyp başlaýar.

Mikailiň ogullary Muhammet bilen Daut hem öz kakalary atalary ýaly güýçli serkerdeler bolup ýetişipdirler. Olaryň ýanynda aksakal – ýaşuly ornuny kakasynyň kiçi dogany Musa beg tutupdyr. Muhammet we Daut şeýle ýiti zehinli edenli, gaýduwsyz, batyr, serdarlar bolup ýetişenden soňra olara öz ilinde Muhammede Togrul, Dauda bolsa Çagry diýip Bürgütler maşgalasyndan bolan iň güýçli algyr guşlaryň maşgalasyndan bolan Bürgütleriň atlary lakam dakylypdyr. Şoňa görä-de taryhy çeşmelerde ilkibada olaryň atlary Muhammet Togrul hem-de Daut Çagry diýilip tutulsa-da soňy bilen olaryň diňe yzyna beg sözi dakylan lakamlary ýorgunly bolýar şonuň üçinem olary Togrul beg, Çagry beg lakam atlary bilen bütiň dünýä tanapdyr we taryha girizipdirler.

1030-njy ýylda soň Togrul beg bilen Çagry beg agalary Musa beg bilen bilelikde nähili iş etjek bolsalar-da hökman ýaşulylar bilen geňeşip ylalaşykly boljakdyklaryna şertleşýärler. Şeýlelikde türkmenlere mahsus bolan ýaşulylaryň maslahatyny guramagy dikeldýärler. Şol guramada tutuş iliň ykbaly bilen baglanyşykly meseleleri çözmäge hukukly bolupdyrlar.

Gaznalylar imperiýasynyň içinde özüne gerek ýerleri ýurtlary tabyn edip ýerlui halk bilen umumy dil tapyp ýaşamagy olary öz taraplaryna çekmegi başarypdyrlar.

Şeýle bolsa-da patyşalyga umumy tabynlygy inkär etmändirler, ýagny Masud şa bilen hem umumy dil tapyp uly urşa etmän birnäçe ýollaryň dowamynda ýaşapdyrlar. Şol ýyllarda 1037-1038-nji ýylda Maryny özlerine tabyn edipdirler. Çagry begi Marynyň ilaty özleri çagyryp getirip

soltan, hökümdar diýip yglan edýärler. 1038-1039-njy ýylda Nişapuryň ilatynyň islegi boýunça Nişapury tabyn edip, ol ýerde Togrul beg soltan, häkim bolýar. emma olarda entek imperiýa – öz patyşalyklaryny döretmek pikiri bolmaýar. Seljuk begleriniň ilat tarapyndan islenilip, getirilip soltan edilmeginiň esasy sebäpleriniň biri, olar özlerinden tabyn il-uluslardan hiç hili salgyt alman, maldara-da, ekerançada öz hünärinden alan girdeýjisi bilen eklenmäge mümkinçilik beripdirler we daşky güýçleriň talaňyndan gorap bilipdirler.

1040-njy ýylda "seljuklar bilen gatnaşyklary bir aňalyk etmegi" bolan Masud şa seljuklaryň birleşen güýji bilen Marynyň etegine Daňdanakana uly döwüşe gelýär. Masud şa goşun sürüp gelensoň seljuklaryň ýaşullary Togrul begiň, Çagry begiň we Musanyň daşyna ýygnanyşyp maslahat edýärler. Şol maslahatda begleriň agasy Musa "ýaşulylar başy " ýagny baýgu ady dakylýar. Maslahatda pikirlerçapraz çykýar. Togrulbeg we onuň tarapdarlary Masud şa bilen uruşman gepleşik geçirmegiň ýagny öz baş hökümdarlaryndan aman dilemegiň tarapdary bolýärlar. Bularyň pikirlerini Musa Baýgu hem goldaýar. Emma has namysjaň "gylyç saryp gelene gylyç görkezmegiň" tarapdary bolýar.

Çagry begiň pikirini ýaşulylaryň köpüsi goldaýärlar. Şeýlelikde-de taryhda uly öwrülişige sebäp bolan, seljuklaryň özleriniň uly patyşalyk gurmaklaryna ýol açan meşhur Daňdanakan söweşine çykmaga, goşuna serkerdelik etmäge doganlygyň ulusy Togrulbegi bellemek barada maslahat jemlenilýär. Bu ýerde bolan söweşden seljuklar ýeňiji bolup çykýarlar. Ýeri gelende aýtsaň öňki Masudşanyň gullugyna baran seljuk türkmen serkerdeleri Ýagmyrdyr, Gyzyly we beýlekileri.

6-7 serkerdäni Masud şa öz jansyzlarynyň kömegi bilen gizlinlikde öldüripdir. Şonuň üçin bolsa gerek olaryň toparlary Togrul begiň toparyna garşy hereket etmekden ötri, gaýtam olara ýardam eden ýaly diýilýän çeşmeler bar.

Daňdanakan söweşinden soň şeýle bir rowaýat döräpdir: Togrul begiň atlary Masud şanyň çadyryna golaý gelenlerinde, ýüzi perdeli bir atly ýerden çykan ýaly bolup yzyna-da bir aty idegine alypdyr-da çadyra barypdyr. Masud şany idegindäki atyň julawuny oňa berip, munuň öz yzy bilen alyp gaçmaga başlapdyr. Olara salynan naýza-da atylan ýaý oklary-da täsir etmändir. Şeýdibem şol iki atly goşundan saýlanyp9 baýyrlyga, daglara ýüzlerini öwrüp gaçyp gidipdirler. Bir çeşmäniň başyna baryp ýaňky ýüzi perdeli adam perdesini aýyrsa Masud şanyň ýogalan atasy Mahmut şa eken. Ol ogluna "sen olardan mydama asgyn bolarsyň" diýp gözden gaýyp bolupdyr" diýýärler.

Ýöne bir zat welin hakykat. Togrul begiň ýolbaşçylygyndaky goşun özünden san taýdan agdyklyk edýan nyzamly şa goşunyny ýeňipdir we göni şol söweş meýdanynda tagt ýasap oňa-da Togrul begi oturdypdyrlar, ony ýeke täk soltan diýip ykrar edipdirler. Şol söweş barada, söweşden ön maslahat bolanda, maslahata ýygnanan ýaşulylar hemişe Togrul begiň tarapyny tutýän bolsalarda şol gezek onuň Masud şa bilen ylalaşykly, parahatçylykly syýasatyna-gepleşiklerine garşy bolup, Çagry begin "üç tarapdan birden çozmaly" diýen maslahatyna makullanypdyrlar. Şol maslahat bilen hem özleriniň ilkinji uly ýeňişlerini gazanypdyrlar.

Şu söweşden soň seljuklar üçe bölünmegi möwessä edýärler. Togrul beg Nişapura ugraýar. Ol ýerde aýdyşlaryna görä beýik pir Abu Sagytdan pata alypdyr. Şondan pata alyp Günbatara ýýly deňze süýşüp başlapdyr häzirki tutuş Orta, Ýakyn Gündogar diýilýän ýurtlary tabyn edip, imperiýa döretmäge gerişipdir diýýärler. Çagry beg goşunyň ýene-de bir bölegini alyp Balh tarapa gidipdir. Ýaşulylary-Musa beg bolsa goşunyň galanlaryny daşyna jemläp Myrada ýurdy dolandyrmaga galypdyr. Soňra Horasany we Mary welaýatyny Çagry beg dolandyrypdyr. Musa beg bolsa öz mirasdary Ibraýym Ymaly (Gaznewi imperiýasyny döreden soltanyň ady hem Ybraýym ) alyp ilki merkezi Eýrana – Reý

şäherine, soňra günbatar Eýrana Togrul beg bilen bilen hereket edipdirler.

Seljuklarda bir ýazylmadyk kanun döredilipdir. Ol hem 1038-nji ýylda seljuklaryň serdarlary tarapyndan Togrul begiň Nişapuryň soltany 1040-njy ýýlda bolsa bütin seljuklaryň tagtly soltany diýip yglan edilmegine garamazdan her bir wajyp meseleler çözülende ýaşulylar bilen maslahatly çözmeklik ýola goýulypdyr. Şeýle-de Togrul beg hem Çagryl beg hiç wagt Musa begden ýaşryn zat etmän ony öz dolandyryjy, maşgalalarynyň ýäşulysy diýip oň a berlen ýaşyň zat etmän ony öz dolandyryjy, maşgalalarynyň ýaşulysy diýip oňa berilen baýga (baýgu) derejesine adyna laýyk tabynlykda iş alyp barypdyrlar. Çagry beg 1040-njy ýylda Balhy tabyn edýär. Musa beg baýgu Great töweregini alýar, emma soň ýene-de gaznawylara goýup gaýdýar. Seljuklar 1040-njy ýylda Horasanyň köp ýerlerini alýarlar. Çagry begiň paýyna Horasanyň köp ýerleri düşýär. Şonda ol öz häkimliginiň paýtagtyny Mary şäheri diýip yglan edýär. Togrul beg Günorta – Günbatar Eýrana tarap süýşýär. Eýýäm 1042-nji ýylda Reý şäherini alyp ony öz häkimlik edýän ýerleriniň paýtagty diýip yglan edýär. Soňky ýyllar Reý şäheri tutuş seljuklaryň imperiýasynyň paýtagty diýilip yglan edilip, Togrul beg ony abadanlaşdyrmaga buýruk berýär. 1043-nji ýýlda Togrul begiň (eýýäm ol wagtda Togrul begiň adyny soltan diýip tutupdyrlar) goşuny onuň dogan oglany Ynalyň (Ybraýym Ynal biziň gören çeşmelerimizde görkezilişine görä Ýusup ibn Musanyň ogly bolupdyr, ýagny Togrulyň kakasy Mikailiň inisi Musanyň agtygy bolýar) ýolbaşçylygynda Kermana we Hamedana baryp ýetýärder we özlerine tabyn edýärler.

Seljuklaryň Horasanda we Eýranyň beýleki ýerlerinde, şeýle tiz ýagny az wagt içinde ummasyz ýerleri özlerine tabyn edip bilmekleriniň esasy sebäbi uly harby güýç bolsa-da, ýene bir şol güýçden-de has ýiti hereket eden zat, ol hem Çagrynyň we Togrul Soltanyň ýerli halkara, zähmetkeşlere we ilatyň

beýleki dürli gatlaklaryna talaňçylyk saldyrman, gaýtam öňki gaznawylara tölenýän paçlary, harajatlary azaldyp, gerek ýerlerinde düýbünden ýatyryp, iliň oňat ýaşamagyna, hal ýagdaýyny oňatlaşdyrmaga ýol açan syýasaty bolupdyr.

Şol döwürde seljuklar, gaznawylara diňe Sindi Gaznany, sistany goýup galan ýerlerini olaryň ellerinden alypdyrlar. Bu iki güýjiň garşylygy 1060-njy ýyla çenli dowam edýär. Şol garşylykdaky çäknyşyklarda seljuklar imperiýäsynyň geljekgi soltany Çagry begiň ogly Alp Arslan taplanýär we oňat serkerdelik derejesine ýetýär. Sebäbi seljuklaryň Horasandaky harby hereketlerine Çagryl begiň özi umumy ýolbaşçylyk etse-de harby hereketlerde goşun başy bolup Alp Arslan çykyş ýolbaşçylyk etse-de harby hereketlerde goşun başy bolup Alp Arslan çykyş edipdir.

1060-njy ýylda Çagry beg bilen gaznawylaryň soltany Ybraýym ibn Masudyň arasyndaky gepleşikleriň netijesinde her kim şol wagtky eýeleýän ýerlerinde galyp ylalaşykly ýaşamaly diýen netijä gelensoň Horasanda. Balhda we beýleki ýerlerde parahatçylykly ýollar başlapdyr.

Günbatar hereket edýän seljuklaryň topary hemaýgytly ýörüşler bolanda Soltan goşunyna ähli beýleki toparlaryndan – da goşunlar gelip goşulypdyr. Kä bir çeşmeleriň şaýatlyk etmegine görä 1048-nji ýylda seljuklar Togrul soltanyň tagallasy bilen Kawkaz tarapynyň garşylyk görkezýan güýçlerini ýoldan aýyrmak üçin ýörüşa taýýarlaýärlar. Ybraýym Ynalyň serkerdeligindäki goşun Kawkaza ugramakçy bolup durka Mawerannahrdan (häzirki Orta Aziýadan has takygy Mawerannahr Syr we Amyderýanyň aralygyny aňladýar) Amyderýadan günbatardan ol ýere baranlarynda “Mawerannahrdan gelenler” diýipdirler köp sanly Ata Babadaş türkmenleriň baryp goşulandygy we soltan goşunyna çarwadar ildeşlerinden topary täze güýç berenligini taryhçylar belleýärler.

Kawkazyň şol döwürdäki meşgur serkerdesi Liparit Orbelianiniň ýolbaşçylygyndaky Gruziýa we Ermeni birleşen

güýçleriniň garşysyna Ybraýym Ynalyň baştutanlygyndaky türkmen goşuny Wanan şäheriniň golaýynda bolan söweşde (Soltan goşuny) üstün çykýar. Bu söweş barada Aristoke Liperat “Seljuklar aç gürt kimiň Waspurakan welaýatyna aralaşdylar” diýipdir.

Gadyrdan ildeşler bary-ýogy 15-20 ýylyň içinde Syr derýadan Tigr serýasynyň arasyndaky daglyk, düzlük ýerleri, dürli milletleri bir bütewi soltanlyga birikdirip öz döwründe iň güýçli we uly döwleti döretmegi başaranlar Türkmenler bolupdyr. Bu soltanlygyň çäklerinde dünýäni sarsdyran Mahmut Gaznewiniň soltanlygy hem bir welaýat ýaly kiçijik bölek bolup täze döredilen beýik döwlete goşulyp gidipdir.

Ibn Sina 980-1037 köp tebigy bilimler barada taraplaýyn düşünjesi bolan örän çuňňur düşünjeli alym. Onuň filosfik dünýägaraýyşlary häzirki öz gymmatyny ýitirmeýärler.

Biruni (973-1048) Eýran tekiz daglyklarynda, Orta Aziýada, Hindistanda köp syýahat edipdirler. Onuň dünýä belli «masudyň Kanuny» diýen işinde trigonometrik ýol bilen geografik uzaklyklary hasaplamaklygy ilkinji döredendir. Onuň şol kesgitlemeleri häzir hem iň dogry hasaplanylyp ulanylýar. Ol Nepal, tibet, Ferganadan g/d-daky Trkistanyň ýollary barada we Ýeriň Günüň daşyndan aýlanýanlygy hakyndaky maglumatlary ýazyp galdyrypdyr. XII asyryň belli geografy Idrisi (1100-1161 (1165) Demirgazyk Afrikada, Ispaniýada, Portugaliýada, Fransiýada, Kiçi Aziýada syýahatda bolupdyr. Şol gezen ýerleri we Italiýa, Germaniýa hakda-da ýazgylary galdyrypdyr. Ol tegelek we dörtburç kartalary çyzypdyr.

Kartalarda gradus ýok we onçakly takyk düzülen däldir. Ol kartada g/d Ýewropa derýasynda çenli görkezilipdir. Idrisi Tibet daglaryny Bankal klüni we Amur derýasyny hem bilipdir. Ýer ýüzüni ýedi klimata blüp, her haýsy 10 bölege-de bölüpdir. Bularyň üçüsi-de ýeriň şar

şekilliginden ugur alypdyrlar we öz kartalaryny Ptelomeýiň kartografik proýeksiýasy esasynda düzüpdirler.

Ibn batut (1304-1377 ý) 25 yl syýahat edip dünýäniň deňýarymy aýlanyp çykypdyr. Ol Hytaýda, Hindistanda Orta we Merkezi Aziýada, Indoneziýada, Wengriýada, Krymda, Ýakyn we Orta Gündogarda bolupdyr. «Ibn Batutynyň syýahatlary» dýen işlerinde olar barada ýazypdyrlar.

Skandinawiýa ýa-adasynda ýaşan Normanlar hem ökde deňizde ýüzüjiler bolupdyrlar. Olar ilki bada Britan, Orkiýen, Şohlad adalarynda bolupdyrlar. Soňra Ýewropanyň materik bölegininiň demirgazygyna aralaşypdyrlar. Olaryň özlerine tabyn eden ýerlerinde-demirgazyk Fransiýada häzire çenli şolaryň adyny göterýän ýerler hem bar (Normandiýa Demirgazyk Fransiýa) Norman adalary (Beýik Britaniýa degişli) Naddot diýen ýüzüji 867-ý-da Islandiýany (Buzly ýer) açypdyr. Koloniýaçylar bolsa Reýşýawi obasynyň düýbini tutupdyrlar. 985ý-da Erik ryjiý (Erik Mor) Grenlandiýany (ýaşyl ýurt-ýer) açýar we birnäçe wagtdan onuň g/o-synda ilaty ýerler döreýär. Normanlaryň soňky ýüzüşleriniň netijesinde 987-1000 ý-da Demirgazyk Amerika baryp ýetýärler (Býarin we Leýfa Bagtly diýen ýüzüjiler). Olar D/g Amerikanyň niresine barypdyrlar? Bu barada anyk maglumat ýok (Labrodoramy ýa-da Nýufaundlendemi) ýöne olaryň Kolumbdan kän öň Amerika baranlary anyk.

Şol döwürde wikingleriň (aýlagdan çykan adamlaryň şeýle ýeňillik bilen uzak aralyklary suw ýoly bilen geçip bilendikleri haýran galdyrýar. (Şol X-XII asyrlardaky howa şertleri barada-da aýtmaly).

Beýik Ýewropa syýahatçysy Marko Polo (1254-1324 ý töwer.) köp ýyllary syýahatda geçiripdir. Ol öz kakasy we agasy bilen Kiçi Aziýa, Eýran tekiz daglygyna, Pamire, Taklamakan, Gobi çöllerine barýar we Hytaýda bolýar. Soňky ýyllarda (bu wenesiýaly) Indoneziýada, Hindistanda

we beýleki ýurtlarda bolýar. Onuň syýahatlary baradaky ýazgy onuň dilinden «Marko Polanyň kitaby» diýen işde ýazylypdyr. Ol öz syýahatlaryny söwdagärleriň arasynda, padişahlaryň, hanlaryň wekilçiliklerinde amala aşyryp örän köp geografik maglumatlary toplap bilipdir.

XII-XV asyrlarda ruslar Ýewropanyň Demirgazygyny we Gűnbatar Sibiri çalt depginde öwrenip başlandyrlar. Bu ýerleri özleşdirmekde Beýik Nowgorodyň aýgytly roly bolupdyr (1136-1478 ýyllar arasynda özbaşdak feodal respublikasy bolupdyr). Şol döwürlerde ruslar Kola ýarym adasyna, Demirgazyk Dwina we Peçýora tundralaryna, Ak deňze barypdyrlar. Soňra Kara deňzine barypdyrlar Obb derýasy boýunça Taz goşandyna çenli ýokary galyp bilipdirler. Ruslar geografik ýazgy galdyrmandyrlar. Emma «Powesti wremýonnyh let»-«Wagt ýyllaryň powestleri» diýen başlangyç ýa-da Nowgorod ýazgylarynda barylan ýerlerdäki geografik şertler barada örän köp maglumatlar bolupdyr.

Hindistana ilkinji baran russ suýahatçysy Afanasiý Nikitindir (doglan ýyly nämälim 1472 ý-da aradan çykan). Bu Twerli söwdegär öz syýahatlarynda Eýrana, Kaspi deňzine, Gara deňzine, Arap ýurtlaryna barypdyr (ol Hindistana gidende bir ýol bilen gidip gaýdanynda başga ýol bilen gaýdypdyr.Ol «Hojdeniýe za tri morýa» diýen işinde şol gezen ýerleri barada takykgeografik maglumatlar bermegi başarypdyr.

## 9. Ruslaryň demirgazyk Ýewropany açyşy we Sibire ilkinji ýöriş (Beýik Nowgoradlylaryň demirgazyk giňişlikleri öwrenişleri)

Ýewropanyň we Aziýanyň bütin demirgazyk bölekleri ruslar tarapyndan açyldy.Ruslar bu ýerde ilkinji Ýewropalylar bolup iňlislerden we gollandlardan öň şol derýalarda ýüzüp gezipdirler we şol ýerlerde slowýan respublikasyny döredip

ilkinji beýik täze şäherleri gurdular. Paýtagty weýadrosy bolup täze şäher (Nowgorod) Wolhow derýasynyň boýunda ýerleşipdir. Bu derýa Ilmen kölünden Lodož kölüne akypdyr. Täze şäheriň düýbi 5 sany hatara bölünipdir. Şonuň üçin muňa başgaça Bäşinji hem diýipdirler. Täze şäheriň adamlary Ýewropanyň günbatar tarapyna hem hereket edipdir. Täze şäheriň demirgazyk we demirgazyk –günbatar tarapy koloniýa öwrülipdir. Bu täze emele gelen döwletde balyk tutmaklyk we duz öndürmeklik örän ösen derejede bolupdyr. Soňra bu gymmatly harytlary günbatarda ýerleşýän Nemeslere eksport edipdirler. Ýöne bular harydy öz territoriýasynda öndüripdirler. Soňra balyk tutmaklyk şol ýerlerde pese düşüp başlapdyr. Täze ýerleriň hasyllylygy örän pes derejede bolupdyr. Köplenç ýetişip gelýän ýaş bugdaýy sowuk urupdyr. Şeýlelikde bu şäheriň ilatynyň çöregi başga şäherlerden getirilip onuň ýerine duz hem-de gyzyl balyk beripdirler. Soňra täze şäherliler bilen haryt edýän nizowlar diňe demirgazykda alynýan önümlerden başgada ýarag metallaryň dürli görnüşleri, wino alypdyrlar. Bu harytlary BAltika deňziniň üsti bilen nemes we şwet södeärleri gatnadypdyrlar. Şeýlelikde täze emele gelen döwletde üç sany uly söwda merkezleri bolupdyr. Žşolaryň iň esasy bolup jenap beýik Nowogorot bolupdyr. Şol ýerde koloniýa bolup formal derejede täze şäherler dolandyrypdyr. Ýöne hakykatda bölek-ölek toparlar bolup allar dolandyrypdyre. Nowgoroda esasy gymmatly hatarlar paloreden gelipdir. Demirgazyk ýewropanyň belli bir ýakalaryna palore diýilipdir. Täze şäherleriň aýratyn atlary bolupdyr. Olar häzir hem rus geografiki edebiýaztlarda saklanyp galypdyr. Kal ýarym adasynyň demirgazyk aýlagy Murmansy (Normansk) aýlagydyr. Kal ýarym adasynyň günorta we gündogar-günorta kenary - Terek kenarydyr. Ak deňziň günbatar kenary patyşanyň çagalarynyň dynç alýan ýeri bolupdyr. Täze şäheriň adamlary we olaryň gullary şol kenary açdylar we koloniýa emele getirdi we şol

ýerlerde ýagny adamsyz tokaýlarda rus oazislari emele geldi. Demirgazyk gündogar ýollary. Adamlar Walhow derýasynyň boýny bilen lodogis kölüne çenli aşak üşdiler. Soňra ýasynyň boýny bilen gitdiler we we şol ýerlerde aýlaw ýollary emele getirdiler we şol ýerlerden tomusda gitmek gaty kyn bolupdyr. Ýcli akýan derýadan geçmek örän kyn bolýar. Soňra bular öz herekedini suw ýollary bilen amala aşyrdylar. Birinji demirgazyk gündogar ýoly oneölünden wodlu derýasy boýunça konköle baryp soň kena derýasyndan onek derýasyna geçip ak deňze barypdyrlar. Şeýdip demirgazyk dwina barypdylar. Ikinji ýol wytagry derýasyndan laça kölüne baryp soň onega düşüp demirgazyk we deňze barypdylar.üçünji ýol okej kölünden wyk köle çenli ondan wyk derýasyna geçip soň sumu wenýuhçu göni onej kenaryna çykypdyr. Demirgazyk günbatar ýol krella şäherinden ladoj kölünden ak deňziň korella kenarynda geçipdirler. Şu ýollaryň haýsysy bilen ekspedisiýanyň hereket edilenligi belli däl. Ýöne täze şäherliler 11 asyryň soňundan 12 asyryň başynda Poçerany we ondan –da daşbolan ýerleri syýasat edipdirler. Ilki bilen gullar deňze çykyp ýerleriň hasyllygyny barlap bellik edipdirler. Şol ýeflriň haýsysysnyň hasyllygy gowy bolsa şol ýerde täze oba şäherler emele gelipdir. Bular beýleki ýerleriň adamlartyny hem özleri üçin işledipdirler. Boyar gullar ak deňziň olor we laknep kenarlaryny eýeläpdirler. Yoga diýen termin peçor we amoki obpum arasynda ýaşan abelli halklaryň grupbasyny aňladýar. Olar özlerini mansi diýip aňladypdyrlar. Şolaryň ata-babalary madýarlardyr. Täze şäherliler ýugada özleriniň harby otrýatlaryny döredipdirler we täze şäherler ýerde talaňçylyk bilen meşgullarnypdyrlar.

## 10. Ruslaryň demirgazyk günbatar Sibire ilkinji ýörişleri

Ruslaryň demirgazyk günbatar Sibire ilkinji ýörişleri 1096 ýylyň tomsunda amala aşyrylyp başlanypdyr. Bu ýerlerdäki halklar hiç bir döwletiň düzümine girmän özbaşdak ýaşapdyrlar. Ruslar Ural daglarynyň günbatarlaryny özlerine tabyn edenlerinden soň XI asyrda ol ýerlerde täze şäherler döräp başlapdyrlar. Ural diýmek –"Ur al " diýen iki sany Türki sözden ybarat bolup, daşlaryň düzüminde magdan bar diýen manyny aňladypdyr. Şol gyşda (1364-1365 ý) täze şäherliler Ýugradan göçüpdirler. Gullaryň we ýörite goşunlaryň düzümleri deňiz kenarýaka golaý ýerlerdäki halklar bilen çaknyşypdyrlar. Ruslara garşy Dwina ýakalaryndaky halklar birleşip garşy çykypdyrlar.Beýik Nowgoradlylardan galan ýazgylara görä esasynda Sibirde Surogonow we Ýermagyň toparlary ýerli halklar bilen urşanlygy barada maglumatlar berilipdir. Täze basylyp alnan ýerlerde ruslar ož agalygyny berkarar edip, ähli hadysalara gözegçilik edipdirler. Täze şäherlileriň özleri garakçylyk edip talasada olara garşylyk görkezmändirler. Oňa meselem Eteoranyň ölümi degişlidir. Şundan 10 ýyl geçenden soňra Pestri we Helidow perm ýeriniň hemme ýerini geçdiler. Şol permda pulsar birnäçe gezek Žmansilar bilen çaknyşdylar. Sibir ada öňki ýazgylarda name many aňladýanlygy ýazgyly däl , ýöne bir şäher bolanLYGY belli. Ilkinji katalalon kartasynda 1375 ý sebur di ylip bellendi. Berk sebur sözi rus çeşmelerinden däl diýýär. Sibir sözi 1457-1459-njy ýyllarda Aziýanyň ýokarsynda daglaryň aňyrsynda ýerleşýän bir şäher hökmünde karta girdi. Onuň günorta-günbatar tarapyndan Edil derýasy geçýär. Edil derýasy diýmek bu Wolga derýasynyň Türkçe adydyr. Demirgazyk-gündogaryndan atsyz derýa başlanýar. Bu hem Permi tümlük döwletinden çäklendirip durýar we şu ýerde Marko Polaň we onuň informatorlarynyň roly bellidir. Uralyň

deňizden-deňize ýagny demirgazykdan günorta çenli dogry araçägini kesgitlediler. Beýik knýaz Iwan Wasiliýewiç ýerine goşun iberdi, we ol goşun urşup birnäçe adamlary ýesir alypdyrlar. Beýik knýaz Petr Petrowiç we aralygyna syýahat edipdir. punkty bolup Wolga hyzmat edýärdi. Bu derýa ýokarsynda Kulýa derýasyna ýakynlaşýardy.Kulýa hem öz gezeginde Ak deňize guýup durýar.Silmadan aşak gaýdyp üstaşar Grada tarap gaýdypdyr.Ol şäheriň nirede ýerleşýänligi doly belli däl. Ýöne ol Şuger derýasynyň ýanynda bolmagy mümkin.Sebäbi Şugar derýasynyň ýanyndan daşdan edilen gysgajyk ýodajyk geçýär. Şuňa seretmek bilen bile rus goşunlary şol ýerden geçip Lapino dagyna barypdyrlar.Deňizden deňiz aralygy diýen faza bar.Munda iki sany deňiziň arasynda gidip ýatan daşlyk bar.Ýagny bu deňizleriň her biri demirgazykda we günortada ýerleşýär. XV asyrda ruslar bu deňzi iki sany basseýine bölenokdylar.Bular iki sany aýratyn deňiz hasaplasaň hem bolýardy. Başgaça aýdanymyzda günbatarda Ýerleşýän Barens deňzinden gündogarda ýerleşýän gyzyl deňze çenli aralygy aňladýar. Munuň subutnamasy bolup ruslar daşlaryň nirä gönikdirenligini açdylar.Bu hem Gerberşteýniň kartasyna girip durýar. Şol kartada daglaryň atlary we şaklyklary görkezilendir. Şeýlelikde XV asyryň soňunda ruslar irtişe girdiler. Soň moskwalylaryň kömek etmeginde oba girdiler. Beýik kinýaz W.Iwanowiç öziniň titulynyň obdoriki we kandirskn ýerleri obi we konde derýalaryny Irtiş akymyna girizdi.

**Mangeziýa ýol.** Eýýäm XV asyryň soňunda ruslar gymmat bahaly zatlary gözläp wagaý adasyna Ýugor şaryndan ýada kars derwezesinden Karek deňzine bardylar. Olar deňizden gündogar tarapa parus bilen ýamal adasyna gitdiler. Şondan bulançak derýa bilen ýokaryk galyp soň ýaşyl derýa bilen obeka bardylar we şeýdip derýadan – derýa geçip ekerançylygyň bar ýerine

bardylar.Demirgazyk Dwinadan Taza çenli 4-5 hepde gerek bolupdyr we ondan Peçora baş köl boýunça azyndan 3 hepda gerek bolupdyr. Tazowyň sag kenarlarynda kiçiräk birnäçe harat adajyklary we ol şol ýerlerde ýerli halklaryň hantlara nemeslere ruslar bulara öz-özini iýýänler diýip at beripdirler.Şol ýerde şolara satypdyrlar. Tazawyň sag kenarlary bu Mangeziýadyr.Mangeziýa hemme rus täjirleri şoňa barmagy arzuw edipdirler.Şol wagt XVI asyrda Ispanlar bolsa Eldarada barmagy arzuw edipdirler. Mangeziýa diňe bir deňizdir okeanyň üsti bilen baryp bolman eýsem Peçora derýasy we olam daşly guşaga we oba akryna ertýär. Günorta ýol bolsa Peçoradan demirgazyk Sosla eltip we olam oba eltýär. Üçünji gündogar ýoly bolsa Kama howdanyndan Çusowa akar boýunça Irtiş howdanyna ondan tura, tauduwa ondan tabala ýöne bu ýol iň uzyn ýol bolupdyr.Şu ýol bilen azyndan 3 aý gerek bolupdyr we şol ýerlerde Sibir tatarlary ýaşapdyrlar(Tobal we Irtişiň kenarlarynda)olar gowşak boluypdyr.Käbir knýazlary Moskwanyň beýik knýazyna salgyt töläpdirler. Ýöne bu ýerler XVI asyryň ortalarynda Kuçumhan tarapyndan basylyp alnypdyr.Kuçumhan Buhara Şeýbaky hanyň nesilleridir.Şonuň Kuçuma ruslar Şeýbany patşasy diýipdirler. Kuçum şol ýerleri basyp alandan soňra ruslara ol ýerler ýapylypdyr.Şol wagtyň özünde Kuçumyň hanlyga demirgazyga obyň aşaklaryna çenli ýaýrapdyr.Ol ýerlerde hem ruslar ýerleşipdirler. XVII asyryň ortasynda şazada Jenkinson günbatar ýewropadan ýygnananlaň arasynda ruslaryň döwletleri bolupdyr. Ol obuň kenaryndaka ýerleşýän Mangeziýa Molganzeý diýip at beripdir.XVII asyrda Hakioý taý neneňleriň adamlary iýişi barada ýazyp geçipdir.bu barada rus syýasatçysy Kalgoio şol ýerlerde syýahat edende adamlaryň ýeke-ýekeden kemelýänligi barada ýazyp geçdi. Ob derýasynyň günbatar tarapynda ada iýijileriň mekany bolupdyr. Olar

deňiziň kenarlarynda ýaşaýarlar. Olaryň ýurduna Molgaizeý (Mangeza) diýilýär. Olara iýmit keýik we balyk etleri bolupdyr.Käwagtlar biri- birini iýipdirler.Egerde olara uly täjirler gelse çagalarynyň birini öldürip şolara nahar bişirip beripdirler.Egerde şol ýerde täjirler ölse olar onam iýipdirler.Olar gowy atyjy bolupdyrlar. Deňziň beýleki kenarynda hem başga taýpaly adam iýjiler bolupdyrlar. Olaryň däpleri meňzeş bolsada dilleri başga bolupdyr. Bular üçin iýmit bolup balyk we etden başga ak we gara tilkiler iýipdir.

## 11. Beýik geografik açyşlaryň geografiýa ylmynyñ ösmeginde orny

XV asyryň ahyrlarynda XVI asyryň başlarynda esasy ugurlary döräp başlanso ýurtlar arasyndaky ykdysady gatnaşyklar gerek bolup başlaýar. Bu bolsa geografik açyşlaryň başlanyp, geografik pikirleriň gaýtadan ösüp başlamagyna ýol açýar.

Beýik geografik açyşlar döwründe Demirgazyk Merkezi we Gűnorta Amerika açylýar.

Hristofor Kolumb (1451-1506) beýik italýan syýahatçysy maksady. Santa Mariýa «Pinta» we «Ninýa» çäklerinde jemi 90 adam. 1492 12 oktýabrynda (Amerikanyň açylan güni) Bogam adalarynda barýar, soňra Kuba we Espanale (häzirki gaiti) adalaryny açyp ol gűndogar Hindistana geldi diýip düşünipdir (ýalňyşypdyr). (Şoňa göräde bu ýerlere «West Indiýa-Gűndogar Hindistan diýip) esasy Ost-Indiýadan tapawutly at beripdir».

2-nji eksp. 1493-1496 Antil adalarynyň bir topary açylýar.

3-nji eksp. Trinidad adasyna barýar we G/o Amerikanyň kenary golaýlaşýar.

4-nji eksp. 1502-1504 Gondurasyň golaýynda merkezi Amerika golaý barýar.

Nemes kartografy Martin Waldzemýuller täze dünýäniňAmerigo diýilip atlandyrylmagy öňe sürýär we 1538 ý-da Merkatorinyň düzen kartasynda ilki Amerikada görkezilýär.

Wasko-de-Gamma (1469-1524) 1497 ý-da Lissabondan çykýan Afrikanyň gűnortasy bilen arap osmanyň kömegi bilen Kolkuttanyň golaýynda kenarabarmagy baarandyr.

Portugal syýahatçysy Ferman Magelan (1480-1521) 1519 ý-da öz syýahatyny Ispaniýadan (Sanlukar de Barrameda portundan) başlap gűnorta deňizinden gűnbatara geçelge bolmaly diýip ýüzüp başlaýar onuň ekspedisiýasy Ýeriň daşyndan üç okeany hem kesip 1522 ý-da Ispaniýa gaýdyp gelýär özi bolsa ýolda öldürilipdir.

## 12. Russiýada teoretik pikirleriň ösüşi (XVII-XVIII asyrlar)

XVII asyr-rus syýahatçylarynyň gündogara tijen girşisi döwridir. Birnäçe onýyllyklarynyň dowamynda ruslar Orta we Gűndogar Sibiri, Uzak Gündogary, Kamçatkany açyp, russiýa goşdylar. Hem-de ýurduň täze kartasynda öz atlaryny galdyrdylar.

Meselem Habarow Ýerafeý Pawlowiç (ok. 1610-1667) Tobolskiden-Lena, Amur boýuna çenli ýetipdir. Ol geçen ýollarynda duşan ýerleriň tebigy şertlerini, platyny, hojalyk ýagdaýlary barada takyk maglumatlar toplapdyr. Amur boýunyň kartasyny (« reke Amuru») düzüp bilipdir.

W.W.Atlasow (1661-1664-1711ý) 1697-1699 ýyllarda Kamçatka ýöriş geçirip ol ýerler baradaky geografik düşünjeleriň artmagyna uly goşant boljak maglumatlary toplapdyr.

S.I.Dejnew (1605-1675ý) 1648-nji ýylda Kalyma derýasynyň aşak akymlaryndan Çukotka ýarym adasyny daşyndan aýlanyp ony açýar, ýazgy berýär, Aziýanyň çetki

nokadyny açýar oňa Daşdan Burun diýip at berýär. Soňra ol çetki nokat-burun onuň hatyrasyna Dejnew burny diýip atlandyryldy.

Russiýada geografiýa bilen gyzyklanmaga bbaşlanmagynyň esasy sebäbi ol ýerde entek feodal-krepostnoýçylyk düzgüni dowam edýän bolsa-da Pýotr I-niň girizen täzelikleri we düzgünleri ählirus bazarynyň giňemegine we ösmegine, ýurtda uly zähmet bölünişiginiň döremegine, onuň dünýä bazaryna çykmagyna şertleri döredipdir. Orsýetiň izagalaklykdan çykmagyna rus ylmy örän wajyp rol oýnapdyr. 1724-nji ý-da geografiýa ylmyny Orsetde ösmegine uly itelgi beren Rus Akademiýasy döredipdir.

Rusiadaky geografiýa ylmynyň başlangyjynda esasy iki topary bellemek bolýar: 1-si ruslaryň gullugynda durýan daşary ýurtlylaryň (Gmelin, Georg-Pallas, Messerşmidt, German) we rus geograflarynyň (Lomonosow, tätişew, Kirilow,Kraşensinikow, Lepehan, Ryçkow, zuýew we beýlekiler) toparlary. Şolaryň tagallalary bilen rus geografiýa ylmy XVIII asyrda dünýä dderejesine çykýar.

XVIII asyryň 20-nji ýyllarynda PýotrI-niň tagallasy bilen Messerşmidiň Sibire ugradylan ekspedisiýasy guralýar. 1720-1727-nji ýyllarda Sibiriň çäklerinde: Obyň d/g ýakalarynda, Orta Sibirde, D/g Mongoliýada bolup ilkinji gezek müdimilik doňaklygyň barlygyna ýazgy berýär.

Pýotr I-niň hökümi bilen Beringiň-Çarikowyň ekspedisiýasy düzülýär. Onuň maksady Amerika bilen Aziýanyň çatylýan ýerini tapmak bolupdyr. 1725-1730 ýyllardaky ilkinji synanşyk 1-nji Kamçatka ekspedisiýasy towsuz tamamlanýar. Gämileribuzluklar çykyp goýbermeýärler we olar yzlaryna dolonmaga mejbur bolýarlar. Ilkinji synanşyk 2-nji Kamçatka ekspedisiýasy 1733-1743 ýyllarda geçrilip öňkä garanda şowlyrak bolýar we olar Komandor adalaryna ýetip bilýärler we şol ýerde

gyşlaýarlar. Emma ekspedisiýanyň agzalarynyň birnäçesi şol sanda Bernig hem şol ýerde wepat bolýarlar.

Bu ekspedisiýalar iňňän uly Beýik d/g ekspedisiýasynyň bir bölegi bolupdyrlar. Ol ekspedisiýada jemi 600 adam bolup, birinji topary Ýamal ýa-adasynyň kenar ýaksyny (ýolbaşçysy S.P.Malygin 1736-38 ý), ikinji topary Taýmyr ýa-adasynyň kenarlaryny (ýolbaşçysy S.G.Malygin 1734-37 ý). Üçünji topar-da Taýmyryň kenar ýakalaryny barlamaktabşyrylypdyr, ondaky işleýän S.I. Çelýuskine Aziýanyň d/g nokadynytapmak tabşyrylypdyr, (bu topara ilki W.Pronçişewsoňra-da (ol ölensoň) H.P.Laptew ýolbaşçylyk edipdir (1735-1742)).

Häzir d/ggiňişligiň 77 41 ýerleşýän ol çetki nokada Çelýuskin burun diýýärler. Dördünji bölek G/d Sibiriň kenar-ýakasy bilenýüzmesi edilipdir. Ol topara ilki P.Lasins, ol ölensoň (1736) D.Ýa.Laptew (1735-1743 ý) ýolbaşçylyk edipdir.

Şeýlelikde barmasy örän kyn bolan ýerler barada anyk, ýerli maglumatlary köp toplapdyrlar we ýuwaş-ýuwaşdan rus fiziki geografiýasynyň ilkinji esaslary düzülipdir.

1745 ý-da Rus Imperiýasynyň atlasy döredilipdir, ol atlasa öz döwrüniň beýik geografy M.S.Brodskiý ýokary baha beripdir. Russiýada g/b Ýewropanyň alymlarynyň birnäçe işleri rus diline (Bernhard Wareniusyň «Geografiýa geniralnaýa», I.Gýubneriň «Zemnowodnogo şara kratkoýe opisaniýe iz staryh i nowyh geografiý») terjime edilipdir.

Pýotr I-niň goldaýan alymy prezident Berg-egindeşi E.Brýus1719 ý-da W.N.Tätişewe (1686-1750) Russiýanyň geografiýasy barada okuw kitabyny ýazmagy tabşyrýar, onuň hem sebäbi döwürdäki g/b ýurtlarda ýazylan geografiýa kitaplarynda russiýa baradaýalňyş nädogry maglumatlar köp bbolupdyr. Týatişewilki Orsýetiň ýer-ýurtlarynyň taryhyny soňra bolsa geografiýasyny ýazmagy makul bilipdir.

Týatişew Niderlandiýaly Bernard Wareniýniň (1622-1650) «Geografiýa Generalnaýa» (Umumy geografiýa) diýen işini oňat Owrenen eken. Wareniýniň bu işi jemi üç kitapdan ybara bolup, ylmy dikeldiş döwrüne mahsus şekilde, şol döwürde mälim bolan maglumatlaryň esasynda umumy fizgeografik şekilde ýazylypdyr.

Bu kitabyň 2-3-nji çap edilşi Isaak Nýutonyň redaksiýasy bilen çykypdyr. Nýuton Wareniýniň işlerini ulanyp geografiadan leksiýalar okapdyr. Şol kitapda Ýeriň umumy ýagdaýy we ýertogalagynyň ösüşi (II başda), Ýeriň esasy, onuň gurluşy (VII başda), Ýeriň zonalary-guşaklyklara bölünişi (XXIV başda) barada maglumatlar bolupdyr. Meselem Bernard Warenius öz kitabynda Ýeri üstündeesasy üç sany: 1) zona torrida-gyzgyn guşaklyk ýa-da yssy guşaklyk; 2) zona frigida-sowuk guşaklyk, ýa-da aňzaklyk; 3) zona temperata-amatly ýakymly guşaklyk ýa-da aram zonalary bölüpdir. Geografiýanyň öwrenýän Ýerini «ýersuw tegelegi-togalagy» (Weş (t.ýe. obýekt), o kotoroý pouçaýet geografiýa, ýest krug zemnowodnyý).diýip alypdyr. Ol Ýeri bir bitewiligine we gury ýere hem-de suwa bölüp öwrenmegi ündäpdir. Onuň şol pikirleri (300 ýyl mundan öňki) şu günler hem öz ähmiýetiniýitiren däldir.

Bernard Wareniýniň işini 1718-nji ýylda Pýotr I-niň hökümi bilen rus diline terjime edipdirler. Ol kitaplar jemi 40-dan gowyrak başlardan durupdyr.

1719-nji ýylda bolsa I.Gýubneriň «Zemnowodnogo şara kratkoýe opisaniýe iz staryh i nowyh geografiý» diýen kitaby rus diline terjime edilipdir. Bu kitap ýönekeý ýurt öwreniş häsiýetli bolupdyr. Ony düzeniň pikirine görä geografiýa-ýurdy öwrenmek bolup, ýazgylarda serhetlere, möçberlere, deňizlere, derýalara, administratiw gurluşlara, ilatyň hojalyk ýagdaýyna, dinine ünüs berilmeli diýilýär.

Týatişew geografiýa barada kitap ýazmak tabşyrylsa-da ol Russiýanyň taryhy barada maglumatlary geografiýa daýanyp ýazga geçiripdir. 1720-nji ýylda ony Uraldaky

döwlet (kazennyýe) dag (magdan) zawodlaryna dolandyryjy (uprawlýaýuşiý) edilip iberilýän, sebäbi ol daşary ýurtda dagmagdan işi boýunça okap öwrenip gelýär. Soňra 1734-1737-nji ýyllarda oňa Kanyň we Sibiriň zawodlaryn-da dolandyrmagy tabşyrýarlar. Týatişew bütin ömrüni «Istoriýa rossii» Orsýetiň taryhyny ýazmagyny dowam edýär. Onuň 5 tomdan ybarat ýygyndysy 1768-1848-nji ýyllarda çap edilipdir. Şeýlede Tätişew «Leksikow rosiýskiý» (öň sölükler şeýle atlandyrylypdyr) we «Predlojeniýa po sostoýaniýu istorii i geografii rossiýskoý»-198 bölümden ybarat iş programmasynyň üstünde işläpdir.

Geografiýa barada esasy işini ol «Orsýetiň taryhy» diýen işindäki geografik bölümdedi.

Tätişewiň pikiri boýunça geografiýa ýere we suwa ýazgy bermekden ybarat bolmaly. Geografiýa 1) uniwersalýa-da geniralnyý-esasy geografiýa bolup, ol bütin Ýeriň, suwlaryň, olaryň iň iri bölekleriniň ýazgylary bolmaly 2) «spesialmuýa i uçastiýa» -«ýörite we pudaklaýyn»-dürli ýurtlaryň ýazgylary bolmaly 3) «topografiýa ýa-da predeloopisaniýe»-topografiýa ýa-da çäkjleriň ýazgylary bolup bir ýurduň belli bir bölegi barada bolmaly diýip Tätişew bu bölekde iň kiçijik aralyk çäk bölekleri hem degişli bolmaly hasaplapdyr.

Tätişew geografiýany hili boýunça: matematiki, fiziki we syýasy böleklere-de bölüpdir. Onuň pikiriçe matematiki geografiýa Ýeriň ölçegleri, koordinatlaryň gurluş sistemasy we ş.m. Fiziki geografiýa aralyklary ol çäkden beýleki çäge (ýagny dagdan, düzi kölüň kenaryndan baýyrlyga, batgalykdan düzlüge, takyrda çäge we ş.m. M.A.) çenli bolan giňişlikleri, tebigy artykmaçlyklary, ýetmezlikleri (ýerli tebigy komponentleriň häsiýetli aýratynlyklaryny meňzeşliklerini M.A.) şu bölümde klimat esasy roly oýnamaly diýip düşündirýär: syýasy geografiýa ilatyň näme bilen meşgullanýanlygyny, şäherleriň, obalary we ş.m.-leri öwrenmeli diýipdir. Tätişewiň klassifikasiýasy esasan taryhy

nusgalary öziçine alýan bolsa-da onda tebigy kanunalaýyklyklary hem dogry kesgitlenip, esasy ünüs tebigy şertlere, baýlyklara we hojalyk pudaklaryna-da berilipdir. Şonuň üçin hem onuň böleklere bölünişi häzirki zaman geograflary-da inkär edip bilmeýärler.

Aziýa bilen Ýeropanyň araçägini Ural dag gerşi boýunça getirmegi hem ilkinji gezek ündän Tätişewdir. Ol Uralyň gerşi 1) ozaly bilenä suw bölüji bbolup hyzmat edýär we derýalar ondan g/b hem g/d akarlar, galybersede 2) G/b-ny derýalar, g/d-nylardan suwunyň düzümi we ondaky balyklaryň görnüşleri boýunça bir birlerinden tapawutlanýarlar; 3) g/b tarapda ösümlikler hem g/d-dan tapawutly meselem g/b-da dyb agajy ösýär, emma g/d-da ol aga ýok diýip ýazypdyr. Şeýle-de «Ural» sözüni başgyrtça-da «guşak» diýip terjime eden adam hem Tätişewdir.

Rus geografiýa departamentiniň täze sahypasynyň açylmagy M.W. Lomonosow (1711-1765 ý) bilen baglanşyklydyr. Adamzat taryhynda seýrek duşýan zehini bolan Lomonosow örän köp ylymlardan baş çykaryp, birnäçe ylmy ugurlaryň esasyny goýmagy başaran alym. Beýle diýildigi onuň biziň ylmymyza dahyllylygyny aýtdygymyz dälde onuň köp ylmy ugurlaryň metodologiýasyny düzüp esaslandyranlygynyň aýdyldygydyr.

Lomonosow Ýergabygy barada, ondaky dürli dag jynslary, minerallar barada(1763 ý-da) «O sloýah zemnyh»-«Ýeriň gatlaklary barada» diýen işinde Ýeriň., ondaky ähli jisimleriň ilki dreýşiniň düýgöter başgaça bolanlygyny, olaryň häzirki kaddyna gelinçä örän köp özgerişleri sezewar bolanlygyny, olaryň özgerişlerini taryh we gadymy geografiýanyň görkezýänligini belläpdir. Şol wagtky ýörelgelerde aýdylşyna görä: daglar, dereler,suwlar, minerallar we beýlekiler dünýä döräli bäri bar, olaryň hemmesi bile bir wagtda emele gelipdir diýýänleri «olar üç söz» «Alla şeýle ýaradypdyr» diýmäni ýat tutup şony

gaýtalap ýörenlere ylmy ýol bilen her bir tebigy agzanyň özüniň tebigy emele gelişiniň barlygyny görkezip jogap beripdir.

Lomonosow näme hakda pikir öwürip işlese-de isle ol gara toprak gelişi barada bolsun (ösümligiň, ýapragyň çüýremeginiň dowamy döwri bilen M.A.) is-de ýer gabygynyň hereketi barada (dag emele gelşiniň hili ýoly-tektoniki we epeýrogenika çeskiý (platformalarda ýuwaş-ýuwaşdan epilmegiň netijesinde) daglaryň emele gelýänligini ýazypdyr.

Lomonosow ylmy ugurlaryň özara baglanşyklary barada şeýle ýazypdyr «fizik matematikasyz köpdür himiýasyz eli zatsyzdyr (boşdyr)» diýip ýazypdyr. («Slep fizik bez matematiki, suhoruk bez himii»)

1763-ýylda «D/g deňizlerindäkisyýahatlaryň gysgaça ýazgysy we Sibir okeanynyň üsti bilen G/d Hindistana gidip boljaklygynyň mümkinçiligi» diýen işini ýazýar. Bu bolsa d/g giňişlikleriň öwrenilmegine örän uly intergi bolupdyr. Onuň Arktika basseýni ondaky hereketi barada maglumatlary ýygnamagyň zerurlygy barada we G/d ýerlerini özleşdirmegiň uly ähmiýeti barada zatlarynyň köpüsini ol döwürde amala aşyrmak mümkin bolmalydyr.

Lomonosowyň işlerinden görnüşine görä ol diňe bir fiziki, taryhy (gadymy) geografiýa barada ýazman eýsem ykdysady geografiýa (şol termini şu görnüşde ilkinji gezek ulanypdyr) barada-da maglumatlar getirip, hojalyk görnüşleri, olaryň ösüşleri barada, tebigy çig-mal baýlyklary, ilaty ýerleriň erleşişleri, olardaky önümçilik pudaklary barada-da ýazanlygy aýdyň grünýär. Meterologiýanyň ösmegine-de uly goşant goşýar, ölçeg gurallaryny özi ýasap gözegçilikleri ýola goýmakda köp işleri bitiripdir. Şeýle-de beýiklik bvoýunça guşaklyklaryň barlygyny ilkinji kesgitländir.

1757-1765-nji ýylar arasynda Rus Akademiýasynyň, Geografiýa depertamentine ýolbaşçylyk edeninde onuň işiniň

täzeçe guralmagyna, Orsýetiň dürli ýerlerine ýörüte ekspedisiýalar gurap ugradyp, ol ýerleriň fiziki geografiýasynyň taryhynyň, etnografiýanyň öwrenilmeginde uly rol oýnandyr.

Lomonosow ýerli ýaşlardan hyünärli alymlaryň okuwçylaryň taýýarlanylmagyna-da uly ünüs beripdir.

Onuň ezber okuwçylarynyň biri P.I.Ryçkow (1712-1777 ý) bolupdyr. Ol geografiýanyň köp ugurlaryndan baş çykarypdyr. Täze gurulýan şäherleriň topografik işlerini ýerine ýetirmegi oňa ynanypdyrlar. 1759 ý-da Lomonosow ony ilkinji Rus Akademiýasynyň ilkinji agzasy edip saýlanmagyny teklip edipdir.

Onuň ýene bir güýçli okuwçysy S.P.Kraşeninikow (1711-1755 ý) bolup ýönekeý soldatyň ogly akademiklige çenli ýetipdir. Ol 1737-41 ýyllarda Komçatkany öwrenipdir. Onuň üstünde 10 gezek kesip geçipdir we örän takyk maglumatlar toplap ýazmagy başarypdyr. Onuň hatyrasyna köp geografik ýer ýurtlara onuň adyny dakypdyrlar.

Lomonosowyň, Tätişewiň täsiri bilen russiýada örän köp sanly geograflar döräpdirler.

## 13. Täze döwürdäki geografik düşünjeler

Ýer ýüzünde özüni “türkmen” diýip atlandyrylýan her ynsan üçin iň gymmatly toprak, iň ýakymly howa, iň gözel tebigat, iň belent buýsanç, guwanç hem-de borç Türkmenistandadyr. Topragyň, howanyň we beýleki tebigy gözellikleriň gymmatlylygy biziň hemmämiziň ganymyzda, bedenimizde, tenimizde Türkmenistanyň topragynyň, howasynyň, tebigatynyň, ähli agzalarynyň bölejikleri bar. Eger-de birnäçelerimiziň ata-babalarymyz käbir sebäplere görä bu mukaddes toprakdan jyda düşen bolaýanynda-da, olaryň nesilleriniň ganynda ata-babalaryň gany bar ahyryn. Eýsem-de damarynda şeýle buýsançly belent ada mynasyp

bolan, ýagny “türkmen” adyny alan ägirtleriň gany akýan ynsan ol ägirtleriň aýak basan, nesillerden-nesillere göbek ganlary daman, ençeme pajygaly hadysalardan taryhy gatlaklarynda goran, şu güne getiren ata ýurdyna, ene toparagyna buýsanç bolmazmy? Şu günki türkmen nirede bolsa-da asly mekanynyň azat-garaşsyz durmuşda ýaşaýanlygyna, onuň özbaşdak hojalyk ýöredip, uly üstünlikler gazanýanlygyna, dünýä ýüzünde hem ykdysady, hem syýasy ýörelgeleri bilen meşgurlyk gazanýanlygyna, berk begençli, adalatly döwlet döredip ösdürýänligine guwanman durup bilmez. Şonuň üçin hem şu mukaddes ýurdy ata ýurdy hasaplaýan her bir taňry bendesi, ene topragyň bir bölejigini unutman onuň öňünde, ata ganyndan paý alandygy üçin olaryň ýagty ýadygärliginiň öňünde, asyrlar dowamynda der döküp, gan saçyp gorap, bu günki gün bize miras galdyrandyklarynyň hatyrasynyň öňünde, şu ýurda, topraga, ondaky halka hyzmat etmäge borçlydyrys. Bu borç ýönekeý bir howaýy zat däl-de biziň ber birimiziň öz başymyzdan belent, janymyzdan eziz, mukaddes borjumyzdyr.

Adamzada bu dünýäde tebigy nygmatlaryň: howanyň dem almaga, suwuň bedendäki jisimleriň birişikli hereketini üpjün etmäge, beýleki agzalarynyň (himiki elementleriň) durkymyzy saklap güýç we skyl işlerine ukyplylygymyzy dowam etdirmäge gerek bolşy ýaly, ruhy iýmit diýilýän: ata ýurdyň ene topragy, ata-baba ýörelgeleriň dowamaty, nesiliň öňki nesile bolan buýsançly, guwançly gatnaşygy, öňki nesilleriň gazananlaryny artdyrmaga bolan yntylyş bar zatdan beter zerurdyr. Bu mukaddeslikler bolmasa nesil ýiter, il dargar.

Biz kim bolsagam, nirede, nähili hünär eýesi, kär hojaýyny edilip goýulsagam bizde ilkinji borç ata ýurdumyzyň parahatlygy, müňlerçe ýyllarda ýitmän, dargaman dürli hojalyk, medeniýet, sungat babatlarynda dünýä meşgur, nusga alarlyk, tohum ýaýradarlyk netijeleri gazanyp bize miras goýan ilimiziň şu günki abadanlygyny

goramaga we onuň ýeneki asyrlara dowamatly bolmagyny üpjün etmäge güýjümizi, gaýratymyzy, ukyplarymyzy, azabymyzy eger-de gerek bolsa janymyzy hem gaýgyrman ümzügimiz oňe bolmalydyr. Ata-babalarymyz diňe özlerinden öňki ötenleriň ýeten derejelerini has ýokary götermegiň, ösdürmegiň netijesinde bize şeýleki dünýä nusga bolup galan mirasy goýup gidipdirler. Olaryň sarpasyny tutmazlyk, ýollaryny ýöretmezlik bolsa bütin dünýä halkalarynda iň ýigrenilýän aslyna biwepalykdyr.

Ata ýurdumyz Türkmenistan garaşsyzlygyny alaly bäri syýasy garaşsyzlygymyzy, ýany bilen ykdysady garaşsyzlygymyzy üojün etmegiň ugrunda-da ýadawsyz aladalar edilýär. Allanyň eradasy bilen uly il bolup bir agyzdan saýlan ilkinji Prezidentimiz tarapyndan gitmeli bolanlygyna garamazdan eziz ilini çarkandaksyz ýol bilen öňe oňe alyp gitmäge öz şirin janyny hem gaýgyrman, gije gündiz zähmet çekýär.ony bolşy indi köplere görelde bolup, ýurdumyz il halky üçin jan aýamazakly gije gündiz işleýänleriň sany gün-günden artyp başlady. Käbir mükirlik edenler, şol başdaky boluşlaryndan utanmaly boldylar. utAnmak ukybyny ýitirenler kerwene üýren güjük mysaly ýolda galdylar. Käbir kerwenden azaşanlar yzlaryny tapyp kerwenbaşynyň köplenç halatlarda eketäk dogry ýoly saýlap bilýänligini, ýoluň kä ýerlerinde kynçylyklar bolmagyna garamazdan, umumy ugryň tüýs şu günki gündäki zerur, wajyp, göniden-göni öňe alyp biljek ugurlygyny öz ýüreklerinde ykrar edip, ýalňyşlaryny boýun alyp, ötünç sorap gelýärler. “Bir ýalňyşdan är ölmez” diýilenini edip olaryň hatasy geçilýär we täzeden synaga salynyp ýurdyna hyzmat etmäge rugsat berilýär. Bu-da gadymlardan gelýän sähra eýeleriniň, olaryň nesli türkmenleriň sahawatlylygyndan mysaldyr.

Syýasy garaşsyzlygymyzyň ykrar bolanlygyny hemmämiz biziň ýurdumyzdaky içki we daşky syýasy gatnaşyklarda hiç kime tabynlykda bolman özboluşly ösüş

ýolumyzyň dowam edýänligini görýäris. Ykdysady garaşsyzlygymyzy gazanmagymyz, eger sähelçe synlamagy başarýanlar görýändirler, bize örän agyr düşýär. Sebäbi biziň ülkämiz tutuşlygyna çig mal ojagyna öwrülip, diňe merkeze zerur bolan öünmi öndürüp özüne-de alyp galmaga erki bolman gultunyp ýaşamaga mejbur edilipdi.bu hili depeden urmak syýasaty 50-nji ýyllaryň ikinji ýrymyndan başlap has-da ösüp, möwç alypdy. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşiniň geçen 6-7 onýyllyklardaky taryhyna ser salan her bir aňly adam munuň şeýledigini görer.

Ykdysady garaşsyzlygymyzy üpjün etmäge biziň Prezidentimiz syýasy garaşsyzlyk alan ilkinji günümiäden, has dogrysy aç-açan bolmasa-da ondanam öň başlapdy. Biziň altyn toprakly, güneş çogly ülkämizde ösüp ýetişýän adamzat üçin zerur zatlaryň ösdürilmeginiň onlarça ýyllap togtadylandygy, örän agyr kynçylyklar döretdi. Ol kynçylgyň boljagyny öňünden gören kerwenbaşymyz “Täze oba syýasaty” diýen ýörelgäni oňe sürdi. Şeýdibem onlarça ýyllap aňymyza siňdirilen taýýar çörek iýmegiň nädogrylygyny özümize zerur nanyň öz ülkämizde öndürilmeginiň mümkindigini ýuwaş-ýuwaşdan beýnimize guýup başlady. Ilki-ilkiler bu syýasata her hillilik bilen şek atjak bolanlaram, halka hyýanat edip, açlyk, horluk döretjek bolanlaram boldylar. Ýöne olaryň hemmesi Allatagalladan öz paýlaryny aldylar, entek almadyklary hem alarlar. Şu ykdysady garaşsyzlygymyzyň ugryndaky edilen uly edimleri görmedigiň gözüne diýýäýmeli boldy. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ululy-kiçili fabrikler, zawodlar, gaýtadan işleýän kärhanalar bary-ýogy sanlyja ýylyň içinde ýüzlerçe boldy. Indi iki ýyl yzly-yzyna halkymyzyň iýjek gallasy artykmajy bilen gahrymançylykly zähmet çekýän daýhanlarymyz öz topragymyzda öndürýärler. Gazy, nebiti gaýtadan işläp taýýar önüm öndüriljek günler hem daşda däl. Sebäbi eýýäm ol ugurlarda duýarlykly ädimler edilip, halkymyzyň üpjünçiligini bulaklaryň döwetleri açylyp

başlady. Energiýa bilen üpjinçiligimize dünýä ýurtlarynyň gözi gidýär-doslarymyz guwanýarlar. Metal öndürmek üçin, olardan gerekli enjamlar, maşynlar ýasamak üçin ýörite taýýarlyklar görlip ýör. Olaryň hem iş ýüzüne geçiriljek günleri daşda däl.

Şu aýdylanlar Türkmenistanyň Garaşsyz ömründe gazananlarynyň müňden biridir. Biz eziz ülkämiziň gözümiziň öňünde gowlyga tarap oňe ösýänliginiň saýasynda Türkmenbaşynyň duranlygyny, Allanyň eradasy bilen her zady öz nobatynyň ýerbe-ýer goýýanlygynyň guwanýarys. Syýasy, ykdysady garaşsyzlyklarymyz ykrar bolan şu günlerde ruhy garaşsyzlygymyzyň gazanylany aýtmasak, görmezlige salsak onda biziň Alladan daş düşdigimiz bolardy. Ata-bab sahabatly, dogryçyl, sadadan päk ýüreklerimize hyýanat etdigimiz bolardy. Ilki dünýämiziň abatlygyny islesek ruhy garaşsyzlygymyz ozala Alla, galybersede Türkmenbaşynyň tagallalarynyň netijesinde gaýdyp alanymyzy her dem saýyn ýatlap Hudaýa şükür etmelidiris.

Geçen onýyllyklaryň içinde gör näçe musulman bendeler, taňrynyň gullaryn (beýleki dinleriň wekilleri hem) şu derejede ruhy taýdan azat bolmagy arzuw edip, ýetip bilmän ötüp gitdiler. Biziň döwürlerimiziň bu babatda, Alla köp görmesen, bagty çüwdi. Namazyny (Haka bergisini) gizlenip okaýanlar indi Alla senalaryny Açyk gaýtalap metjitlere barýarlar. Allanyň öz öýünde wadat edýärler, bergilerini berýärler, köp günälerden saklanýarlar.

Ynha şuňa-da ruhy garaşsyzlyk diýilýär, sebäbi öten geçenlerini ýatlap, sadaka berjekmi, belli günlerdäki adatlary-pars, sünnet wajyplary ýerine ýetirjekmi, ölä, dirä zyýarat etjekmi umuman dünýädäki ähli hereketleriňi hiç hili garawsyz ýerine ýetirmäge doly ygtyýarly bolundy.

Türkmen topragynda ruhy garaşsyzlygyň sergin şemalynyň jana ýakymly öwüsgünde ýurdumyzdaky dörän täze geografik atlar hem şaýtlyk edýär.

Özüňiz seljerip göräýiň türkmen topragynda, has takygy Hazaryň gündogar kenaryndaky bir aýlaga gadymdan bäri (horezmleriň, gyrkanlaryň döwründen bäri bolsa gerek biziň eramyzdan öň V-IV asyrdan bäri) “Gyzyl suw” diýlip gelnipdir. Emma 1716-njy ýylda rus (imperatory) patyşasy Pýotr I hökümi bilen bäş müňden gowrak goşuna baş bolup Bekowiç Çerkaskiniň Döwlet Kizden Mürzäniň ýölbaşçylygynda ekspedisiýasy şol ýylyň noýabr aýynyň başynda kenara gaçyp rus berkitmesini gurýar. Şol berkitmäde onuň günortasynda ýerleşen türkmen obasynyň we ol obanyň ýerleşen adasynda gündogardaky rusden terjime edilen adyny “Kranowodsk” dakýarlar. 1917-nji ýylda Bekowiç Çerkiskiniň goşuny doly ýok edilensoň ýüz gowrak bu kenara ruslar gelmeýärler. Emma 1886-njy ýylda rus polkownikiň Stoletowyň baştutanlygyndaky harby ekspedisiýasy bu ýerde gelip şol berkitmäni we onuň adyny (rusça) dikeldýär. Şol at bilen ilki Şagadam diýen ýerde (şu ýerlerde süýji suwly guýysy we ýagyş suwunyň syrygyp emele getirýän ýerasty we ýer üsti süýji suwly köwlenmeler bolanlygy üçin bolsa gerek) berkitme soňra gala gurýarlar. Soňra demir duralgasy, gämi duralgasy, Sowet soýuzy döwründe oblast merkezi bolan şähere öwrülýär. Häzir ol “Krasnowodsk” diýilýän rusça atly şähere “Türkmenbaşy” diýilen at dakyldy. Bu adyň dakylmagynyň örän uly syýasy ähmiýetinden ötdi, umasyz ruhy ähmiýeti bar. Sebäbi şu şäher dürli ýerlerden gelýän gämi kerwenlerine diňe bir türkmen topraga däl, eýsem Merkezi Aziýadaky ýerleşýän doganlyk türki dilli ýurtlarada uly derweze bolup hyzmat edýär ahyryn. Şonuň üçin hem şäheriň häzirki täze ady ozaly bilen şu ýerden türkemn topragynyň başlaýandygyny habar berýän bolsa, galy bersede uzaklardan gelýän kerwenleriň deňizden çykyp türkmen topragynyň üsti bilen gadymy Oguz Hanlar ýurdy Türkmenistanyň dürli künjeklerine ýollaryň uzap gitmegini hem aňladýän at boldy. Biziň üçin “Türkmenbaşy” diýlen adyň has uly gymatlygy, ol hem öz ata ýurdumyzyň,

ene topragymyzyň ýgtyýarymyzyň özümize gaýdyp gelendigini aňladýanlygyndadyr. Kimiň nä pikirdedigine kän bir gulak gabartmaň, biz şonuň tüýs ýürekden begenýändiris, biziň bilen pikirdeşleriň millionlarçasy hem şeýdendirler. Şu geografik atlar, ýagny: “Gyzyl suw”, “Şa gadam”, “Krasnowodsk”, “Türkemenbaşy” kimdir birini gyzyklandyrsa kitaplardan maglumatlar ýeterlik tapylmasa biz söhbetimizi giňişleýin guramagada taýýardygymyzy ýatladýarys.

Indi ikinji täze geografiki at “Daş oguz” şäheri barada kelam agyz sözleşeli.

Dogrusyny aýtsaň, daşdan salynýan howuz kän. Şäheriň haýsy birinde gadymy bolsun, şu wagtky bolsun howuz gurulmaýany barmyka, onda-da biziňki ýaly tomusy juwzaly bolan ýerlerde. Howuz gurjal bolsaň oňada daş ulanmasaň, daşlary birikditip doňdurýan ýörite palçyk ulanmasaň, kesekden howuz gurup suw saklap bolmaýar.

Biziň belli topoýunçy alymymyz Soltanşa Atanyýazowyň 1970-nji ýylda çapdan çykan “Türkmenistanyň toponimik sözlügi” diýen kitabynyň 111-nji sahypasynda “Daşhowuz-şäher, oazis, raýon, demir ýol stansiýasy. Şäher gadymy wagtlarda daşdan edilen howuz boýunça atlandyrylypdyr. Daşlary alynan ol howuz (diametry 13-15 mert) şäherdäki häzirki 9-nji kwartalyň 400 metr gündogarynda ýerleşýär”, diýen ýazgylary görmek bolýar. Hywanyň galasynyň 300 metr günbatarynda has ulurak daşlary alynmadyk howuz häzir hem içine balyk göýberlip gelen myhmanlara hyzmat edýän çaýhanasy bilen hezil berýär. Her bir daşdan salnan howuzly şähere şol at dakylmaly bolsa Hek bir Hywa däl gadymy şäherleriň hemmesinde-de dakaýmaly. Şol kitabyň “Daşhowuz” makalasynyň ahyrynda awtor şäheriň adynyň “Daş oguz” manysynyň barlygyny “Käbir adamlar ” gepledip ýaňzydýar-da, ýene-de köneçilikde aýyplanmakdan çekinip bolsa gerek “Biziň pikirmizçe bu nädogrydyr” diýip öňe sürýär.

Bu ýerde Soltanşa Atanyýazowy günäkärlemek ýa-da başga pikir ýöretmek hyýalymyz ýok. Ol kitap ýazylan wagty biziň alymlarymyzyň köpüsi ellekileşdirmek bürgüt mysaly aýagy bagly, başy galpakly, özüne niýetlenip dikmek sütünjügiň üstünde oturdylyp, galpagy başyndan göterip, nähili awa salynsa şony almaly bolýärlar. Kimsine syçan, kimsine-de towşan kowdurýarlar. El guşuna he salan awyny alýärlar, ony awa salmak bolsa awyça bagly. Ol wagtynda awyçymyz el guşlarymyzy iriräk (keýikdir, jeren, tilkidir, gurt) aw awlamaga salmazdy, eger-de özi şol hili awa ulaşaýjak bolsa (Mäti Kösäýýewi edişleri ýaly) ýok günäleri ýükläp aw awlamaz ýaly günälere salýardy. Şonuň üçin bu ýerde Soltanşa Atanyýazowda günä ýok, gaýtam şol adyň emele gelmeginde "Daş oguz" manynyň barlygyny bilmeýänlere, ýaşlara ýaňzydyp, "gyzym diýdim gelnim düş" diýen terzde aýtmany başaranyna sag bolsun diýmeli.

Ynha indi döwür başga. Bizden dogruçyl, hakykaty beýan edýän maglumatlary tapyp eziz ilimize ýetirmek talap edilýär. Oguznamany okan ýa-da eşiden her adam bize ýetip gelen örän gysgaldylyp, bölek-bölekligine garamazdan turuw başdan Oguzhan nesiliň iki topara bölünýänini görer. Onuň her aýalyndan dogulan oglanlaryň (1-nji aýalyndan-Gün, Aý, Ýyldyz atly ogullar; 2-nji aýalyndan- Asman, Dag, Deňiz atly ogullar) soňky ykballary bir toparynyň altyn, beýleki toparynyň kümüş peýkam tapyp gelenleri, ahyrda-da olaryň öz atalaryndan pata alýärlar. Oguzhan olaryň biriniň toparynyň (sagda) Buzuklar, (çepde) Uçuklar diýip atlandyryo iki bölege bölüp deň pata berýär ahyryn.

Dürli taryhy, ylmy, ylmy-çeper eserlerde oguzlar-guzzlar (araplaryň aýdyşlaryna görä) barada örän köp maglumatlar bar. Şolaryň käbirlerinde (W. W. Bartold 5 tom) Oguzlaryň uly topar taýpalary (daganlyk taýpalary) özüne birikdirýän demirgazyk Hytaýdan Hazara çenli aralyklarda ýaýran halkyýetliligi aýdylýar. Galybersede olaryň diňe gündogarky böleginiň "dokuz oguzlar" diýip atlandyrandygy

günbatarda has köp taýpalary özüne birikdirýän uly toparyň barlygy hakda maglumatlar köpdir. Oguzlar kökiniň gadynýetlere çuňlaşyp gidýän umumy türki dilli hunlara-gunlara ornaşyp gidýänligi, olaryň bolsa biziň eramyzdan öň has irki döwürlerde Ýuwaş umman kenarlarynda Gara-Ak deňizlere çenli aralykdaky üzülmeýän bir bitewi çäklerde ýaşaýandyklary, birmeňzeş dilleriniň bolanlygy çarwa ýa-da oturymly, awçy ýaly hojalyk tapawutlarynyň bolanlygy barada-da çeşmeler tapylýar. Meselem W. W. Bartold "Türkmenler" atly makalasynda ( турки (историко-этнографический) Сочинения Т-5. 576-596 ст.) türki halklardan köplenç başga halk hökmünde görkezilmäge ymtylýan häzirki mongol halkynyň gadymy ata-babalary hasaplanylýan Sýanbi halkynyň hem aňyrsynda bir bitewi türki dilli ilatyň bolanlygyny, tunguzlaryň hem aňyrsynyň gadymy türki dilli halka gelip birigýändigini ýazýar. P. Pelonyň 1925-nji ýylda Leningratda (häzirki Sank-Peterburgda) okan leksyýasyna salgylanyp, Hytaýda saklanyp galan Sýanbi sözlüginiň barlygyny, ol sözlüge görä Sýanbi halkynyň diliniň türkligini kesgitlemek bolýanlygyny, şeýlelik-de türki dilli halklaryň käbir alymlaryň çaklaýşyndan has gadymylygyny, galybersde köp sanly taýpalary özüne birleşdiren, bir at bilen aňladylan Skisirleriň hem türki dilli bolanlygyna şaýatlyk edýän maglumatlary getirýär (VI. 577-579sah.). Gadyrly adamlar! Häzirki wagtdaky ýakutlaryň-sähelleriň, tiwallaryň (Sibir halklarynyň) türki dilde biziň bilen uly kynçylyksyz, terjimeçisiz pikir alyşyp bilýänligini ünse alsak, gadymky Tungyz dili hem diýilýän diňe türki dillerden habarsyz adamlar tarapyndan başga dil hasap ediläýmese, bolup aýyrar ýaly däl. Göz öňüne getirip görüň, Bering bogazyndan tä Ak (Ortaýer) deňzine, Demirgazyk buzly ummandan Tibet daglaryna aralykda ýaýran halklaryň dilleriniň meňzeşligini diňe bir bitewi kököniň barlygy bilen düşündirip bolar. Bu ylmy çeşmeler barada gysgaça söz açanymyzyň esasy maksady Prezidentimiz Saparmyrat

Türkmenbaşynyň biziň bir atanyň ogullarymyzy, ýagny Oguz hanyň nesillerimizi aýdanynda, ylmy taýdan çuňňur düşünjäni bize ündeýänligini bellemek üçindir.

VIII asyrda şeýle ägirt uly bir bitewi köki bolan halkyň käbir toparlarynyň yslam dinini kabul edip beýlekileriniň entek öňki düşünjede galanlyklaryny göz öňünde tutsaň, onda Oguz han nesliniň hem hemmesi bir wagtda yslamy kabul etmändiler ahyryn. 712-nji ýylda häzirki Köneürgenç şäheriniň ýerindäki şäher ilaty we onuň töwerekleri yslamy kabul edip, salgytlardan boşadylyp, durmuşlary oňatlaşanda, töwerekdäki entek dine girmedikler bilen gapma-garşylykly hereketler bolandyr. Şonda-da dine girenleriň goranyşy üçin ýörite Oguz toparlary döredilip olara "Daş oguzlar" ýagny dine giren oguzlaryň daşyny goraýjy oguzlar – oguz beglikleri diýilendir.

Gorkut atany ünüsliräk okasaň şu hili maglumatlary görmek bolar. Gorkut ata eposy biziň ata-babalarymyzyň musulman dinini alanyndan soňky taryhy wakalardanköpüräk habar berýär. Ondaky maglumatlaryň, edim-gylymlaryň hemmesi diýen ýaly biziň kalbymyzda ahlak päkligini, maddy arassalygy, durnuklylygy, sabyrlylygy, parahatlyga, abadanlyga ymtylşy, zähmet çekip hal iýmäge ýörelgeleri, endikleri terbiýelemäge gönükdirilen bolansoň, ol biziň ruhy baýlygymyzyň gözbaşlarynyň biri bolup hyzmat etmäge mynasypdyr. Biziň ruhy baýlygymyzň çäksiz umman şekilli bolup onuň örän köp sanly goşantlary bardyr. Oguznama, Gorkut ata, Görogly, Ýusup-Ahmet ýaly eposlar we hal dessanlarymyz şol goşantlardyr. Bu goşantlar wagtyň has irki geçmişinden gelseler Azady, Magtymguly we beýleki (klassiklerimiz) edebiýatymyzyň düýbüni tutujylar has täze çeşmelerden göz baş alan goşantlardyr.

Türkmenbaşymyz Daşoguz welaýatymyzda bolup onuň öňki hiç bir manysyz, taryha dahylsyz, gadymyýetden kök alan halkymyzyň ruhy esaslaryna täsirsiz adyny, şeýle çuňluklary, giňlikleri, belentlikleri, ata-babalaryň geçen

ýollaryny bize, biziň nesillerimize hemişe ýatladyp durjak ady dakyp, gadymy Ruhymyzyň şu günki türkmeniň Ruhnamasyna täsirini has güýlendirdi. Daşoguz adyny şäher, welaýata dakyp, müňýyllyklardan bize bakyp ýatan ata-babalarymyzy tirsegine galdyrdy. Adyň gutly bolsun!

Türkmeniň ýene-de bir gadymy ojaklarynyň biri-de amul şäheridir. "Ýagşy ýigidiň ady köp" diýilşi ýaly taryhy geçmişde bu şäheriň hem dürli atlary bolan. Gadymky ady "Amul" köp taryhy çeşmelerde duşýar. XI asyrda ýaşan, iki piriň hyrkasyny alan beýik türkmen alymy Abu Mäneli 7 ýyl Garagumda derwüşlikde, ekelikde bolup obasyna geleninde, dünýäden öten öňki halypasynyň goýup giden hatyny alýar. Şol hatda öňki halypasy Abu Fazly pir, mürzi Abu Seýide öz hyrkasyny geýdirip Garaguma ugradanlygyna (göeni ýetip "özüm bilen deň eşdiň" diýen manyda hyrkasyny bermek däbi bolupdyr) garamazdan ol gelensoň Amul şäherine, eger duş bolsa Abul Abbas pire gol bermegini sargapdyr. Abu Seýit pir ol alyny yzlap Amul şäherine barýar we birnäçe wagtdan onuň hem doly ynamyny-patasyny alýar. Şeýlelikde, XI asyrda türkmen topragynyň çäklerinden çykman iki piriň hyrkasyna mynasyp bolan ýeke-täk pir, ähli musulman äleminde uly halypalaryň biri, öz ýaşan döwründe keramatlary görkezip bilen türkmen iň soňky patany Amul şäherinde alypdyr.

Amul şäherini, käbir çeşmelerinde Amyderýanyň üstünden geçelgäni üpjin edýän kerwen saraý ýaly edip hem görkezýärler. Köne şäheriň galyndylary häzirki şäherden günortarakda ýerleşýär. Egerde orta asyrlarda uly pirli mekdepli bolan bolsa ol kijijek derýadan geçmäni üpjin edýän kerwen duralgasy dälde, uly şäher bolmaly. Emma soňky asyrlaryň pajygaly wakalaryndan soň, ýagny Şeýbany hanyň gan döküşikli çaknyşyklaryna aklamak maksady bilen öz ýanyndan özüne "din gylyjyny götöriji", "yslamyň arassalygyny gany goraýjy" we muňa meňzeş atlary dakyp

hämlik ugrundaky söweşlerinden soň bu şäheriň kiçi ilatly ýere öwrülip galan bolmagy gaty ähtimaldyr.

Çärjew adynyň gelip çykyşy hem şol hadysalara bagly bolmaga mümkin. W.W. Bartoldiň (соч.III-T 561 ст.) ýazmagyna görä Çärjew güzeri-derýadan geçelge görnüşindäki at ilki Baburnamada 903 (497-98) ýyllaryň wakalaryny beýan beýan edýän ýazgyda duşýanlygyny aýdýar.

Bu adyň Çärjew (Çahar: jew-ju) görnüşindäki manysyny dört aryk diýip düşündirýärler (Soltanşa Annanyýazow 1970 263 sah.). emma biziň pikirimizçe bu pars sözüne ýene-de bir tarapdan seretmek zerurmyka diýýäris. Eger-de biz şol Baburnamadaky görkezilýän ýyllarda özüne “Dini goraýjy” diýip ynandyrmaga çalyşan Şeýbany Hanyň ozalky parahatçylykly, ysnyşykly gatnaşykdaky bolan yslam dini akymlaryň biri-birine garşylygy ýitileşdirendigini ünse alsak we şaýylar bilen sunnileriň arasyna tow düşünrenligini ýatlasak ýene-de bir many döreýär. Ol many şol döwürde dindarlaryň başyna geýýän sellesindäki çalmanyň sany bilen baglanyşykly. Ýagny Sunni we mezhebine degişli dindarlaryň sellelerine 4 çalma, ýagny 4 gatlak aýlaw bolup olaryň her aýlawy Resulylladan (s.a.w.) soňky halyflaryň biriniň hataryna, ýagny çaryýarlara bagyşlanan. Şaýylylaryň sellerinde bolsa 12 aýlaw çalma bolup ol şaýy mesgebindäki 12 ymamlaryň hataryna aýlanypdyr. Başgaça aýdylanyn-da Sunniler başlarynda çaryýarlaryň ruhyny Şaýylar 12 ymamlaryň ruhyny ýerleşdirmäge jaýlary göterýärler diýen manysy bolan selle geýipdirler. (Bu mesele barada şol döwürdäki wakalary has oňat bilesi gelenler Pirimkul Kadyrowyň “Babur” (1983) atly romanynyň 302-310-njy sahypalary.) Çärjew adynyň galmagynyň şol döwürlere degişli bolaýmagy gelýän kerwenler şu şäherden günortadan-günorta günbatara Ismapyl şanyň häkimlik eden ýerlerinde 12 şowly galmaly sellä derek 4 şowly çalmaly selle geýýänlerini görüp “Çahar-Şow”,

“Dört-gat”, “Çarşowlylar” diýen manydaky ady ulanypdyrlar diýesiň gelip dur.

“Çar-şow” diýen “Çakar guşy”, ýagny dört gat ýa-da dört ujal manyny berýän pars sözü türkmen dilinde başgada bir ýerde, ýagny dört reňkli zolaklaryň dörtburçluk emele getirilip dokalan matasynyň ady hökmünde ulanylýanlygyny bilýäris. Çarşow matany ýüňden, ýüplikden, ýüpekden dokap, aýal maşgalalaryň başlaryna atylýan ýaglyk ýa-da köýnek dikilip geýilýändigini 1940-1950-nji ýyllarda günbatar Türkmenistanda görmedik ýok bolsa gerek.

Şonuň üçin hem “Çärjeu” – “Çärjew” ýaly şol pajygaly ýyllarda dörän bolsa onuň şu hili mazmuna gulluk edip, emele gelenligini hem düşürmek bolmaýar.

Şonuň üçin hem biziň ilkinji Prezidentimiz Türkmenbaşy emele gelşi nämälim we düşniksiz diýeninde müň kerem dogry aýdýär. Häzirki wagtda Sünni-Şaýy mezhebleri barada-da jemgyýetdäki pikir hut 1414-1452-nji ýyllarda ýaşap geçen gündogaryň beýik ynsanlarynyň biri Abdyrahman Jamy Nureddin ibn Ahmediň aýdyşyna kybapsaş. Ol beýik ynsan bu din dowasy barada öz pikirini şeýle ýazypdyr:

Şaýy-Sünni dowasyndan bulanýar ýüregim, içim
Eý, otparaz, guý meýdan içip, sowadaýyn içim
Özüme berilýän sowalyeşidýän “Jamy seniň özüň kim?”
Jogap berýän “Sünniniň item däl, Şaýynyň eşegem”.

Eger meniň terjimäme nädogrydyr öýdenlere şol sözleriň rusçasyny Pirimkul Kadyrowyň ýokarda agzalan kitabynyň 304-nji sahypasyndan tapyp okap bilerler.

Hakykatdan-da bu at tüýs ýerine düşen hem durmuşda düşnikligi bilen, ol şäheriň ýurdumyzyň durmuşdaky tutýan orny bilen, hem şu günki syýasy-ykdysady talaba jogap berip

bilişi, hem-de türkmen ruhynyň rowaçlanmagyna hyzmat etmäge mynasyp bolup biljek ýeke täk dogry at boldy.

Bize gury ýer ýoly, duw ýoly, howa ýoly gündogardan gelen kerwenler “Türkmen iliň abat bolsun” diýen arsuwlar bilen geçip topragymyza mynasyp gadamlaryny goýsun.

Ýurdumyzyň, ilimiziň abatlygyndan oňat bähbit ýer ýüzünde hiç bir türkmen üçin ýokdur. Asly türkmeniň abadanlygyna, oguz nesliniň ýurdylygyny aňlatmaga hyzmat etmäge, türkmen topragynyň başlangyjylygyny habar bermäge maksat tutan täze geografik atlarymyz gutly bolsun, mübärek bolsun.

Biz hem öz gezegimizde Alladan türkmen halkymyzy onuň kerwenbaşysyny ýagşy niýetlerine, maksatlaryna ýetirmegini tüýs ýürekden dileýäris.

## 14. XX asyrda geografiýa ylymynyň ösüşi

XX asyryň başynda geografiýa ylmy Dokuçaýewiň taglymatlaryna laýyklykda täze rewüşde ösüp başlady. 1905-nji ýylda Krasnowyň Dokuçaýewiň işlerini jemläp kitap görnüşinde çykarmagy, birnäçe alymlaryň Ýeriň tebigatyny öwrenmekdäki işleriniň dogry ýola düşmegine sebäp boldy. L.S.Berg ýaly alymlar döräp fiziki-geografiki etraplaşdyrmakda umuman, öwrenilýän ýeriň tebigatyny yzygiderlilikde anyk beýan etmekde täze ugurlary saýlap alypdyrlar. Olaryň işleri umumy fiziki-geografiýanyň ylmy esaslarynyň döredilmeginiň taryhynda aýratyn orun eýeläpdirler.

Ylmyň taryhy diýilýän zat bu ylmyň aýratyn, özboluşly ähmiýeti bolan, bolupgeçen hadysalary, çaklamalary, taglymat pikirleri, okuw ündewleri olaryň haýsy döwürlere degişliligini seljermäge ukyply ylmy ugurdyr.

Ähli ylymlaryň taryhynda birmeňzeşlik bardyr, adatça ylym haýsy hem bolsa bir döwürdäki jemgiýetde

ýaşan adamlaryň pikirleriniň şöhlelenmesi, jemleridir. Şol jemgiýetdäki ýaşaýyşyň görkezijisidir, ylymyň ösüşi hem burma şekilli bolup, onuň her tawunda şol wagtky pikirler, durmuşyň talabyna görä bolan ýörelgeler, amaly çäreler baradaky seljeriş, şolaryň şol döwürdäki düşünilişiň derjesinde umumylaşdyrylan netijede berilmegi ylmyň taryhy seplerini getiripdir.

Geografiýa ylmynyň taryhy hem edil şonuň ýaly, dürli döwürlerdäki Ýer ýüzüniň öwrenilişiniň (syýahatlaryň taryhyndan) hem-de geografik pikirleriň ösüşiniň taryhyndan ybaratdyr.

Geografiýa ylmynyň taryhy (şol sanda fiziki-geografik raýonlaşdyrmak) hem örän çylşyrymly, ol ýazýan alymlardan diňe bir geografiýa ylmyny çuňňur bilmekden ötri taryh barada-da örän köp bilmekligi filosofik pikirleri seljermegi başarmagy talap edýär. Şoňa göräde ozalky SSSR-de umuman Russiýada bu barada belli alymlar Anuçin D.N., Berg L.S., Obruçew W.A., P.P.Semenow Týanşanskiý, has giň möçberde we häzirki zaman talaplara laýyklykda A.G.Isaçenko, I.P.Magidowiç we beýlekiler kitap ýazypdyrlar.

Gadym dünýä döwrüň (biziň eramyzda ozalky 546-njy ýyldan – Gresiýada guleýeçilik düzgüniň girizilen wagtyndan – biziň eramyzyň 476-njy – Günbatar Rim imperiýasynyň ýykylan-ýylyna çenli). 1022 dowamyndaky wagt birliginde geografik pikirleriň şol sanda fiziki geografiýa raýonlaşdyrmagyň ösüşi.

“Geografiýa” diýen (termini) adalgany ilkinji bolup ylymda ulanan Erotosfen hasaplanylýar (çen bilen biziň eramyzda öňki 270-194 ýyllar) ol ilkinji bolup Ýeriň umumy ulylygyny hem kesgitlemäge synanşypdyr. Onuň hasaplamalarya görä ýaryny häzirki zaman takyk ölçeglerden 310 km tapawutlanýar.

Ylymda iň wajyp meseleleriň biri Ýeriň şar-togalak şekilliliginiň kesgitlenilmegi bolupdyr. Onuň şeýleligini

ilkinji bolup çaklan Parmenid (b.e.ö 515-445 ý.ý.) hasaplanylýar. Başga birnäçe alymlar bu pikiri ilkinji aýdanyň Pifagorlygyny (b.e.ö 570-500) hasaplaýarlar.

B.e.ö VI-njy asyrda ýaşap geçen Geketaý Miletli (546-480) gury ýerde syýahatlary köp geçireninden soň ilkinji karta düzmäni ýola goýupdyr. Ol öz kartasynda özüne mälim bolan gury ýer üstini üç sany dünýä bölegine bölüpdir: Ýewropa, Aziýa we Liwiýa. Aziýa bilen Ýewropanyň araçägini Fasis (Riony) derýasy) Aziýa bilen Liwiýanyň araçägini bolsa Nil derýasy arkaly geçiripdir.

Şeýlelikde ýer üstiniň bölege bölünmeginiň ilkinji synanşygy başlanypdyr.

A.B.Ditmaryň pikirine görä Ýewdokos (b.e.ö takmynan 408-335 ý.ý.) ilkinji bolup Ýeriň togalaklygyny onda tropik guşaklygyň barlygynyň pikirini öňe süren bolsa Aristotel (b.e.ö 384-322 ý.ý.) ýeriň togalaklygyny ynandyryjy delillendirip (Aý tutulanynda onuň ýüzini tegelek kölgäniň ýapýanlygy, gözýetimiň (gorizontyň beýge çykdygyňça giňelýänligi, deňizde ýüzüp barýan gäminiň ýuwaş-ýuwaşdan gýitýänligi) onuň üstünde arktiki hem tropik guşaklyklaryň barlygy, olaryňň arasynda aram-ýagny adam ýaşamaga ýaramly ýeriň barlygyny belläpdir. Şeýlelikde Ýer ýüzünde ilkinnji gezek zonallygyň barlygy, şol zonallyk boýunça-da böleklere bölüp boljakdygyň pikiri orta atylypdyr.

Erotosfeni geografiýa ylmynyň atasy diýip örän adalatly bellenýärler. Oňa bu hili hormatly lakamyň dakylmagy diňe bir “geografiýa” diýen adalgany tapyp ulananlygy üçin dälde, onuň Ýeriň takyk kartasyny düzeni onuň ýüzünde parallelleri we meridiannlary geçirenligi, Ýeriň üstünde giňişlik zolaklary “klimatlary” bellänligi ol klimat zolaklarda gündiziň dowamlylygynyň üýtgeýänligini ýazanlygy, hem-de Ýeriň ýüzinde fiziki-geografik welaýatlary-sfagridleri bölmäge eden synanşyklary üçindir.

Erotosfen soň Ýeriň ýüzünde giňişlik guşaklyklary bölmäge has içgin çemeleşen Posedonidir (b.e.ö 135-51 ý.ý.). Ol Ýer togalagynyň üstünde jemi 13 sany guşaklyk bölýär. Onuň bbölen guşaklyklarynyň sany häzirki zamandaky guşaklyk bölünişi bilen gabat gelýär. Emma onuň bölen guşaklyklary bilen häzirki hasaplanylyp çykarylan guşaklyklary deňeşdirip bolmaz. Olar deň däldirler.

Umuman alanyňda Erotosfeniň işlerindäki fiziki-geografiki böleklere bölmek baradaky pikirleriň başlangyjyny Dikearhyň işlerinden görmek bolýar. Dikearh ilkinji bolup demirgazyk we günorta oýkümenler baradapikir ýöredipdir ahyryn.

Şeýle-de Hindistany (Indiýa), Eýrany (Azeaniýa) Eýran tekiz daglyklaryň çäklerini, Mesopotamiýanyň, Siriýa çöllüklerini sfragidler (oblastlar-welaýatlar) görnüşinde bölüp ilkinji ýurt öwreniş boýunça böleklere bölmegiň nusgasynyň öňe sürüpdir.

Erotosfeniň işleri hiç biri biziň günlerimize çenli saklanmandyr. Onuň pikirlerini ulanyp ösdürip bize ýetiren Strabondyr (b.e.ö 64-23 ý.ý.). Ol 17 sany kitapdan ybarat bolan Geografiýasynda şeýle ýazypdyr, “Häzirki gury ýerleriň bir wagytlar deňiziň düýbi bolanlygy deňiz düýpleriniň bolsa ýaşalýan, gury ýer bolanlygy örän täsin zat” diýip ýazypdyr.

## 15. Häzirki zaman geografiýa ylmynyň ýagdaýy

XX asyryň başlarynda rus geografiýasynda Dokuçaýewiň zonallyk baradaky (kanunalaýyklyklary) teoretiki we praktiki pikirleri berk ot\rnaşypdyr. 1905-njy ý-da G.N.Wysoskiý Dokuçaýewiň pikirlerini has-da ösdürip giňişlik boýunça zonalary kesgitlemekde mukdar görkezijileriň, ýagny t°-nyň ýyllyk ortaça mukdarynyň, dünýä

ygalyň we howanyň çyglylygynyň ýerli bugaryşyň mukdaryna gatnaşyklarynyň ünse alynmagynyň zerurlygyny olaryň zonalary çäklendirmekde wajyp ähmiýetiniň barlygyny belläpdir. Şeýlelikde-de Dokuçaýewiň yzyny ýöredijiler raýonlaşdyrmakda dürli tebigy şertleriň ünse alynmagylygyny nygtapdyrlar. Şol wagtlarda-da, «fiziki-geografik raýonlaşdyrmak» diýilýän termin ulanylyp başlanylypdyr.

Orsýetiň ilkinji zonal raýonlaşdyrylmagyny ilkinji bolup 1913-nji ýylda amala aşyran L.S.Berg «Landşaft» diýen termini ulanypdyr. Onuň bu işi örän ýerlikli (A.G.Isoçenkanyň aýdyşy ýaly klasiki) iş bolup, ondan soňky şol hili işleri ýerine ýetirenlere görkezme nusga bolup hyzmat edipdir.

Rewolýusiýadan soňky döwürde örän uly ünüs-döwlet möçberinde kartografiýanyň, geografiýanyň beýleki ugurlary bilen birlikde ösdürilmegine gnükdirilipdir. 1919 ý-da W.I.Lenin Ýokary geodeziýa uprawleniýasyny döretmek barada dekrede gol çekýär. 1921-nji ýylda bolsa sowetler ýurdunyň atlasyny döretmek baradaky karara gol çekipdir. Ilkinji gezek tutuşýurduň million masştabdaky kartosyny düzmäge 1918-nji ý-da girişilýär. Ol kartany 1946 ý-da düzüp gutarypdyrlar şonda 180 bölek (list) kartalary düzmeli bolupdyr.

Şol kartalarda D/g buzly okeanyň kenar ýakasynyň gurluşy, birnäçe adalar täzeden karta geçirilipdir. D/g Ýer adalarynyň çäklerinde täze adalaryň birnäçesi açylypdyr. Nowosibirskiý adalaryndan g/b-daky Wasilewskiniň adasy diýilýäniň deňize çümüp ýok bolany, şeýle-de Täze Sibir (Nowosibirskiý) adalaryndan d/g-daky «Zemlýa Sannikowa» (Sannikowyň Ýeri), Wrangel adasynyň g/b-daky «Zemlýa Andreýewa» (Andreýewiň ýeri) diýilýän adalaryň ýolygyny açyp kartasyny täzeden düzüpdirler. Wasilýewskiniň adasy diýilýän 1912 ý-da B.A.Wilkiskiý tarapyndan karta geçirilipdir. Emma 1936-nji ý-da onuň ýerinde ýalpak suwly

deňiz düýbi galypdyr. Merkezi we Orta Aziýanyň daglyklarynda heniz adamzada nämälim ýa-da Ýewropalylara belli bolmadyk birnäçe ýerler açylyp, olara ýazgy berilipdir. Öňki SSSR-de iň beýik (nokat) depeler Kommunis piki 7495 m; Lenin piki 7134 m şol ýerlerde ýagny daglyklaryüstündäki buzlyklar açylyp öwrenilipdir. Orta Aziýada iň uzyn buzluk 71,2 km uzynlykdakyFedçenko buzlygy şu ýerleri öwrenen rus syýahatçysy A.P.Fedenkonyň ady dakylypdyr. Dünýäniň üçegi diýilýän dag Pamir dagynyň gerişleri öwrenilip, barmasy kyn bolan Ylymlar Akademiýasynyň gerşi hem öwrenilip ýazgysy berilipdir.

Kamçatkanyň has içgin öwrenilmegi netijesinde 1931 ýylda ol ýerleriň takyk kartalary düzuipdir. Geýzerleriň ýaýran ýerleri has takyk öwrenilip, ol ýerleriň kartalary hem çyzylypdyr.

Ahli açyşlar we takyklamalar SSSR-de geografiýanyň ösmegine, onuň ylmy we praktiki ähmiýetiniň artmagyna getiripdir. W.W.Dokuçaýewiň, A.N.Krasnowyň (geografik kompleks), Bergiň (landşafty), olaryň teoretik düşünjelerini ulanyp, has öňe süren A.A.Grigorýewiň (geografik oboloçka-gabyk-perde), tebigatdaky kanunalaýyklyklaryň janly organizimleriň Osmegindäki rolyny, hemme taraplaýyn baglanşygyny esaslandyryp W.I.Wernadskiý we beýlekiler tebigat baradaky düşünjeleriňdiňe bir ozalky SSSR-de däl eýsem bütin dünýä ýüzünde täze öwşgün bilen ösmegine uly goşant goşan adamlardyr.

1920-nji ýylda SSSR-de (Russiýada) GO EL RO-Rossiýanyelektrikleşdirilmegiň Döwlet plany düzülip, ýurtda ykdysady pudaklaryň rejeli ýerleşdirilmegi barada-da köp işler bitirilipdir. Ýurdy ykdysady raýonlaşdyrmakda uly işleri M.N.Kalininiň we G.M.Krinjanowskiniň işleriniň ähmiýeti ulydyr. Ykdysady geografiýanyň başlangyjy örän çylşyrymly şertlerde, burjuaz ideologik düşünje bilen täzeçe işleşmegiň

garşylyklaýyn hereketleriniň täsirinde başlanypdyr. Ony fizgeografiýadan bölüp aýryp, syýasy ykdysadiýetiň bir bölegi etmäge synanşyklar köp bolupdyr. Emma şol gapmagarşylykly göreşni geografiýanyň peýdasyna çözülmeginde N.N.Baranskiniň roly örän ulydyr. Ol ilkinji bolup 1926-njy ýylda SSSR-iň ykdy geografiýasyny ady bilen okuw kitabyny ýazyp, ähli jedelli meseleleriň çözgüdini beripdir.

## 16. Geografiýa ylmynyñ umumy we esasy meseleleri

Orta asyrlarda, gadymdünýä döwründäki ylmy garaýyşlaryň ösüşi togtadylan ýagdaýa düşýär. Sebäbi ähli aň-düşünjäniň, garaýyşlaryň hristian deňiniň taglymatyna tabyn edilmegidir. Dini düşünje dünýewi garaýyşlaryň ösmegiňe päsgel berýär. Oňa mysal edip Kosmo Indikoplowyň (VI asyrda ýaşan söwdegär, soňra monah bolan) Dünýäniň (älemiň) “Hristian topografiýasy” (Hristianskoý topografii wselennoý) diýen işinde, Ýeriň durkuny bir uly dört bburçly çelige meňzedip, ony suwuň ýüzünde ýüzüp ýören şekilde suratlandyrypdyr. Rim (ortaýer ýa-da Ak), Gara (Kaspiý) Hazar deňizlerini bolsa umanyň (bbir-bitewi) gury ýere giren aýlaglary hasaplapdyr.

Şeýle pikirler, ýörelgeler hristian dininiň ýaýran ýerlerinde ýöredilensoň ylmy nazarýet ýa-da amaly tejribelerde ösüş V-IV asyrlar aralygynda durgunlyga sezewar bolupdyr.

Emma Ýewropanyň demirgazyk çetinde Skandinawiýada ornnaşan Normanlar (Wikingler-aýlagdan çykanlar) IX-X asyrlarda uzak aralyklara ýüzüp Islandiýany (Buzly ýurt-867ý. Naddot) Grenlandiýada (ýaşyl ýurt 985 Erik Rygiý), birnäçe wagytdan soň (987-1000 ý. Býarn we Erik Moryň ogly Zeýf Bagtly) Amerikanyň demirgazyk-

gündogar kenarlaryny açypdyrlar. Şeýlelikde entek Ýewropalylara mälim bolmadyk ýer-ýurtlar açylypdyr.

Orta asyrlarda Arabystan ýarym adasynda güçli döwlet döräp ondan çykan syýahatçylar Ýewraziýanyň köp ýerlerinde bolupdyrlar. Olardan Ibn Nordodben (820/26-912/13) "Ýollaryň we ýurtlaryň kitaby" diýen uly işe ýazýar. Onda Arabystan, Eýrann, Müsür we beýleki ýurtlar barada maglumatlar beripdir. Asly türkemn bolan Abu-Aly Ibn Sina (980-1037) köp syýahat edipdir we ýer-ýurtlaryň bir-birlerinden tapawutlary barada ýazypdyr. Biruny (973-1048 ý.ý.) Merkezi Aziýada, Hindistanda köp syýahat edipdir we "Masudyň kanunlary" diýen meşhur işini ýazypdyr. Ol kitabynda Nepal, Tibet, Ferganadann çykýan ýollar, Gündogar Türkistan ýurtlary barada köp maglumatlar beripdir. Şeýle-de Biruny öz işlerinde Amyderýanyň hanasyny üýtgedip, akýanlygy barada dogry pikirleri ýazypdyr. "Gymmatbahaly zatlary tanamagyň hasabatynyň kitaby" (Kniga swodok dlýa poznaniýa dragosennosteý) diýen işinde 50-den gowyrak minerallara ýazgy beripdir. "Maşadyň kanunlary" diýen kitabynda geografik uzaklyklaryň ölçenilşiniň trigonometriki usullaryny ýazypdyr. Onuň şol wagytky ýazan zatlary häzirkizaman geodeziýa usullarynyň esasyny-düýbini tutupdyr.

1100-nji 1165-nji ýyllarda ýaşan Arap geografy Idrisiniň umumy geografiýa ylmynyň ösmeginde, şol sanda raýonlaşdyrmagyň käbir nusgalaryny işläp düzmekde bitiren işleri ulydyr. Oňa Amur, Tibet, Peçora kenarlary, tutuş Ýewropa Baýkal-onuň töwerekleri mälim bolupdyr. Ol iki hili, tegelekleýin hem dört burç karta düzüpdir. Kartada koordinatlaryň bolmanlygy we onçakly takyk dälligini hasaba almasaň öz döwri üçin örän ýokary derejeli iş bolupdyr. Ol ýerde ýedisany bölekleri bölüpdir, her bölekde-de 10 sany klimaty tapawutlandyrypdyr.

Ibn Batuta (1304-1377 ý.ý.) 25 ýyllap (1325-1349 ý.ý.) syýahatda bolupdyr. Ol Hytaýda, Merkezi Aziýada,

Indoneziýada, Hindistanda, Krymda, Demirgazyk we Gündogar Afrikada we beýleki ýerlerde bolupdyr. Öz syýahatlary baradaky maglumatlary "Ibn Batutanyň syýahatlary" atly işinde jenaläp ýazypdyr.

Orta asyryň görnükli syýahatçylaryndan Marko Polany (1252-1324) we Afanasiýa Nikitini bellemek (doglan ýyly bellidäl –1472 ý) gerek. Olar ýurtlary tapawutlandyryp bilipdirler, şol ýurtlar barada kitap ýazylmagyna sebäp bolupdyrlar.

Beýik geografik açyşlaryň döwri XV-XVI asyrlaryň sepgidinde başlanýar we Hristofor Kolumbyň, Waski-de-Gammanyň, Fernan Magelanyň we beýleki syýahatçylaryň açyşlarynyň netijesinde Ýer togalagynda dürli täze ýerleriň barlygyny anyklamaga kömek edýär. şeýle-de ruslaryň Ýewraziýadaky Ýeriň daşyna aýlanmakdaky (has giçki döwürde) Antarktikany açmakdaky bitiren işleri fiziki-geografiýanyň, şol sanda raýonlaşdyrmanyň ösmegine uly itergi bolupdyr.

Orta asyrlaryň taryhy geografiýasyndan maglumatlar.

Türkmen halkynyň ata-baba köküniň müňlerçe ýyllaryň aňyrsyndan bolmasa-da, köklere uzalyp gaýdýanlygy hemmä mälim. Has-da Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan bäri birnäçe ýyl içinde alnyp barylýan içki we daşky syýasy tagallalardan soň dünýä ýüzünde-de ol piker öz ornunda jaýlaşdy, ornaşdy.

Islendik zat bu jahanda uzak wagt dowamynda barlykda dowamat bolsa ol şahalanýar, ýaýraýar, ulalýar, köpelýär, özgerýär, ösýär. Bu ýeriň tebigatyna mahsus kanunalaýyklyk bolany üçin, ony iňkär etmäge ýol ýok. Şeýle bolýan bolsa sähra eýeleri, Ohot deňzinden Garadeňziň demirgazygyna çenli giňlikde ýaýran gadymy Nuh pygamberden soňra alyp, biziň eramyzdan öňki Türki dilli halklaryň toparlary ýaýrandyr.IV-asyr töwereklerinde "Tuk ýuç" ("Syratly olar") diýipdir. Ondan soň Oguzlar (Guzlar ) ady bilen dünýä belli bolan, birnäçe taýpalary ozone birikdirýäň halkyýetiň gönüden-göni dowamy biziň eramyzyň VII-VIII asyrlarynda

ilki bada “Turk-Ýurt” soňrak “Türkmen” adyna eýe bolanlar, şu günki Türkmenlere çenli gelip ýetenlerdir.

Türkmenlerde ýagny biziň taryhymyzda bir uly esasy tiräniň daşyna ownuk tireleriň ýygnanyp jebisleşmeklerinden emele gelýän uly iliň döreýänligi barada näçe giýseň taryhy maglumatlar bar. Gadymy geçmişlerden habar berýän Görogly eposynda Görogly “Tekçeli türkmenli ilden bolanlar” diýmek bilen, bir esasy , daýanjy, düýbi, güýçli goragy bolan türkmen ilindenligini buýsanç bilen tekrarlasa Şabendäniň “Asly Söýün hanly agyr ilidir” diýmegi bilen Mongollaryň imperiýasy synanyndan soňky döwürde-de türkmeniň öz aslyny bir esasdan alyp gaýdýanlygy, olaryň örän köp sanlylygy aýdyň aýdylýar.

Türkmen we Gazak ýaşulylary bilen söhbetdeş bolanymyzda olaryň ata-baba geçmişi taryhdan habarlyraklary, Türkmenler Söýün han ilinden, Gazaklar bolsa onuň inisi Ýaýyn han ilindendir diýerdiler. Bu aýdylýanlar türkmenler bilen gazaklaryň bir atadan emele gelen iki doganyň töweregindäki, bitewi esasdan bölünen doganlyk halklardygyna güwä geçýär.

XIV-asyrda dünýäde iň giň ýer-ýurtlary bir imperiýa birikdirmegi, bitewi bir döwleti edara etmegi başaran Timurleň ölüm ýassygynda ýatyrka onuň köp sanly beglerinden biri Uzbeg atly adam ozone Türkmen diýdirip ýören begleriň biri, imperiýanyň içinde birnçe galaly (hüňkarly) şäherleri öz häkimligine tabyn edip, tabyn bolan ilata şol ýerlere-de Uzbegiň ýerleri, Uzbegiň ili diýmäde mejbur edipdir.Şeýlelik-de täze bir türkmen dilli halkyň döremegine başlangyç bolupdyr.

Ýeri geleninde aýtsak XIII-asyrda türkmenleriň arasynda “Ozallar hemeler Türkmen bolmaga ymtylýardylar, indi bolsa mongol boljak bolýanlar köpelipdir” diýip aslyna biwepalyk edýänleriň üstünden gülüpdirler.

Türki dilli halklaryň has gadymy esasdan gaýdýanlygyna , olaryň asyrlaryň dowamynda uly bir

daragyta öwrülip, ol daragytyň köp sanly şahalarynyň Ýer ýüzüne ýaýranlygyna göz ýetiresiň gelse dünýä kartasynyň öňüne baryp olaryň ýaýran ýerlerini synlamaly.Eger şeýdilse, onda Ýewraziýada Dežnew burnundan tä Ortaýer deňzine, Demirgazyk buzly okýan kenaryndan Tibet daglaryna çenli aralykda üznüksiz çäkde Türki dilli halklaryň ýurtlarynyň ýerleşýänligini görersiňiz.

Bu taryhy- geografik ylmy ugur entek oňat ýeterlik derejede öwrenilmedik bolany üçin, okyjylara köp maglumatlar ýeterlik däldir. Emma öwrenilmegine sabyrlylyk bilen garaşyp ýatan we öwrenilmegine wagt ýeten ylmy ugurda birnäçe alymlar köp işleri bitirýärler. Ol alymlaryň tagallalary bilen gyzykly we wajyp işler alnyp barylýar.

Türkmenler bilenTürkileriň ganybirligine göz ýetirmäge ymtylýanlara gysgajyk, emma taryhy-geografik hakykatdan susulyp alynan maglumatlary ýetirmeklik ýerliklidir hasaplap, Samanylar, Gaznawylar, Seljuklar ýa-da Saltyklar, barada gürrüň edeliň.Beýle diýilse türki dilli garyndaşlarymyzyň ady tutulmadyklary, türkmenleriň türklerden daşlaşan halklardyr öýütmeli däldir.Taryhyň gatlaklaryna näçe çuňňur, düýpli aralaşdygymyzça, türki dilli halklaryň häzirki döwürde nähili atlandyrýandyklaryna garamazdan bir bitewi kökden dörändiklerini subut edýän maglumatlar köpelýärler.

## 17. GDA girýän ýurtlarda geografiýa ylmynyñ ösüşi

Fiziki-geografik raýonlaşdyrmak işi esasy iki sebäbe görä ylmy häsiýete eýe bolup başlady. Ozaly bilen örän çalt ösýän kapitalistik önümçilik gatnaşygyna geçilmegi, galybersede geografik pikirleriň has giň ýaýrap ösmegi Ýer üstiniň böleklere bölünip öwrenilmegini talap edipdir. Dürli döwletlerde fiziki-geografik raýonlaşdyrmak şol bir wagtyň özünde döräp, deň derejede ösmändir. Şoňa garamazdan

raýonlaşdyrmak umuman özboluşly ylym hökmünde XiX asyrda ylmy ulgamlaryň arasynda orun alypdyr.

Russiýada fiziki-geografik hem ykdysady geografiki şertler raýonlaşdyrmanyň çalt depginler bilen ösmegine ýardam edipdir. Şoňa göräde fiziki-geografik raýonlaşdyrmagyň bu ýurtda ösüş taryhyny birnäçe döwre bölmek mümkindir.

Birinji döwri (XVII-nji asyryň ahyry we XIX asyryň I-nji ýarymy). Russiýada ýurdy raýonlaşdyrmaga synanşyklar ozallar hem bolupdyr. Emma W.W.Týatişew XVIII asyryň 30-njy ýyllarynda ýurdy raýonlaşdyrmagyň zerurlygy barada aýdýar. Şeýle bolsa-da diňe XVIII-asyryň ahyrlarynda ýurduň tebigy şertlerine görä raýonlaşdyrmagy barada öňde baryjy alymlar we watançy döwlet işgärleri aladalanyp başlapdyrlar 1791-nji ýylda watançy ýazyjy A.W.Radyşýew Russiýany administratiw çäklere bölünileninde, onuň tebigy şertlerine, taryhyna we ykdysadiýetine-de üns berilmeliligini aýdýar. Şeýle-de Sibiri tebigy aýratynlyklary we ähmiýetliligi boýunça bölege bölmegi öňe sürýär.

Şol wagytda Rossiýanyň Ýewropa Bölegini üç sany giňişlik zolaga: Demirgazyk, Orta we Günorta bölmeklik ýörelgesi bardy. 1766 ýylda A.F.Bisingiň 1787-nji ýylda S.L.Pleşşeewiň çapdan çykan okuw kitaplarynda şeýle maglumatlar bardy.

1818-nji ýylda K.L.Aresenýew guberniýaly toparlara birikdirip Russiýanyň çäklerinde 10 sany aralyk meýdan böleklerini (prostranstwo) bölüpdir. Guberniýalary şeýle toparlara birikdirenini, olaryň klimatynyň, ýeriniň hiliniň (tebigy önümçiliginiň) tebigy şertleriniň we ýaşaýjylaryň öndürýän önümleriniň meňzeşligi boldy diýip awtoryň özi belläpdir.

1842-nji ýylda Russiýanyň maliýe ministriliginiň çap eden işinde Russiýanyň Ýewropa bölegini dört sany

geografik ýurda, tokaýly senagatda, gara toprakly we öri meýdanlary bölüpdirler.

1840-njy ýylda çap edilen Ýe.A.Ýewersmanyň işi beýlekilere meňzemeýär. Ol Orenburg welaýatynyň çäklerini tebigy böleklere böleninde: ýarym çöl, sähra we Günorta Uralyň dag tokaý sährasyna bölüpdir. Olar bolsa ýerli tebigy zonalara gabat gelýärler.

Ikinji döwür XIX asyryň ikinji ýarymy (50-80 ý.ý.) Fiziki-geografik raýonlaşdyrmagyň taryhyndaky II-nji döwür örän az möhleti öziçine alýan bolsa-da bu döwürde Russiýanyň Ýewropa böleginiň tebigy şertleriniň aýratynlyklary boýunça böleklere bölmek täze ylmy taýdan ýokary derejede amala aşyrylyp başlandy. Pudaklaýyn geografiýa ylymlary ösüpdir we şolaryň häsiýetli aýratynlyklary boýunça raýonlaşdyrmak amala aşyrylypdyr. Muňa mysal edip R.Ýe.Trautfetteriň 1851-nji ýylda çap edilen Rossiýanyň Ýewropa böleginiň botaniki-geografik raýolaşdyrşyny: N.A.Beketowyň 1874, N.A.Sewergowyň 1877 we beýlekileriň dürli ýyllarda çap edilen zoogeografik raýonlaşdyrma degişli işleri bolup biler. 1886-njy ýylda S.N.Nikitin ilkinji bolup Russiýanyň Ýewropa böleginiň geomorfologik raýonlaşdyrylşyny hödürläpdir. Ol şonda ýurdyň çäklerinde iki sany 1)buzlanma sezewar bolan, we 2)buzlanmanyň basmadyk geomorfologik tapawutly böleklerini bölüpdir.

XVIII-asyryň geografik raýonlaşdyrylmalaryndan tapawutlylykda XIX-asyryň 50-80-nji ýyllaryndaky raýonlaşdyrma tebigy şertleriň aýratyn agzalarynyň has takyk öwrenilip, olaryň özbaşdak raýonlaşdyrylyp başlanlygy bilen geografiýa ylmynda täze sahypalary açypdyr. Botaniki-geografik, zoogeografik ýa-da geomorfologik raýonlaşdyrylma geçiren alymlar öz öwrenýän tebigy agzalaryny aýratynlykda dälde beýleki tebigy agzalar bilen galtaşykly, arabaglanykda örenip, olara-da üns beripdirler.

Üçünji döwür (XIX asyryň ahyry XX asyryň başy) Bu döwür Dokuçaýewiň öz işleri we mekdebiniň ýörelgeleri bilen beýlekilerden tapawutlanýandyr. Bu döwürde fiziki-geografik raýonlaşdyrmak zonal bölünişigiň aýratynnlyklarynyň esasynda amala aşyrylypdyr. XIX-XX asyrlaryň sepgidinde ilkinji gezek Russiýany Ýewropa böleginiň ösümlik kartasy çekilip başlanypdyr. 1897-nji ýylda G.L.Panfilowyň Russiýanyň ýewropa böleginiň fiziki-geografik raýonlaşdyrylmagyna bagyşlanan işi çap edilipdir. Bu alym raýonlaşdyrmagyň esasynda tebigy şertleriň uly toplumyny has hem; toprak; ösümlik örtüklerini, ýerasty suwlaryň häsiýetini, batgalyklaryň ýaýraýşyny, şeýle-de landşaftlaryň taryhyny gözöňünde tutypdyr. Panfilowyň raýonlaşdyryşy üç basgançakly esasda gurulypdyr. Ol ilki iri basgançak hökmünde oblasty (welaýaty) alýar. Russiýanyň çäklerinde 4 oblast: Demirgazyk, ýagny garatoprakly däl oblast; Günorta ýa-da gadymy sähra; Aral-Kaspiý; Krymyň günorta kenary bölüpdir. Oblastlarda zona, zonalarda bolsa okrug bölüpdir.

1904-nji ýylda P.L.Brounow Russiýanyň Ýewropa bölegini raýonlaşdyrmaga eden synanşygynda, raýonyň esasy edip ýer üstüniň gurlyşyny alýar. Emma fiziki-geografik çäkleriň serhetlerini klimatik görkezijileriň serhetleri (izoliniýalary) arkaly geçirýär.

1907-nji ýylda A.A.Kruber şol meýdanyň fiziki-geografik raýonlaşdyrlyşyna degişli pikirlerini hödürleýär. Ol öz düzen raýonlaşdyryşynda Kruberiň edähedinden ugur alýar, ýöne esas hökmünde ýer üstüniň gurluşyny we geologiýasyny ulanmaga synanyşýar Tanfilowdan tapawutlylykda onuň bölen zonalary has göwelteý bolupdyr, şeýle-de okruglaryň bölünişlerinde onçakly yzygiderli hem hakyky tebigy şekiline laýyk bolmandyr.

Şu döwürde fiziki-geografik barlaglaryň alynyp barylşynda uly özgerişler, fiziki-geografik raýonlaşdyrmagyň usullary we edähetleriniň birnäçesi öňe sürülipdir. 1899-njy

ýylda sährada tokaý ösdürmekligiň ýollary barada has tijem işler alynyp barylyp başlanýar. Şonda-da G.L.Wysoskiý öz pikirlerini hödürleýär. Rus düzlüginde tundrada başga 4 zonany bölýär.

Wysoskiý fiziki-geografik raýonlaşdyrmakda ilkinji bolup aşakda ýokaryk ýagny has ýönekeý fiziki-geografik bölekleri bir-birlerine birleşdirip çylşyrymly-iri birlikleri döretmegi teklip edipdir. Şu usulda böleklere bölmekde esas edip tebigy ösümlik örtügini almagy dogry bilipdir. Tebigy we ykdysady raýonlary birikdirip almaga-da synanşyk edipdir.

1908-nji ýylda W.W.Winer bütin Russiýanyň çäklerindäki tebigy zonalaryň şekilini görkezmäge synanşyk edýär. Ol bu raýonlaşdyrmanyň esasynda ýerli ösümlik örtüginiň üýtgeýşini esas edip ulanypdyr.

Tutuş Russiýanyň çäkleriniň zonal böleklere bölünmegini ylmy esasda ilkinji gezek düýpli işläp düzen L.S.Bergdir. Ol 1913-nji ýylda ýurdy raýonlaşdyrmak boýunça eden işini fiziki-geografik däl-de "landşaft raýonlaşdyrmak" diýip atlandyrypdyr.

Berg öz işinde Russiýanyň düzlük böleginde 8 sany zonany: 1.tundra zonasy; 2.düzlük, taýga zonasynny; (dürli agaçlaryň taýgasy hem garyşyk agaçlaryň diýen iki podzonany hem bölýär); 3.tokaý sähra zonasy; 4.gara toprakly sähra zonasy (peslik hem belentliklerdäki gara toprakly podzonalar bilen); 5.gurak kaştan sähra zonasy (düzlük gury sähra we baýyrlyk gury sähra podzonalary bilenn); 6.ýarym çölzonasy; 7.çöl zonasy; 8.manjur tipli tokaýly Amur boýy we Ussury boýy peslikleriň zonasy. Ýurduňň daglyk bölegini ol şu raýonlaşdyrmagyna goşmandyr. Ol daglarda beýiklik guşaklyklaryň barlygyny belläpdir.

Şu döwürde has ownuk meýdan çäkleri fiziki-geografik raýonlaşdyrmaga bagyşlanan örän köp işler edilipdir. Bu döwüriň esasy aýratynlygy fiziki-geografiki

raýonnlaşdyrmagyň taglymat, nazaryýet esasynyň döränligidir. Ol taglymat, nazaryýet pikirleriň düýbinde fiziki-geografik raýonlaşdymagyň esasynyň tebigy zonalykdalygy ykrar edilipdir. Zonallyk bolsa esasan ýer üstiniň toprak örtüginde, ösümlik görnüşlerinde ýüze çykarylypdyr we esas hökmünde ulanylypdyr.

Dördünji döwür. Sowet ýyllaryny öz içine alýar. Sowet Soýuzynyň dörän günlerinden 1917 ýyldann tä 80-nji ýyllaryň ahyrlaryna çenli bolan wagt aralygynda ylymyň ösüşi, ýurduň ykdysadiýetiniň ýerleşişine, özgerişini, tebigy şertlerinden baýlyklardan peýdalanylyşyny nazara alyp raýonlaşdyrmak amala aşyryldy. Şoňa göräde bu döwrüň içinde özboluşly basgançak ýa-da ösüş möwçümlerini bellemek dogry bolardy.

XX asyryň 20-nji ýyllarynda dürli respublikalar döredilip olaryň çäklerinde tebigy şertler öwrenilip, hojalyga ýaramlylygyny kesgitlemäge synanşyklar bolupdyr. Guberniýalar oblastlara öwrülip olardaky hojalyk ýörelgeleri düýpden üýtgedilip gurulansoň raýonnlaşdyrmak işiniň täze talaplara laýyk gurulmagy zerur bolupdyr. Ýurtda uly özgerişler bolanlygy tebigy şertleri, baýlyklary ulanmaklygyň usullary özgerensoň, şoňa mahsus taglymat (nazaryýet) esasy hem ylmy daýanç bolmak zerurlygy ýüze çykypdyr. Emma 20-nji ýyllarda landşafty öwreniş ylmy ýaňy aýaga galyp barýan halda bolany üçinn ol talap edilýän ylmy esasyny düzüp bilmändir, ýagny durmuşyň talabyndan yza galypdyr.

30-40 -njy ýyllarda ummasyz çäklerde ýerleşýän ýurduň fiziki-geografik raýonlaşdyrmagyň täze gurluşy düzümini ýüze çykypdyr. Uniwersitetleriň, institutleryň geografiýa fakultetlerinde täze usulda okuwlar okadylýan, olara gerekli gollanmalar, okuw kitaplary täze talaplara laýyklykda ýazylypdyr. Şol hili işleriň biri-de L.S.Bergiň 1931-nji ýylda çykan “SSSR-iňň landşaft raýonnlaşdyrylyşy” ady bilen ýerine ýetirilen meşhur işidir. (Onuň kartasyny0243 şah.) amaly işde sapak edip geçmeli).

1941-nji ýylda B.F.Dokuçaýewiň SSSR-iň fiziki-geografik raýonlaşdyrylyşy diýen işi çap edilse-de ol göwnejaý bolmansoň ylymda-da,, okuwda-da uzak ulanylmandyr. Emma S.P.Suslowyň 1947-nji ýylda çap edilenn “SSSR-iň Aziýa böleginiň fiziki-geografik raýonlaşdyrylyşy” atly işiniň esasynda ähli uniwersitetler fiziki geografiýanyň, okatmagy gurapdyrlar. Bu iş şu gün hem özüniň ylmy, ähmiýetini okuw üçinn zerur gollanmalyk gymmatyny ýitirmeýär. (244 sah. kartasyny amaly sapakda öwrenmeli).

Fiziki-geografik raýonlaşdyrmak ýöne bir alymlaryň toslap tarap zady bolma, ol döwrüň, durmuşynyň, hojalyk ýöretmekdäki zerurlygyň talabydyr. Onuň şeýleligini 1938-nji ýylda SSSR-iň Narkomzemininiň (Ýer baradaky halk komissarlygynyň) (L.A.Benediktowyň).

SSSR ylymlar Akademiýasynyň Prezidentine ýazan hatynda SSSR-iň çäkleriniň tebigy-geografik raýonlaşdyrmagyň zerurlygyny belläpdir. Ol hatda SSSR-iň çäkleriniň tebigy hem taryhy (ýagny ýestestwenno-geograficeskiý) taýdan ähli önümçilige dahylly tebigy şertleri (has-da oba hojalygy ösdürmäge dahylly tebigy şertleri), klimat, toprak, ösümlik örtügi okat öwrenilen raşdyrmany biz henize çenli alyp bilmedik diýilip ýazylypdyr.

Beýle talap Döwlet möçberinde ylymyň öňünde goýulsa ol döwriň hojalygyny ösdürmekde ylymyň, ýagny geografiýa ylymynyň-geografik raýonlaşdyrmanyň zerurlygynyň alamatydyr. Fiziki-geografik raýonlaşdyrmanyň şol hilli ýerine ýetirilmegi sowhoz, kolhoz hojalyklaryny ösdürmäge, nirelere nähili agrotehniki işleriň, dökünleriň zerurlygyny ýüze çykarmaga umuman tebigy şertleri has içgin öwrenip hojalygy ösdürmäge, ýerli tebigy şertleriň kanunalaýyklyklaryny öwrenip önümçiligiň artdyrylmagyna ýarda etmäge gönükdirilen ylmy netijeler zerurdy. Ol netijäni bolsa diňe fiziki-geografik landşaft raýonlaşdyrmagyň üsti bilen alyp bolýandyr.

Şoňa göräde L.S.Bergiň 1934-nji ýylda SSSR-iň çäklerini fiziki-geografik raýonlaşdyrmagy örän uly ylmy-amaly ähmiýetli iş diýilip kabul edildi.

1947-nji ýylda çap edilen S.P.Suslowyň SSSR-iň Aziýa bölegininiň raýonlaşdyrylmagyna bagyşlanan işi L.S.Bergiň işinden soňky döwürde bu ugurda iň ýokary ylmy we amaly ähmiýetligi bilen diňe ozalky SSSR-de däl eýsem dünýäniň beýleki ylmy-tehniki taýdan ösen ýurtlarynda-da meşhurlyk gazandy. [A.G.Lsuçenkonyň 1965 ýyldaky kitabynyň 244-nji sahypasyndaky kartany 245 sahypasyndaky düşündiriş ýazgyny ulanyp amaly sapak geçirmeli].

Döwür II-nji jahan urşundan soňky XX asyryň II ýarymyny öz içine alýar. Bu döwürde fiziki-geografik raýonlaşdyrmakda dürli ugurlar boýunça usullar işlenilip düzüldi. Ol ugurlar boýunça usullaryň 1970-nji ýyllara çenli çap bolanlary barada doly maglumatlar A.Ýe.Fedinonyň 1973-nji ýylda çap bolan fiziko-geografiçeskoýe raýonirowaniýe işinde tapmak bolýar. [A.Ýe.Fedinanyň kitaby boýunça amaly tejribe işlerini geçirmeli]. Awtor bu kitabynda fiziki-geografik raýonlaşdyrmanyň mazmuny, ähmiýeti, fiziki-geografik barlag işleriň usullary (dürli döwürdäki alymlaryň işlerine salgylanyp, mysal getirip ýazypdyr), fiziki-geografik birlikleriň kesgitlenilişi, olaryň özboluşlylyklary, gurluş aýratynlyklary, dürli birlikleriň özara baglanşyklary, olary emele getirýän sebäpkärler barada özünden öňki alymlaryň ýazanlarynyň seljerişini beripdir.

Soňra A.Ýe.Fedina raýonlaşdyrmagyň edähetleri (prinsipleri) birlikleriň tertip boýunça bunişini, serhetleriniň kesgitlenilişini, bölmeklere bölmegiň usullaryny, olara ýazgy bermegiň, karta geçirmegiň, raýonlaşdyrmak baradaky maglumatlaryň yzygider ýerleşdirilişiniň usullaryny dürli çeşmelere salgylanyp seljeripdir.

Bu kitapdaky hemme maglumatlar amaly tejribe sapaklarda ulanylmalydyr.

Fiziki-geografik raýonlaşdyrmagyň nazaryýet we amaly taraplary barada rus alymlary Armand, Solnsew, Milkow, Isaçenko, Gerençuk, Grigorýew we örän köp sanly beýleki awtorlar kitapdyr makalalar ýazdylar. Olardan N.A.Solnsewiň 1958 ýylda çap sdilen D.L.Armand. 1952 ýylda, Gwozdeskiniň 1960 ýylda A.A.Grigorýewiň 1954-ýylda, A.G.Isaçenkonyň dürli ýyllarda has-da 1965-nji ýylda çap edilen işlerini bellemek gerek, Isaçenko şu görkezilen işinde fiziki-geografik-landşaft raýonlaşdyrmagyň iň ýokary derejedäki taglymat-nazaryýet eesasyny bermegi, olary degerli mysallar, amaly işler bilen ykrar etmegi başarypdyr. Onuň şol “Osnowy landşaftowedeniýa i fiziko-geografiçeskogo raýonirowaniýa” diýen işi köp daşary ýurt dilerine edilip çapdan çykaryldy.

SSSR çägindäki Merkezi Aziýanyň (Orta Aziýanyň) fiziki-geografik raýonlaşdyrylmagynda Çupahin, Buluşkin, Kodaý, Retrow, Kunin W.N., Babaýew A.G., Weýsow, Köpekow ýaly alymlaryň hem bitiren işleeri ulydyr.

Türkmenistanyň çäklerinde aýratyn tebigy agzalaryň, şeýlede umumy fiziki-geografik ýagdaýynyň raýonlaşdyrylmagynda. M.P.Petrowyň 1945-nji ýylda (Geobotaniçeskoýe raýonirowaniýe Türkmenistana) [izd.GFAN 1945] 1953 (Klimatiçeskoýe raýonirowaniýe Türkmenistana) 1959-njy. Shema fiziko-geografiçeskogo raýonirowaniýa Türkmenistana (Üç zap. TGU ç 1 wyp.3 1959 ý) ýyllardaky işleri, Ýe.M.Murzaýewiň 1958 ý. Srednýaýa Aziýa. Fiziko-geografiçeskaýa harakteristika A.G.Babaýewiň 1972.

A.G.Babaýew, L.P.Kostýuçenko bilen bilelikdäki 1961; Ç.B.Kopekowyň 1972-nji ýylda çap edilen işleri Türkmenistanyň fiziki-geografik raýonlaşdyrylmagynda ylmy esasy işlerdir. Bu işleriň arasynda Ç.B.Köpekowyň 1970-nji ýylda “Landşafty Sewernoý Türkmenii i ih hozýaýstwennaýa osenka” atly işi fiziki-geografik

raýonlaşdyrmak we tebigy çäk toplumlaryň oba hojalygyna ýaramlylygy barada nusgalarlyk işligi bilen tapawutlanýar.

A.G.Isaçenko tarapyndan işlenilip düzülen fiziki-geografik (landşaft) raýonlaşdyrmanyň esasynda şeýlede Ç.B.Köpekowyň işlerinden ugur alyp ýerine ýetirilen A.Magtymowyň Günorta-Günbatar Türkmenistanyň düzlük böleginiň Landşaft raýonlaşdyrlyşynyň usullaryna bagyşlanan ylmy işleri fiziki-geografik raýonlaşdyrmanyň Türkmeenistanda häzirki zamanda nä derejedeligine göz ýetirmände ýardam edýär.

Türkmenistanyň fiziki-geografik raýonlaşdyrylmagyndaa ylmy hem amaly ähmiýetli meseleler entek doly çözülen däldir. Olaryň çözgüdine ýardam berjek işlerden Türkmenistanyň çap ediljek atlasy üçin taýýarlanan Türkmenistany landşaft raýonlaşdyrlyşynyň kartasy hem oňa berilen ýazgyda has göwnejaý, jikme-jik maglumatlar ulanyldy. Bäşinji döwürde Sowet alymlaryndan Armand, Solnseew, Isaçenki, Milkow, Grigorýew, Gerasimow, Zekulin, Çupahin, Gwozdeskiý we beýlekileri. Şeýle daşary ýurtly alymlar diýilýäler, Hanwel, Demek ýalylary bellemek bolar. Olaryň hemmesi fiziki-geografiýanyň, raýonlaşdyrmanyň ösmegine uly ýardam berýän işleri ýerine ýetirendirler.

## 18. Häzirki zaman geografiýa ylmynyñ gurluş düzümi

Häzirki zaman geografiýa ylmy köptaraplaýyn ylmy ulgam bolup, häzirki zaman jemgyýetçilik ösüşiniñ talaplaryna laýyk usullarda maglumatlary toplamaga ukyply derejä ýetdi.

Fiziki-geografik etraplaşdyrmakda dürli çäkleriň tebigy özboluşlylyklaryna görä bir-birlerinden tapawutlandyrmanyň örän köp usullary bar. Emma olaryň hemmesi ahyrynda syrygyp bir hatarlaýyn we iki hatarlaýyn raýonlaşdyrmak usulyna-tertibine gelýärler. Bu usullaryň

ikisinde-de fiziki-geografik birlikleriň tutýan çäklerine görä landşafta has irileri dürli hili, atlandyrylýar. Emma olaryň nä derejede köp meýdan tutýanlygyna garamazdan hemmesine bir at ulanylýan wagty hem bar. Landşaftdan uly hemme taksonomik birliklere “iri taksonomik birlikler” fiziki-geografik ýurda-da, oblasta-da, welaýata-da, kiçi oblasta-da iri etraba-da, prowinsiýa, orta ulylykdaky etraba-da zonalarda, kiçi zonalara-da [podzonalara] diýilýär.

Bu fiziki-geografik birlikleriň hemmesiniň özboluşly emelegeliş aýratynlyklary we ösüş taryhy bolup bir-birlerinden tapawutlanýarlar. Şol bir wagtyň özünde-de bir-birleriniň içine girip gidýärler. Hatda zonal we azonal hatarlaryň emelegelişleriniň düýpgöter tapawutlylygyna garamazdan olar bir-birleriniň içine aralaşyp täze bir özboluşly fiziki-geografik birlik döredýänligini hem bellemek gerek.

Iri fiziki-geografik birlikler zonal hatarda has giň aralyklary öz içine alýar we Ýer togalagynyň belli bir giňişliginde onuň daşyna aýlanýan diýilse-de bolar .

A.A.Grigorýewiň, L.P.Gerasimowyň we beýleki birnäçe alymlaryň pikirlerine görä zonal hataryň iň uly birligini “guşaklyk” diýip alynmagy hödürlenildi we ähli ýurtlarda diýen ýaly kabul edildi.

Emma ozalky SSSR-däki birnäçe geograflar guşaklygyň Ýer togalagynyň üznüksiz dowam etmeýänligini, onuň tebigatyň daşky şekilinde görnetin görünmeýänligini ündediler. W.A.Sorawa ýalylar bolsa Ýer ýüzündäki giňişlik guşaklyklary ilkinji işlerinde A.A.Grigorýewiň, L.P.Gerasimiowyň bölüşi ýaly alty guşaklyk görnüşinde bölmegi kabul edip işlerinde görkezse-de soňky ýazan ylmy işinde (Rossiýaň Uzak Gündogaryny raýonlaşdyranynda “Prirodnoýe raýonirowaniýe Dalnego Wostoka” Irkutsk 1962 2 sah.) diňe tropikden daşarky guşaklygy bölmek bilen çäklenip, Demirgazyk buzly ummandan tä Hytaýa, Mongoliýa çenli aralygy şol bir guşaklykda görkezipdir. Kä

bir geograflar bolsa tebigy guşaklyklary L.S.Berg hem-de S.P.Suslow öz işlerinde görkezmänlikleri sebäpli, guşaklyklar tebigy-taryhy şertlerde ýük zat hökmünde garaýarlar. Emma A.A.Grigorýew öz işlerinde ekwatordan demirgazykda alty sany : arktiki, subarktiki, aram, subtropik, tropik we ekwatorial guşaklyklary bölýär.

L.P.Gerasimow hem öz işlerinde dört sany guşaklygy: demirgazyk-polýar; boreal (aram) demirgazyk tropigiň daşyndaky kserofit (subtropik) we gidrotermal tropik bölüpdir. Getirilen mysallardan görnüşine görä guşaklyklary bölmekde hemmeleriň pikirleri birmeňzeş däl.

Şoňa görä-de zonallygyň kesgitlenilişinde-de esasy başlangyç düýpli sebäpler her alym tarapyndan dürli kabul edilýär. Birnäçeleri toprak, ösümlik örtügini esas edip alsa başgalar gidrotermal ýagny ýylylygyň hem çygyň paýlanşynyň birmeňzeş dälligini esas edip alýarlar. Şeýlelikde-de şol bir çäkleri raýonlaşdyran iki ýa-da birnäçe ylmy barlagçylaryň hersiniň özüçe serhet kesgitlemesi döreýär. Olar hemişe bir-birlerine gabat gelmeýärler. Mysallar getirip gürrüň bermeli…

Milkowyň tokaý-sähranyň serhedini Ural dagynyň günbatar ýapgydyna eltmän g/b-da galdyryşy. Umuman zonalaryň ýuwaş-ýuwaşdan bir-birlerini çalşyşlaryny aýtmaly. Gidrotermal şertler barada-da mysal getirmeli. Ekwatorial howanyň ýokary göterlişi, subekwatorial aşak düşişi, tropik ýokary göterlişi subtropik aşak gaýdyşy ýaly hadysalaryň giňişlik guşaklygy emele gelmegine edýän täsirini aýdyp bermeli.

Meridional ugur boýunça guşaklyklaryň emele gelmegi hem Ýer togalagynda esasy tebigy kanunalaýyklyklaryň biridir. A.L.Ýaunputnin baryp 1945-nji ýylda meridional ugur boýunça guşaklyklaryň Ýer togalagynda giňden ýaýranlygyny emma onuň hemme ýerde diýen ýaly orografik (ýer üstüniň gurluşyna tabynlykda ýaýraýanlygyny beläpdir. [A.L.Yaunputniň “K woprosu o

fiziko-geografiçeskom raýonirowanii” Izd. Wsesoýuznogo geogr. Ob-wa 1946 t.78 wypl] [Isaçenko 261 sah.]

A.A.Grigorýew meridional sektorlary (guşaklyklary) giňişlik guşaklygyň içinde Materigiň çäginde bölekläp bermegi dogry hasaplapdyr. Emma A.G.Isaçenko meridional (guşaklyklary) sektorlary giňişlik guşaklykdan daşgaryn, oňa tabynlykda däl ýagdaýda berýär.

Fiziko-geografik birlikleriň içinde azonal hatarda iň uly taksonomik birlik hökmünde “fiziko-geografik ýurt” alynýar. [A.G.Is. 265 sah.] Ozalky SSSR-iň çäklerinde 20-ä golaý fiziko-geografik ýurt bölýärdiler. Olardan düzlük böleginde bölünýän Guran fiziko-geografik ýurdy, daglyk bölegindäki Orta Aziýa (Merkezi Aziýa) daglyk ýurdy Türkmenistanyň hem ähli ýerlerini öz içine alýardy. Fiziko - geografik ýurt döwlet serhetlerini hasaba alman tebigy gelip çykyşy we emele geleninden soňky ösüşini gözöňünde tutulyp bölünýän birlikdir. Turan düzlük fiziko-geografik ýurdyny galtaşýan daşky bölekler bilen bilelikde iki sany fiziko-geografik oblasta Garagum we Gyzylgum bölýärler. Bu bölekleriň azonal esasda bünenligi atlaryndan hem mälimdir. Azonal hatara degişli bolan iri fiziko-geografik birlikler hemişe emele gelşi boýunça esaslandyrylyp (gebetiki) emele geliş-döreýiş edähetinden ugur alýandyr.

Fiziko -geografik oblastlar emele gelişi boýunça birmeňzeşräk ýaşy boýunça bir wagtyrakda dörän, ýerüstüniň gurluşy boýunça çalumdaşyrak, suw akarlarynyň ýa-da çyglanyşynyň birsyydyrgynrak landşaftlary öz içine toplaýar, şolaryň birleşmesinden emele gelýärler. Bulardan başga-da orografik gurluşy we bir tutuş geografik ýerleşişi azonal iri fiziko-geografik birlikleriň şol sanda oblastlaryň (welaýatlaryň) hem bölünmeginde esasy şertleriň biri bolup durýar.

Fiziko -geografik (landşaft) oblastyň çäklerinde dürli zonalara degişli landşaftlar hem bolup bilýärler. Emma şol bir landşaft birligiň çäklerindäki zonallyga degişli tebigy agzalar

emelegeliş bitewiligiň täsiri astynda has bir-birlerine meňzeşlik şekili alýarlar. Tebigatyň bu täsinligine K.L.Gerençuk hem N.A.Solnsew ünüs berip landşaft oblastyň çäklerindäki beýleki azonal birlikler zonal hatardaky birliklere garanda bir-birleri bilen has oňat aragatnaşykda we meňzeşlikde bolup bilýärler diýipdirler.

Şeýlelikde fiziko-geografik ýurduň çäklerrindäki bölünyan oblastlar zonal bölünişe garaşsyzlykda özbaşdak bölünip bilerler. Beýle diýildigi zonal böleklere bölmeklik gerekdäl diýildigi dälde, gaýtam tersine tebigatda bar bolan bir-birlerinden tapawutly çäk toplumlary has aýdyň ýüze çykarmak üçin zonal tapawutlylykdaky ýerleriň azonal häsiýetli tapawutlaryny üstüne goşup fiziko-geografik birlikleri bölmek zerurlygydyr.

## 19. Jemgyýetçilik geografiýa ylymlary, olaryñ häzirki ýagdaýý we geljegi

Geografiýa gadymy ylymlaryň biri hasaplanýar. Onuň ykdysady we durmuş geografiýa şahamçasy hakynda ýazylan ylmy işler hem gadymylygy bilen tapawutlanýar. Emma, ol geografiýa ylmynyň aýratyn pudagy-şahamçasy hökmünde 18-nji asyrda emele geldi. Ykdysady we durmuş geografiýa ylmyň pudagy hökmünde oňa dürli hili kesgitleme berilýär. Oňa kesgitleme berýän alymlaryň köpüsiniň pikiri 1955-nji ýylda Bütünsoýuz geografiýa jemgyýetiniň 2-nji gurultaýynda kabul edilen kesgitleme bilen gabat gelýär. Ol kesgitleme ykdysady ylymlaryň doktory, professor, Enrid Borisowiç Alaýewiñ (Социально-экономическая география: понятийно-терминологический словарь. М., Мысль, 1983. S. 26-27) berýän kesgitlemesi bilen kybapdaşrak. “Ykdysady we durmuş geografiýa”—jemgiýetçilik önümçiliginiň ýerleşişiniň kanunlaryny, kanunalaýyklyklaryny (öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň birligi diýip düşünilýän) we ilatyň

ýerleşişini, jemgiýetçilik durmuşyny ýerlerde gurnamaklygy, olaryň aýratyn döwletlerde, etraplarda ýerleşişini öwrenýän ylmy dersleriň toplumydyr. Onuñ pikirine görä durmuş ykdysady geografiýanyñ geografiki giñişliklerde esasy öwrenýän meýdan-çägi – öýkümenler— ýagny, ilatyñ ýerleşen, özleşdiren, başgaça aýdanyñda jemgyýet tarapyndan Yeriñ geografiki bardasynyň ýaşaýyş giñişligine öwrülen, ýa-da şol giñişliklerde hojalygyñ dürli pudaklaryny emele getiren ýeridir. Diýmek - Ykdysady we durmuş geografiýanyň ahyrky barlaýan, öwrenýän zady **öýkumenlerdir** (grekçe-ilatyň ýerleşen we ýaşaýan ýeri diýmekdir).Gresiýaly geograf Anaksimandr biziñ eýýämimizden öñ Y11- Y1 asyrlarda düzen kartasynyñ merkezinde Ortaýer deñzini görkezip, öýkümeni deñ bölege, ýagny **Aziýa** we **Ýewropa** bölüpdir. Y1-Y asyrlarda grek geograpy Grekateý Miletskiý öz işlerinde 3-nji öýkümeni, ýagny Liwiýany(Afrikany) görkezipdir. Öýküme(küme) –ata-baba türkmeniñ durmuşda ulanýan sözi. Bu söze durmuşda, türkmen dilinde we edebiýatynda häli-şindi duş gelýäris. Diýmek, Durmuş we ykdysady geografiýanyñ gözbaşy, öwrenýän obýerti türkmeniñ öýkümesi bilen hem baglanyşyklydyr. Bu adalga greklere Merkezi we Kiçi Aziýadaky ýaşan we ylmy iş eden türkmen, türk alymlarynyň ylmy işlerinden geçen bolmagy mümkin, diýip pikir edýäris. Türkmen mydama-da ilatyň ilki göçüp gelen ýerinde ýaşamak üçin öýküme gurýär. **Öýküme,** ýagny-esasy jaýyny gurýança, wagtlaýyn ýaşamak üçün ýeri gazyp ýarym-ýerzemin şekilinde gurlan sümelge, ýaşaýyş jaý diýmekdir. Biziň günlerimizde-de, henize çenli çeträk ýerlere göçüp gelen hojalyklar wagtlaýyn ýaşar ýaly, küme gurunýarlar. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, beýigräk ýerden ýarym-ýerzemin edip, öý şekilli çukur gazyp öň tarapyny açyk goýýarlar. Garşysynda içine ýagty düşer ýaly äpişge jaýy goýup üstüni agaç bilen basyrýarlar. Soňra, depesini mal ýörände içine aýagy çümmez ýaly palçyk bilen suwaýarlar.

Şeýle edilende daşarda ýagyş ýaganda-da, içine ýagyş geçmeýär. Öň tarapyna, açyk ýerine keçe, ýa-da galyňrak düşek tutýarlar. Käbir hojalyklar gapy gurýarlar. Şeýdip içinde wagtlaýyn ýaşap bolýar. Ýeriň üstünde-de, dört ýerden agaç dikip, arasyna çöpden, gamyşdan, ýylgyndan örüp daşyny suwap kümäni dikeltýärler.

Diýmek, Durmuş we ykdysady geografiýa bilen meşgullanýan hünärmenler adamzadyň ýerleşen, ýaşaýan ýerlerini, olaryň hojalyk ulgamlaryny, ýaşaýyş şertlerini, hojalyk ulgamlarynyň ýerleşiş aýratynlyklaryny, düzümini, taryhy ösüşini meýdan-çäkler, giňişlikler bilen baglanyşdyryp, çuňňur öwrenýärler. Ilatyň ýerleşişini, milli düzümini, tebigy köpelişini, onuň hereketini, jyns aýratynlyklaryny we beýleki demografik meselelerini hem barlaýarlar. Bu maglumatlar döwletiň çäginde hojalyk kärhanalary ýerleşdirmek, durmuş hyzmaty gullugyň işini ýerlerde gurnamak üçin zerurdyr. Ilatyň demografik ýagdaýyna degişli maglumatlar hojalygy ösdürmekligiň 3-5-10 ýyllyk maksatnamalaryny düzmek ücin hem gerek bolýar.

Durmuş we ykdysady geografiýa halkara, döwletiñ çägindäki ykdysady we ýerli hojalyk ulgamlaryň döreýşini, dowam edişini, ösüşini we olaryň emele getirýän toplumlaryny(dünýä hojalygyny, döwletleri, dürli derejedäki ykdysady sebitleri, olaryň düzümindäki önümçilik toplumlaryny) jemgyýetçilik ylmy hökmünde öwrenýär. Diýmek, Durmuşwe ykdysady geografiýa fiziki geografiýadan tapawutlylykda adamzat jemgyýetiniň meýdan-giňişliklerde ýaşamak we žähmet çekmek üçin döreden, maddy nygmatlary öndürýän hojalyk kärhanalaryny öwrenmeklige uly üns berýär. Şeýle-de, adamzat jemgyýetiniň ýaşamagy üçin zerur bolan, durmuş hyzmatyny amala aşyrýan kärhanalary öwrenýänligi üçin onuň durmuş (sosiogeografiýa) geografiýsy şahamçasy bar. Dünýäniň käbir ösen döwletlerinde bu ylma “Antropogeografiýa”, ýa-da “Adamzadyň geografiýasy” hem diýilýär. Emma dünýäniň

köp döwletlerinde onuň ady “Ykdysady geografiýa” diýip atlandyrylýar. Bu ylmyň öwrenýän obýektlerini, barlag usullarynda, ylmy garaýyşlarynda gelinen netijelerini seljeren ýagdaýymyzda onuň häzirki tutulýan “Durmuş we ykdysady geografiýa” ady hakykata, şu günki günüň talabyna laýyk gelýär.

Bütindünýäde kabul edilen kada boýunça ylym, ýa-da onuň pudagy bolmak üçin amala aşyrylan garaýyşlary bolmaly. Amaly işler bilen meşgullanýan hünärmanler ylmy açyşlary amal edýärler. Adamzada we ylma belli bolmadyk faktlary, kanunlary – täze giňişlikleri, hadysalary, olaryň ýerleşen ýerlerini, hil we mukdar taýdan bolup geçýän üýtgeşmeleri, ýerleşiş hem-de ösüş aýratynlyklaryny ýüze çykarmaklyga –ylmy garaýyşlar, açyşlar diýilýär. Durmuş, ykdysady we ekologiki nukdaý nazardan geografiki giňişlikleri tygşytly peýdalanmaklygyň täze usullaryny oýlap tapmaklyklyga taglymat esasda çemeleşmek Durmuş we ykdysady geografiýada oýlap tapmaklyk diýilýär(Ýu. G. Sauşkin, 1997, sah. 134-159; M.M.Голубчик we başgalar, 2003, sah. 26). Müňýyllyklaryň dowamynda täze ýerleriň we olara barýan ýollaryň açylmagy, näbelli tebigy obýektleri(daglary, adalary, deňizleri, derýalary we ş. m.), olaryň geografiki koordinatlaryny kesgitlemek, ýerleşen ýerlerini karta geçirmek, olara geografiki we hojalyk taýdan ýazgy bermek –**geografiki açyşlar** hökmünde kabul edilipdir.

1500-nji ýyldan bäri ähli materikler, ummanlar, deňizler, aýlaglar, deňiz geçelgeleri, gury ýerdäki daglar, gerişler, suwasty gerişler, çöketlikler açylyp giň köpçülige mälim edildi. Arap we Merkezi Aziýa alymlary ir döwürlerden bäri Ýeriň şar şekillidigini, onuň öz okunyň we Günüň daşyndan aýlanýandygyny ylmy taýdan subut edipdirler.

Öz döwründe Merkezi Aziýada dünýä belli astronomlar, matematikler işläpdirler. D.Annaýewiñ ýazmagyna görä(Jahannamanyñ owazy, “Türkmenistan” gazeti, 2008-nji ýylyñ aprel aýynyñ 4-i) taryhy çeşmelerden belli bolşy ýaly,

türkmenler geçmişde ylma-bilime, sowatlylyga hem aýratyn sarpa goýupdyrlar. Türkmen alymlary tarapyndan edilen açyşlar dünýä taryhynda uly yz galdyrypdyr. Şeýle alymlaryň biri Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň gülläp ösen döwründe hökümdaryň köşgünde gulluk edip, ylmyň dürli ugurlaryndan baş çykaran **Muhammet ibn Nejip Bekran** hasaplanýar. Ol Köneürgenç türkmen döwletiniň hökümdary Muhammet şanyň döwründe (1200-1220ý.) köşkde gulluk edipdir. Ol oz döwründe taryh, älemşynaslyk, geografiýa, lukmançylyk ylymlary bilen meşgullanypdyr. Muhammet Bekranyň öz döwründe eden uly ylmy açyşlarynyň biri, ol dünýäniň reňkli kartasyny çyzypdyr. Onuň döreden dünýä kartasy alymyň esasy eseri bolan "Jahannamada" ýerleşdirilipdir. Kartanyň düzülen wagty takmynan 1208-1209 –njy ýyllar bilen senelenýär. Dünýä kartasyny düzmek, "Jahannamany" ýazmak üçin gadymy we irki Orta asyr alymlaryň birnäçesiniň ýazyp galdyran älemşynaslygyň taryhyna degişli gymmatly eserlerini, älemşynaslyk tablisalaryny ýygnapdyr. Bu işinde 1X asyrda ýaşap geçen taryhçy-geograf Abul Kasym Hordatbegiň "Kitap al-masalik al mamalik"("Ýollaryň we ýurtlaryň taryhy") eserinden köp maglumatlary ulanypdyr."Jahannama" eserinde Abul Kasym Hordatbegiň ol eserinden, Günbatar deňzinden (Gulzum-häzirki Gyzyl deňiz) Gündogar deňzine (Ýapon deňzi) çenli aralygy, Hindi ummanynda birnäçe adalary, Pars aýlagyny, şol döwürde gündogar alymlaryň "Aş-şila" ýa-da "Busiilo" diýip atlandyrylan häzirki Koreýa, Ýaponiýa ýerlerini, Hytaý diwarlaryny ýazyp beýan etmek üçin köp maglumatlary alypdyr. Bekran öz işinde ýene-de Orta asyr alymlary Istahriniň, Al-Biruniniň eserlerini, Nasyr Hysrowyň "Safarnama", belli tebip Aly ibn Abbas Al Majusiniň lukmançylyk ylmy barada ýazan "Kämil As Sinaýaat At Tibbiýa" ("Bedeniň kämilligi we saglygy") eserini hem giňişleýin ulanypdyr. Muhammet Ibn Nejip Bekranyň matanyň ýüzüne çyzan kartasy X1 asyrda Al Biruniniň çyzan

kartasyndan has anyklygy, kämilligi we reñkliligi bilen tapawutlanypdyr. Alym “Jahannama” eserinde ýerleşdiren dünýä kartasynda dürli ýurtlaryñ, welaýatlaryñ, etraplaryñ ýerleşýän ýerlerini, olaryñ tebigy-klimatik aýratynlyklaryny, deñizleri, derýalary, daglary, çölleri dürli reñkler, belgiler arkaly añladyp, örän sada we düşnükli görnüşde şekillendiripdir. Kartasynda 600-den gowrak geografiki atlary ýerleşdiripdir.

Osman türkmenleriniň döwletiniň 624 ýyllap ýaşan döwründe türkmen deňizçiliginiň taryhynda yz galdyran birnäçe deňizçileriň atlary mälimdir. J.Gurbangeldiýewiň(“Metbugat çapary” gazeti, 2007-nji ýylyň oktŷabr aýynyň 14-i) berýän maglumatyna görä, şolaryň biri hem türkmen deňizçisi Piri reýisdir. Muhitdin Piri reýis takmynan 1465-1470-nji ýyllarda türk deňizçiliginiň meşhur merkezleriniň biri bolan Geliboluda dünýä inipdir. Kakasynyň adyna Hajy Mämmet diŷipdirler. Kakasynyň agasy Kemal reýis şol döwrüň meşhur kapitany hasaplanypdyr. 1511-nji ýylda agasy Kemal reyis osman-wenesiýa söweşinde wepat bolandan soňra, ol Gelibola dolanyp gelip kitap ýazmak we karta çyzmak bilen meşgullanyp başlapdyr. 1547-nji ýylda Piri reýis Osman-Türkmen döwletiniň Gyzyl deňizdäki we Hindi ummandaky deňiz güýçleriniň baştutany edilip bellenýär. Piri reýis öz döwrüniň deňizçilik ylymlaryndan hem oňat baş çykarypdyr. Ol öz döwrüniň ökde kartografiýaçysy hem-de deňizçilik ylmy boýunça meşhur hünärmenidir. Piri reýis “Kitaby Bahriýe”(“Deňizçilik kitaby”) atly kitabyň hem-de iki sany kartanyň awtorydyr. Piri reýis Ýer ýüzünde ilkinji bolup, 1513-nji ýylda Gelibolu şäherinde dünýäniň kartasyny çyzypdyr. 1517-nji ýylda özüniň kartasyny Osman türkmenleriniň döwletiniň soltany Selim 1-ä(1512-1520) onuň Müsüri boýun egdiren wagtynda Müsürde gowşurylypdyr. Bu karta Stambuldaky Topkapy köşgi gadymy eserleriň muzeýine öwrülen mahalynda Milli Muzeýler müdüri Halyl

Edhem tarapyndan 1929-njy ýylda tapylyp, Türkiýe Respublikasynyň ilkinji Prezidenti K.Ätatürke görkezilipdir.

Şol döwrüň ussat deňizçilerinden ýene-de biri (J.Gurbangeldiýew, "Aşgabat" gazeti, 2007, 29.09, 02.10 ýazmagyna görä) Seýdi Aly reýisdir. Ol 1498-nji ýylda Stambulda doglupdyr. Seýdi Aly reýis Barbaros Haýreddin paşşanyň halypalygynda meşhur deňizçi bolup ýetişipdir we ol "reýis"(flotuň başlygy), "kapudan"(admiral) derejesine çenli göterilipdir. Ol 1553-nji ýylyň dekabr aýynyň 6-synda 55-56 ýaşynda resmi taýdan Osman imperiýasynyň Hindi ummanyndaky admiraly wezipesine bellenilipdir. Seýdi Aly reýis admirallygy bilen bilelikde geografiýa, matematika, astronomiýa ylymlaryndan oňat baş çykaran alymdyr. Onuň şahyr hökmündäki şöhraty hem ulydyr. Goşgularyny "Katibi" lakamy bilen ýazypdyr. "Al-Muhit fi ilm al-aflak wa-l-abhur"("Asman ýagtylgyçlary we ummanlar hakda bilimleriň möçberi") atly eserini 1554-nji ýylda Hindistanda mahaly ýazypdyr. On bölümden ybarat kitabynda asman ýagtylgyçlary, ýyldyzlar, olaryň aralygy we beýikligi, ýyl hasaby, kompas, deňizçileriň ulanýan tehniki adalgalary, ölçegleri, ýeller we musson ýagyşlary, Gyzyl deňziniň günortasyndan başlap, Aziýa kontinentiniň gündogaryna tarap Hindi ummany boýunça deňiz ýollarynyň 30-dan gowrak ugry, deňizçiler üçin howply bolan siklonlar hakda gürrüň berilýär. Kitapda 30 sany karta ýerleşdirilipdir. Seýdi Aly reýis astronomiýa degişli "Mirat-Ul Kainat"("Dünýä aýnasy"), "Mirat-ul Memalik"("Ülkeleriň aýnasy" atly kitabynda baran ýurtlary, duşuşan hökümdarlary, şaýat bolan wakalary dogrusynda ýazypdyr. Onuň bu kitaplary birnäçe dillere we özbek diline terjime edilipdir.

Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy tarapyndan döredilen we Hormatly Prezidentimiz G.Berdimuhamedow tarapyndan goldanylýan Türkmenistanyň milli medeniýet "Miras" merkeziniň ylmy işgärleriniň irginsiz zähmedi netijesinde gadymy türkmen

alymlarynyň dünýä ylmyna goşan goşantlarynyň asyl nusgalaryndan göçürmeler dünýäniň dürli döwletleriniň kitaphanalaryndan, arhiwlerinden getirilýär. Şeýlelikde, olar Türkmen okyjylaryna ýetirilýär. Ýokarda getirilen maglumatlar olaryň ilkinjileridir. Ýene-de, türkmen alymlarynyň ylmy eserleriniň golýazmalary tapylar diýip pikir edýäris.

Ir döwürlerden tä biziň günlerimize çenli geografiki açyşlary diňe bir geograflar ýerine ýetirmän syýahatçylar, deňizçiler we beýleki hünärmenler hem amala aşyrypdyrlar. Ýöne olar ylmy açyş hökmünde bellige alynmandyr. Fiziki geografiýada ýokary guşaklyklaryň, tebigy zonallyklaryň, landşaft taýdan raýonlara bölmekligiň kanunlarynyň, edähetleriniň(Prinsipleriniň) açylmagy hakykatdan hem geografiki açyşlar hasaplanylýar. Sebäbi olar taglymat nukdaý nazardan esaslandyrylýar.

X1X-XX asyrlarda durmuş we ykdysady geografiýanyň hünärmenleri döwletleriň meýdan-çäklerini ykdysady raýonlara, ýerli-tebigy toplumlara bölmekligi amala aşyrypdyrlar. Olar ýerlerde önümçiligi ornaşdyrmaklygyň kanunlaryny, kanunalaýyklyklaryny, edähetlerini(Prinsipleri), şertlerini we beýleki nazaryýetlerini işläp düzmeklige synanyşypdyrlar. Olar öz nobatynda ylmy açyşlar hasaplanylýar.

Öň belläp geçişimiz ýaly, durmuş we ykdysady geografiýa üç sany(tebigy, ykdysady we sosiologiýa) ylymlaryň arasynda ýerleşýän geografiýa ylmynyñ şahasydyr. Ol islendik ýeriň tebigy özboluşlylygyny, baýlyklaryny, ykdysadý ösüşini we ilatyň durmuş aýratynlyklaryny (sosialogiýasyny) öwrenende şol ylymlaryň ylmy-barlag netijelerinden hem peýdalanylýar. Bu ylmy ugur umumy geografiýanyň bir pudagy bolmak bilen tebigy ylymlar (geologiýa, geomorfologiýa, gidrologiýa, klimatologiýa, biogeografiýa we beýlekiler), ykdysadiýet (umumy ykdysadiýet, sebitara ykdysadiýet) we sosiologiýa (ilat,

onuň durmuş aýratynlyklary baradaky meseleler), syýasat bilen aýrylmaz baglanyşykly. Ol ylymlaryň gazanan üstünliklerine esaslanýar we öz ylmy-barlag(syýasy geografiki) meselelerini çözmekde peýdalanýar. Bulardan başga-da Durmuş we ykdysady geografiýa ekologiýa bilen hem aýrylmaz baglanyşykly. Bu ylym ekologiki meseleleri sebitara, bütündünýä çäklerinde öwrenýär. Sebäbi meýdan-çäklerde ekologiki meseleleri senagat, oba senagat we ulag kärhanalary emele getirýärler. Şol sebäpli Ykdysady we durmuş geografiýada ekologiki meseleler ir döwürlerden bäri öwrenilýän ugur hasaplanylýar. Soňky ýyllarda Ykdysady we durmuş geografiýanyň ekologozasiýalaşmagy bolup geçýär. Onuň düzüminde tebigatdan peýdalanmaklygyň ykdysadyýeti ugry emele gelýär. Soňky ýyllarda Dünýä ummanlary we harby çaknyşyklar bilen baglanyşykly dürli meseleleriň ýüze çykmagy sebäpli durmuş we ykdysady geografiýanyň "Dünýä ummanlarynyň ykdysady geografiýasy", "Harby geografiýa" bölümleri peýda boldy. Ykdysady we durmuş geografiýa medisina bilen baglanyşykly bolup, dürli keselleriň çäkler boýunça ýaýraýşyny öwrenýänligi sebäpli, onuň medisina geografiýasy ugury-bölümi hem bar.

Bu ylym jemgiýetçilik ylmyna has ýakyn hem bolsa, ol tebigy ylymlar bilen aýrylmaz baglanyşykly. Onuň kanunlary, kanunalaýyklary hojalyk kärhanalary ýerleşdirmekde ulanylýar we olardan peýdalanylyp degişli netijeler çykarylýar.

Bu ylmyň esasy öwrenýän zady **öýküme**-sözüň dar we giň manysynda geografiki giňişlikleriň islendik ýerinde adamlaryň ýaşaýan ýerini, onuň tebigy, durmuş, hojalygyny ýerleşdiriş aýratynlyklary bilen bilelikde öwrenýär. Aýratyn ülkeleri, sebitleri, döwletleri, olaryň ykdysady, durmuş aýratynlyklaryny öwrenende, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, syýasy meselelere hem köp üns berilýär. Döwletiň içinde we döwletleriň arasynda alnyp barylýan syýasatyň geografiýasyny hem öwrenýärler. Sebäbi, islendik döwletiň

ykdysadyýeti şol döwletde alnyp barylýan syýasat bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Siziň görüşiňiz ýaly “Ykdysady we durmuş geografiýa” beýleki ylymlar bilen, dawaly, olaryň öwrenýän zatlaryny elinden alýan ýaly diýip düşünmegiňiz mümkin. Emma bu beýle däl. Geografiýa ylmynyň bu pudagynyň esasy öwrenýän zady –önümçilik. Onuň giňişlikler boýunça ýerleşişini, wagt içinde özgerişini, döwletiň çäklerinde onuň üýtgeýşini we ösüşini öwrenýär. Ykdysady sebitleri (raýonlary), ýerli önümçilik toplumlary, olaryň giňişlikde we wagt içinde ösüşini, geografiki zähmet bölünişigi, ykdysady sebitleri emele getirişini goňşy meýdançäkler bilen deňeşdirýär. Şu meseleleri (problemalary) beýleki ylymlar öwrenmeýär diýen ýalydyr. Bu ylym pudagy 1980-1985-nji ýyllara çenli “Ykdysady geografiýa” diýip atlandyrylýardy. Emma durmuş meselelerini hem giňden öwrenýänligi sebäpli 1980-nji ýylda Frunzede (häzirki Bişkek), 1985-nji ýylda Kiýewde bolan SSSR geografiýa jemgiýetiniň 7-8-nji gurultaýlarynda onuň adyny “Ykdysady we durmuş geografiýa” diýip atlandyrmak hakda karara geldiler. Şondan bäri onuň ady “Ykdysady we durmuş geografiýa” diýip atlandyrylýar.

**Hojalyk kärhanalarynyň ýerleşdirilişinde wagt tygşytlama taglymaty** esasy orny eýeleýär. Islendik kärhana (zawod, fabrik we ymaratlar) tiz gurulsa we işlämäge başlasa ol tiz wagtyň içinde çykdajylaryny ödeýär. Hojalyga peýda getirip başlaýar. Ykdasyýetiň “Bagt tygşytlama taglymatyna” döwletimiziň hojalyk işlerinde Garaşsyzlygyň ilkinji ŷyllaryndan başlap uly üns berilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda Aşgabatda we welaýatlarda gurulýan ymaratlar, senagat kärhanalary daşary ýurt hünärmenleriniň ýardam etmegi bilen şertnama esasynda tiz wagtyň içinde gurulýar. Gurulýan ymaratlar we senagat kärhanalary dünýä ülňülerine laýyk gelýärler. Olar häzirki zaman tehnologiŷasy bilen üpjin edilŷär.

**Önümçiligiň bir ýere jemlenmek taglymaty** ykdysadyýetiň esasy ýörelgeleriniň biridir. Uly senagat kärhanalar (metallurgiýa, himiýa, nebit arassalaýan zawodlar) bilen ugurdaş kömekçi kärhanalaryň gurlşygy hem alnyp barylýar. Gurulýan senagat kärhanalaryny entek önüm öndürmäge ýetişmänkä dürli zawod, fabrikler bir ýere jemlenip başlaýar. Meselem: haýsy-da bolsa bir uly önümçiligiň esasynda goşmaça kärhanalar emele gelýärler. Önümçilik kärhanalary bir-birine garaşly bolanlygy sebäpli bir ýere jemlenmeli bolýarlar. Mysal üçin, metallurgiýa, nebit arassalaýjy, himiki zawodlaryň esasynda birnäçe goşmaça zawodlar we fabrikler gurulýar. Olara hyzmat edýän gurluşyk, ulag, energiýa, suw, çig mal bilen üpjün edýän, aragatnaşyk we durmuş hyzmaty (jemgyýetçilik iýmiti, söwda-satuw, saglygy saklaýyş we ş.m.) kärhanalary döredilýär. Şeýlelik-de, esasy bir, ýa iki sany senagat kärhananyň esasynda önümçilik we olara hyzmat edýän birnäçe kärhanalar bir ýere jemlenýär. Netijede, kärhanalar toplumy döreýär, önümçilik bir ýere, bir şähere toplanýar. Şeýle bolanda döwlet we firma üçin ykdysady taýdan amatly bolýar. Soňra ikisine-de uly peýda getirýär.

**Gymmat taglymaty** durmuşda we ykdysadyýetde aýratyn hem bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde höküm sürýän esasy taglymatlaryndan biridir. Bu taglymat haryt öndürijiler bilen jemgyýetçilik zähmedini höweslendiriji we paýlaýjy kanunyň arabaglanşygyny sazlaýar. Öndürlen harytlary satmak we çalyşmak, olaryň gymmatyny: sarp edilen işçi güýji, olaryň aýlyk haky, ýangyç, çig-mal, energiýa, suw çykdaýjylary, işçileriň durmuş goragy üçin çykarylýan, esasy ymaratlaryň we serişdeleriň ulanylýanlygy üçin, ulag we beýleki çykdaýjylary bilen ölçeýärler. Islendik önüm öndürilende onuň özüne düşýän gymmaty sarp ediş gymmatyndan, ŷagny bazardaky nyrhyndan pes bolmalydyr. Şu ŷagdaŷda önüm öndürŷän kärhana girdejili bolŷar. Şeýle ýagdaýda önümçilik kadaly dowam edip bilýär. Bolmasa,

önüm öndürmek gymmat bolup, ol kärhana wagtyň geçmegi bilen batýar, ykdysadyy taýdan tozýar, ahyrynda ýapylmaly bolýar.

Ösýän döwletleriň hojalygynyň bazar ykdysadyýetine geçýän döwründe esasy üns berilýän kanun hasaplanylýar. Şonuň üçin döwletimiziň etraplarynda, daýhan birleşiklerinde kärendeçiler we mülkdarlar bilen döwlet ŷolbaşçylary duşuşanda ilkinji gyzyklanylýan meseleleriñ biri, olaryň öndürýän önümleriniň özüne düşýän gymmaty. Önümiň özüne düşýän gymmaty näçe pes, hili ýokary bolsa, hojalygyň rowaçlygy şonça-da beŷgelŷär.

**Pul aýlanyşyk taglymaty.** Dünýä tejribeliginden görnüşi ýaly islendik döwletde öndürilýän harytlar wagtynda satylyp, bahasy yzyna gaýdyp barsa, önümçilik ösýär. Pul dolanşygy ilkibada adamlar arasynda içki bazarda, söwda guramalarynyň arasynda, soňra bank ulgamynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Döwletde önümçiligiň üstünlügi bank ulgamynyň dogry işleýşine bagly bolýar. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynýň ilknji ýyllaryndan başlap ýurdumyzda bank ulgamyny gurmaga, olaryň işini kämilleşdirmäge uly üns berildi. Döwletimiziň ähli welaýatlarynda, etraplarynda häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilen dürli banklar işleýärler. Bu öz gezeginde döwletiň çäginde kärhanalaryň, edaralaryň arasynda pul aýlanşygyny çaltlandyrmaga we gysga wagtda ykdysadyýetimiziň çalt ösmegine uly ýardam etdi. Ykdysadyýeti yzygiderli ösdürmek üçin döwletde banklaryň takyk işlemegi zerur.

**Önümçiligiň maksada laýyk we endigan ösüş taglymaty** döwletiň ykdysadyýetiniň, durmuşynyň we medenýetiniň ösmeginde esasy taglymatlaryň biri. Önümçiligiň maksada laýyk we endigan ýerleşmeginde we ösmeginde tebigy şertler, baýlyklar öz täsirlerini ýetirýärler. Daglar, çöller, suw giňişlikleri, köp ýyllyk doňaklyklar ilatyň endigan ýerleşmezligine sebäp bolýarlar. Aýratyn hem ösýän döwletlerde tebigy şertler we baýlyklar(klimat ýagdaýy, ýer-

suw, gazma baýlyklar) ýeterlik bolmasa milli ykdysadyýet birbada haýal ösýär. Türkmenistan tebigy şertlere we gazma baýlyklara baý döwlet. Şol sebäpli döwletimizde tebigy çig-mal baŷlyklary, oba hojalyk önümleri işleŷän senagat kärhanalary tiz wagtyñ içinde döredildi. Ol kärhanalar döwlet we raŷatlar üçin uly girdejiler getirŷärler.

Döwletimizde täze ýerler özleşdirilýär. Ol ýerlerde ilata mellek we mülk ýerler berilýär. Şol özleşdirilýän ýerlere ilatyň göçüp barmagy üçin oňat şertler we ýeňillikler döredilýär. Bu “Täze oba” syýasaty döwletimizde önümçiligi maksada laýyk we endigan ýerleşdirmeklige, döwletimiziň azyk howpsuzlygyny çözmäge mümkinçilik berýär. Islendik döwletiň çäginde önümçilik kärhanalary yzygider we endigan ýerleşdirilse onuň ösmegi üçin gowy bolýar.

**Ykdysadyýeti köptaraplaýyn ösdürmek taglymaty.** Bu taglymat döwletleriň köpüsine mahsus. Islendik döwletde hojalyk bir taraplaýyn ösdürilse, galan zerur harytlary daşary ýurtlardan getirmeli bolýar. Munuň özi döwlete ykdysady taýdan gymmat düşýär. Halkyñ gündelik sarp edŷän önümlerini döwletiñ çäginde öndürmeklik maksada laŷykdyr. Şonuň üçin ykdysadyýeti köptaraplaýyn ösdürmek zerur bolýar. Türkmenisatan Soýuzyň düzüminde-kä ykdysadyýetimiziň oba hojalygyna (pagtaçylyga, garakölçilige) we nebit-himiýa senagatyna esasy üns berilýärdi. Onuňam esasy sebäbi Merkeze pagta, bagana, nebit we tebigy gaz çig-mal hökmünde gerekdi. 1924-1991-nji ýyllar aralygynda döwletimizde soýuz we döwlet ähmiýetli ýekejede zawod, fabrik gurulmady. Garaşsyzlygymyz yglan edienden soň birbada hojalygy dolandyrmak aňsat düşmedi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda, öñ belläp geçişimiz ŷaly, “10 ýyl abadançylyk”, “Galla”, “Täze oba”, “Nebit-gaz” we ençeme syýasatlar, maksatnamalar durmuşa ornaşdyrylyp başlandy. Garaşsyzlyk ýyllarynyň içinde ýüzlerçe zawod-fabrikler, halkara gara we

demir ýollar, turbageçirijiler guruldy. Ykdysadyýeti köptaraplaýyn ösdürmeklige girişildi.

Ykdysadyýetiň hemmetaraplaýyn özara baglanyşykly ösüşi taglymaty islendik döwletiň durmuşynda hojalygy ösdürýän esasy taglymat hasaplanylýar. Döwletiň çäginde önüm öndürýän senagat, oba hojalyk kärhanalary bir-birleri bilen tilsimat ulgamlary boýunça baglanyşykly. Ol baglanyşyk üzülen wagty önümçilik togtaýar, önüm öndürilmeýär. Galan wagtlar olaryň hemmesi bir-biri bilen önümçilik arkaly hyzmatdaşlykda bolýarlar. Köp sanly oba hojalyk önümleri senagat kärhanalaryna çig-mal bolup hyzmat edýärler. Öz gezeginde oba hojalyk kärhanalary senagatdan zähmet gurallaryny, dürli maşynlary, mehanizmleri, mineral dökünleri, mör-möjeklere garşy ulanylýan zäherleýji maddalary we başga serişdeleri alýarlar.

**Önümçilik serişdelerine hususy eýeçilik taglymaty.** Dünýäniň ösen döwleterinde önümçilik serişdelerine hususy eýeçilik ir döwürlerden bäri höküm sürýär. SSSR-de we öňki sosialistik döwletlerde önümçilik serişdeleri döwletiň elindedi. Bu ýagdaý durmuşda, tejribede özüniň iş başarmaýanlygyny görkezdi. Sebäbi, önümçilik serişdeleri zawodlarda, fabriklerde könelse-de wagtynda çalşylmaýardy. Ýyl geçdigiçe olar könelýärdi, öndürijiligi peselýärdi. Öndürýän önümleriň hili pes bolup, döwletiň çäginde-de halkyň islegini ödemeýärdi. Häzirki wagtda dünýäniň aglaba döwletlerinde önümçilik serişdeleri hususy eýeçiligiň elinde jemlenen. Garaşsyzlygymyzyň ilknji ýyllaryndan başlap öňki bar bolan senagat kärhanalaryň durkuny täzelemäge, olary täze tilsimatlar bilen çalyşylmaga girişildi. Bütindünýä ülňüne gabat gelýän täze kärhanalar döredilýär.

Türkmenistanda hem garaşsyzlyk ýyllarynda önümçilik kärhanalary hususy eýeçilige berilip başlanyldy. Häzirki wagtda durmuş hyzmaty kärhanalarynyň köpüsi hususy eýeçilikde. Döwlet maksatnamasyna laýyklykda senagat kärhanalary hususy eýeçilige ýuwaş-ýuwaşdan

beriler. Bu meseläniň gijikdirilýänliginiň sebäbi raýatlaryň maliýe ýagdaýlary göz öňüne tutulýar. Hususy senagat kärhanalary döretmeklikde döwlet möçberinde giň ýol açyldy. Hemme welaýatlarda, etraplarda dürli senagat önümlerini öndürýän hususy kiçi zawodlar we fabrikler işleýärler. Olar dürli önümleri öndürýärler.

Öñ belläp geçişimiz ýaly, Türkmenistanda ähli welaŷatlarda önümçilik kärhanalary hususy eýeçilige berilýär. Oba hojalykda ýerler hususy eýeçilige paýlanylýär. Oba hojalykda hususy haryt öndürijileriň sany 2006-njy ýylda 2800, şahsy kömekçi hojalyklaryñ—631100, bagçylyk üçin berlen ŷerleri bolan hojalyklaryñ sany 38300-e ŷetdi. Olar oba hojalygyň jemi önüminiň esasy bölegini öndürýärler. Önümçilik kärhanalary, zawodlary, fabrikleri hususy eýeçilige bermeklik ýuwaş-ýuwaşdan amala aşyrylýar.

**Geografiki zähmet bölünişi taglymaty.** Adamzat ýer togalygynda peýda bolany bäri ähli meŷdan-çäklerde zähmet bölünişigi bar diýsek ýalňyş bolmasa gerek. Bu taglymatyň döreýşiniñ, emele gelşiniñ köp sebäpleri bar. Geografiki zähmet bölünişigi tebigy şertlere, taryhy ýagdaýlara, ilatyň sowatlylyk derejesine, başarnyklaryna, zähmet endiklerine we başga-da birnäçe sebäplere bagly. Her bir maşgaladan başlap dünýäniň ähli döwletlerine mahsus taglymat hasaplanýar. Geografiki zähmet bölünişigi aýratyn alynan maşgala, oba, şäherçä, şähere, etraba, welaýata, döwlete we döwletler toplumyna häsiýetli.

Bazar ykdysayýetine geçiş döwründe islendik döwletiň we şol sanda Türkmenistanyň milli hojalygyna dünýä ykdysadyýeti öz täsirini ýetirýär. Milli ykdysadyýetlere garanda dünýä hojalygynyň hem özboluşly meseleleri bar. Ýerlerdäki, döwletlerdäki, sebitlerdäki geografiki zähmet bölünişigi dünýä hojalygynyň zähmet bölünişiginiň özeni bolup durýar.

Häzirki zaman şertlerinde halkara zähmet bölünişigi döwletleriň çägindäki zähmet bölünişigine öz täsirini ýetirýär.

Halkara zähmet bölünişiginiň esasynda ykdysadyýet halkara we bütindünýä häsiýete eýe bolýar. Oňa esasan 2 topar şertler täsir edýär: halkara hyzmatdaşlyk (milli hojalygyň ýakynlaşmagy sebäpli) we döwletara önümçilik toplumynyň döredilmegi bilen döwletara guramalary emele gelýärler. Döwletara korporasiýalar dürli döwletlerdäki milli hojalyklary diňe bir geografiki görkezijileri boýunça däl-de, eýsem has çuňňur ýöriteleşmegi we önümçiligiň jebisleşen özara baglanşygy (kooperasiýasy) esasynda birleşdirilýär. Geografiki zähmet bölünşigi esasynda dünýäniň döwletleriniň arasynda haryt alyş-çalyş, satuw işleri amala aşyrylýar we bütindünýä hojalygynyň bir bölegi hökmünde Türkmenistan Altyn Asyryň "Galkynyşlar we özgertmeler" zamanasynda dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşulmak üçin onuň zähmetkeş raýatlary jan edýärler. Önümçilik kärhanalary, döwletler öz öndürýän önümlerini diňe bir özleri üçin däl, eýsem goňşy döwletler üçin hem öndürýärler. Türkmenistan hem şu önümçilik baglanyşygyna girýär.

**Zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmak we öndürilýän önümiň hilini gowulandyrmak taglymaty.** Esasy ykdysady, ykdysady we durmuş geografiki taglymatlaryň biri hasaplanýar. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak üçin önüm öndürlişini köpeltmek şerti bilen önümçilik ulgamynda girizilýän islendik zerur çig malyň we baýlygyň sarp edilşini azaltmagyň usullaryny tapmak ýeterlik. "Zähmediñ ýönekeýleşdirilmegi, ýa-da zähmediň ýörüteleşişini ýokarlandyrmagyň usulyny tapmak we çalt hereket edýän gurnama awtomaty oturtmak netijesinde öndürijilik ýokary galar" - amerikan menejerleriniň öndürijilik meselesine çemeleşişleri şeýle bolupdy.

Bu taglymat, "has ýokary aýlyk haky gowy zähmet çekmäge mydama höwes döredýär" diýilýän kesgitleýji taglymat hökmünde uzak taryhy döwür üçin ykrar edilipdi. Käbir amatly şertleriň täsir edenligi tilsimatlaryň, ýygnaýjy ulgamlaryň beýlekiler bilen deňeşdirilende täzeligi we

zähmediň ýörüteleşişiniň ýokary derejede bolmagy netijesinde amerikanyň senagatynda önümçiligiň yzygider ösüşine köp ýyllaryň dowamynda gözegçilik edip bolýardy. XX asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda amerikanlar köp sanly ýapon söwdagär kärdeşlerinden we bäsdeşlerinden yza galyp başladylar. Köp sanly amerikan senagat kärhanalaryna seredende, ýapon senagatynyň bir artykmaçlygy , ýapon ýolbaşçylarynyň edarany dolandyrmak meselesine has giňişleýin garaýşy bilen tapawutlanypdyrlar. Amerikan kärdeşlerine garanda ýapon menejerleri önümçiligiň we peýdanyň möçberiniň aşak gaçyşynyň çözgüdini tapmaklyga howlukmaýarlar. Önümçiligiň möçberini ýokary galdyranyň öndürijiligi ýokarlandyrmaýandygyna onuň ýerine önümiň hilini ýokary galdyrmaklygyň zerurdygyna olar düşünipdirler. Bu ýerde sebäp ýeke – oňat dolandyryş gerek. Hil-konsepsiýasy(taglymaty) – bu umumy öndürijiligiň esasy zerur görkezijisi bolup, köptaraply ulgamlaýyn çemeleşmegiň zerurdygyny aňladýar. Ýolbaşçylar kärhanalarynyň öndürijiligine baha berenlerinde ýygy-ýygydan göýberýän ýalňyşlyklary, olar diňe önümiň möçberine seredýärler. Öndürijiler köplenç önümiň möçberine gyzyklanyp önümiň hil meselesini inkär edýärler. Ýapon menejerleri amerikan biznesmenlerine garanyňda önümiň hiline köp üns berýärler. Hil içki we daşky görnüşi boýunça düzümlere bölünýär. Önümiň hiliniň içki düzümi – hyzmat ediş möhleti, kemçiligiň ýoklugy, tehniki häsiýetnamasy, ýerine ýetiriliş derejesi we dizaýn. Hil häsiýetnamasyna degişli zatlar: ygtybarlygy, ýokary hilliligi we çalt hyzmat edip bilýänligi, harydyň elýeterlik bolmagy we bahasynyň aşaklygy. **Nyrh** – bu harydyň degişli ulanyş häsiýetnamasy we bahasy. Harydyň hili hut nyrhy kesgitleýär. Zähmet öndürijiligi artdyrmaklygyň esasy şertleriniň biri hili gowulandyrmakdyr. Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe Türkmenistanda zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy dünýäniň ylmy-tehniki ösüşiniň gazanan

üştünliklerini önümçilikde ornaşdyrýanlygy bilen baglanşyklydyr. Bütin dünýä maddy we ruhy medeniýetiniň we jemgyýetçilik önümçilik gatnaşyklaryň ösmegi bilen adamzat elmydama önümçilikde zähmet öndürijiligini artdyrmak üçin alada edipdir. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanda dünýä ülňüne gabat gelýän täze tilsimatlaryň ulanmagy mynasybetli, senagat we oba-hojalyk kärhanalarynda önüm öndürmek üçin ulanylýan ilkinji çig mallaryň we olardan öndürilýän taýýar önümleriň hiline esasy üns berilýär.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniñ mejlisleri geçirilende ministrlikleriň, olaryň bölümleriniň önüm öndürýän we önümçilik däl kärhanalaryň ýolbaşçylary bilen bolýan duşuşyklarda ýolbaşçylaryñ we kärhanalary dolandyryjylaryñ edýän işlerine uly üns berilýär. Önümçiligi we kärhanany dolandyrmak zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak boýunça degerli maslahatlar berilýär. Öndürilŷän önümleriñ hilini gowulandyrmak hakda meselä uly üns berilŷär.

## 20. Häzirki zaman ykdysady geografiýa ylmynyñ öñünde durýan wezipeler

Häzirki zaman ykdysa geografiýa ylmynyñ öñünde durian wezipeleri kesgitlejek bolsañ onuñ durmuşyñ talaplaryna görä pudaklara bölünşine üns bermeli. Ykdysady geografiýanyñ gurluş düzüminde: ykdysady geografiýa barada umumy düşünjiler, hojalyk geografiýasy-dünýä hojalygyñ emele geliş we ösüş ugurlary, oba hojalygy, senagat, ulag-aragatnaşyk, hyzmat, rekriýasiýa; şeýlede ilat geografiýasy: ilatyñ ösüşi, ýerleşişi, milli düzümi, iş üpjünçiligi, ýaş aýratynlygy, häzirki zaman demografiýa-urbanizasiýa meselleri bu ylmy ugruñ esasyny düzýändir.

Geografiýa ylmynyň düzümi 3 sany bölege – **tebigy**(Fiziki) geografiýa, **jemgyýetçilik**(Ykdysady we durmuş) geografiýa,

**umumy**(Integral) geografiýa bölünýär. Bular hem öz gezeginde dürli böleklere bölünýärler. Fiziki geografiýa – doly we hususy, ýa-da bölekleýin tebigy toplumlary öwrenýär. Jemgyýetçilik (Ykdysady we durmuş) geografiýa – doly, ýa-da aýratyn alnan ykdysady--durmuş toplumlary(Kompleksleri), umumy(Integral) geografiýa – tebigy we jemgyýetçilik toplumlara bütewilikde seredýär.

**1-nji tablisa**

**Meýdan-çäk (Territorial) ulgamlary öwrenýän ykdysady we durmuş geografiýa ylmynyň pudaklary.**

| | |
|---|---|
| **Bütündünýä, döwletara, sebitara meýdan-çäk (Territorial) ulgamlar Önüm öndürýän ýerli - önümçilik toplumlar – Maddy önümçiligiň geografiýasy** | Senagat ýerli - önümçilik toplumlary – Senagatyň geografiýasy. |
| | Oba hojalyk ýerli-önümçilik toplumlary – Oba hojalygyň geografiýasy. |
| | Suw hojalyk ýerli - önümçilik toplumlary – Suw hojalygynyň geografiýasy. |
| | Tokaý hojalyk toplumlary – Tokaý hojalygynyň geografiýasy. |
| | Ulag ýerli-önümçilik toplumlary – Ulaglaryň geografiýasy. |
| | Gurluşyk ýerli - önümçilik toplumlary – Gurluşygyň geografiýasy. |

| | |
|---|---|
| | Aragatnaşyk ýerli - önümçilik toplumlary – Aragatnaşygyň geografiýasy. |
| **Önüm öndürmeýän ýerli - önümçilik toplumlar (Durmuş hyzmaty gullugy) – Önüm öndürmeýän (durmuş hyzmaty) gullugyň geografiýasy** | Söwda ýerli toplumlary – Söwdanyň geografiýasy. |
| | Bilim ulgamy – Bilimiň geografiýasy. |
| | Saglygy saklaýyş ulgamy – Saglygy goramaklygyň geografiýasy (medisina geografiýasy). |
| | Maliýe ulgamy – Maliýe geografiýasy. |
| | Medeni edaralar ulgamy – Medeniýetiň we sungatyň geografiýasy. |
| | Ylmy-barlag edaralar ulgamy – Ylmyň geografiýasy. |
| **Ilatyň ýerleşen ýeriniň ulgamy – Ilatyň geografiýasy** | Demografiki ýerli ulgamlar – Demogeografiýa. |
| | Zähmet gorlarynyň ýerli ulgamlary – Zähmet gorlarynyň geografiýasy. |
| | Etniki ýerli ulgamlar – Etnogeografiýa. |
| | Ilatyň ýerleşiş ýerli ulgamlary – Ilatyň ýerleşişiniň geografiýasy. |
| | Şäher ilatynyň ýerli ulgamlary - Geourbanistika. |
| | Oba ilatynyň ýerli ulgamlary – Oba ilatynyň geografiýasy. |

| | |
|---|---|
| | Dini garaýyşlar - diniñ geografiýasy. |
| **Durmuş (Sosial) ýerli ulgamlar – Sosial geografiýa** | Sarp edilişiñ ýerli ulgamlary – Sarp edilişiñ geografiýasy. |
| | Medeni ýerli ulgamlar – Medeniýet geografiýasy. |
| | Kriminal ýerli ulgamlar – Düzgün bozulyşyñ geografiýasy. |
| | Jahankeşdelik we syýahatçylyk toplumy - syýahatçylygyñ we jahankeşdeligiñ geografiýasy. |
| | Bedenterbiýe we sport toplumy - Bedenterbiýe we sport geografiýasy. |
| **Syýasy ýerli ulgamlar – Syýasy geografiýa** | Döwletiñ içindäki syýasy ýerli ulgamlar – Elektoral (Saýlawlar) geografiýa. |
| | Döwletara syýasy ýerli ulgamlar – Geopolitologiýa, syýasy geografiýa. |
| | Harby birleşmeler - Harby geografiýa. |
| **Tebigy we jemgyýetçilik täsirler esasynda döreýän ýerli ulgamlar – Fiziki we ykdysady durmuş** | Ýerli-rekreasion ulgamlar – Rekreasion geografiýa. |
| | Medisina ýerli ulgamlar – Medisina geografiýasy. |
| | Tebigy baýlyklar ulgamy – Tebigy baýlyklaryñ geografiýasy. |

| | |
|---|---|
| **geografiýa-nyň arasynda döreýän aralyk pudaklar** | Tebigaty goramak ulgamlary – Ekologiki geografiýa. |
| | Tebigy şertleri we baýlyklary tygşytly peýdalanmak - Tebigatdan peýdalanmaklygyň ykdysadyýeti. |
| | Tebigatyň we jemgyýetiň baýlyklaryny hasaba almak - geografiki monitoring. |
| | Tebigy we jemgyýetçilik hadysalaryň ösüşi – geografiki çaklama bermek. |
| | Geçen döwürleriň tebigy-durmuş ýerli ulgamlary-jemgyýetiň taryhy geografiýasy – Taryhy geografiýa. |

Ykdysady we durmuş geografiýanyň ýerli ulgamlary gury ýeriň we suw giňişlikleriniň (Deňiz we umman akwatoriýasynyň) belli-bir meýdan-çäklerinde döreýärler. Olar şol giňişliklerde tebigy we antropogen düzümi, hem-de baýlyklary bolan kesgitli meýdany eýeleýärler. Şol meýdanlarda hojalyk kärhanalary döredilýär. Olar özaralarynda önümçilik, dolandyryş we medeni gatnaşyklary amala aşyrýarlar. Şonuň üçin olara ykdysady we durmuş geografiýada “Ýerli-önümçilik toplumlary” diýilýär. Ugurdaş ýerli-önümçilik toplumlaryň birnäçesi birleşip kiçeňräk ykdysady-durmuş sebitleri emele getirýärler. Bularyň kämilleşmeginde önüm öndürmeýän(Durmuş hyzmaty) kärhanalaryň hem ähmiýeti uludyr. Bu kärhanalar bir-birleri bilen aýrylmaz baglayşyklydyrlar. Meselem- ylym, bilim ulgamy önümçilik kärhanalar üçin gerekli hünärmenleri

taýýarlap berýärler. Ulag we aragatnaşyk ulgamlary önümçilik kärhanalara ýeterlik hyzmat etmeseler önümiň öndürilişi peseler.

Ykdysady we durmuş geografiki barlaglaryň öňünde şu aşakdaky **maksatlar we wezipeler** durýarlar.

1. Her bir ykdysady—durmuş sebitiň tebigy şertlerini we adamzat baýlyklaryny hojalygy ösdürmekde tygşytly ulanmak esasy mesele bolup durýar. Şol maksat bilen sebitiň meýdan-çäklerini Durmuş we ykdysady taýdan çuňňur öwrenýärler. Sebitiň tebigy şertlerini we baýlyklaryny doly öwrenip, olary ulanmaklygyň tärlerini hojalyk kärhanalaryna maslahat berýarler.

2. Bazar ykdysadiýetine geçilýän döwürde tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak örän zerur hasaplanýar. Akademik I.P.Gerasimowyň belleýşi ýaly tebigy baýlyklary hojalykda peýdalanmakda kyn we çylşyrymly meseleleri geografiýa ylymynyň wekilleri çözüp biler. Sebäbi, bu mesele bilen ir döwürlerden bäri geografiýa ylmy meşgullanýar.

3. Döwletiň çäginde öndüriji güýçleri tygşytly peýdalanmak maksady bilen ilaty we onuň görkezijilerini takyk öwrenmek zerur. Ilat islendik döwletde esasy öndüriji güýç hasaplanýar. Onuň ýyllar boýunça artyşyny, kemelişini, göçüp-gonuş hereketini, sowatlylyk, işe ýaramlylyk derejesini, şäher we oba ilatynyň ýagdaýyny, ýaş aýratynlygyny, jynsyny öwrenmek has zerur hasaplanýar. Ilatyň ösüşine görä önümçilik we durmuş hyzmaty kärhanalaryny gurmaklyk meýilnamalaşdyrylýar.

4. Döwletiň çäklerinde hojalyk pudaklaryny endigan ýerleşdirmek. Eger şeýle edilmese ilaty iş ýerleri bilen üpjin etmek meselesi kyn bolýar. Ilat käbir ýerlerde diňe oba hojalyk, ýa-da senagat kärhanalaryň işlerinde meşgul bolmaly bolýarlar. Şonuň üçin sebitiň hemme ýerinde senagat, obasenagat, durmuş hyzmaty kärhanalary deňeçerräk ornaşdyrmaklyk maksada laýykdyr.

5. Döwletiň içindäki we goňşy döwletlerdäki zähmet bölünişigini bilmekligiñ uly ylmy ähmiýeti bar. Zähmet bölünişigi boýunça senagatyň, oba hojalygyň, ulaglaryň, hyzmat ediş gullugyň ýörüteleşişini kesgitläp bolýar. Täze kärhanalary gurmak üçin hünärmenleriñ ýeterlik bolmagy zerur. Eger işçi güýji ýetmese olary ýurduň çäginden we goňşy döwletlerden çagyrmak zerurlygy ýüze çykýar. Bu ýagdaý hojalykda özboluşly kynçylyklary emele getirýär.

6. Döwletiň ykdysadiýetini ýokarlandyrmak maksady bilen aýratyn, ýa-da toplumlaýyn alnan senagat pudagyny, onuň kärhanasyny öwrenmek senagaty ösdürmeklige ýardam edýär. Senagat kärhanasy öwrenilende hökmany ýagdaýda oňa baryp tanyşmaly bolýar. Onuň çig-mal, energiýa, işçi güýji, hünärmenler bilen üpjünçiligi, öndürilýän önümiň hili we özüne düşýän gymmaty bilen gyzyklanýarlar. Senagat kärhanada tehnologik ulgamlar täze oturdylan bolsa, hünärmenler we işçi güýji, gerekli çig-mal ýeterlik ýagdaýynda, öndürilýän önümiň hili hem gowulanýar. Beýle ýagdaýda kärhana gowy netijeler gazanýar. Senagat kärhanalaryň pudaklaryny, olaryň önümçilik gatnaşyklaryny öwrenmeklik zerurlygy döreýär. Olary ösdürmeklik üçin teklipleri, çäreleri işläp düzmeklik hünärmeniň borjy hasaplanýar.

7. Ykdysady we durmuş geografiýanyň oba hojalygyň geografiýasy bölümi bar. Ol ugurdan işleýän hünärmenler tarapyndan oba hojalyk kärhanasynyň ýerleşişi, ýer-sub, işçi güýji, zähmet gurallar, mehanizmler bilen üpjünçiligi, ulag ýagdaýy, ekilýän ýerleriň toprak-melioratiw şertleri, ekin dolanyşygy, bagbançylygyň ýagdaýy öwrenilýär. Hojalykda saklanylýan mallaryň baş sany, önümliligi, öndürilýän önümiň işlenilişi, maldarçylygyň we umuman oba hojalygyň düşewüntliligi bilen hem gyzyklanýarlar.

8. Etrabyň, welaýatyň çäginde ýerleşen ulag kärhanalary Ykdysady we durmuş geografiýanyň hünärmenleri tarapyndan köp ýyllaryň dowamynda öwrenilip gelinýär. Ulag

ulgamlary önüm öndürmeklige uly kömek edýärler. Kärhanalara çig-mallary, taýýar önümleri gowşurýarlar. Ýük we ýolagçy gatnatmakda olaryň deňi-taýy ýokdur. Olar hojalykda bosagadan-bosaga çenli hyzmat edýärler. Ýurduň çäginde ýerleşen kärhanalary, olaryň işleýşini ulagsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Şonuň üçin her bir döwletde ulaglar ulgamyny öwrenmeklige döwlet derejesinde uly üns berilýär.

9. Döwletiň çäginde—etraplarda, welaýatlarda ýerleşen, ilata durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalar ykdysady geografiýanyň wekilleriniň öwrenýän esasy obýektleri hasaplanýar. Ýurduň meýdan-çäginde önümçiligiň ösüşi durmuş hyzmaty kärhanalaryň ýerleşişine we olaryň ilata hyzmat ediş derejesine bagly bolýar. Şol sebäpli ilata hyzmat edilişini çuňňur öwrenmek zerurlygy döreýär. Sebäbi döwletde zähmet baýlyklary rejeli peýdalanmakda durmuş hyzmaty kärhanalaryň örän uly ähmiýeti bar. Bu pudagyň kärhanalarynda ykdysady taýdan ösen döwletlerde işe ýarawly adamlaryň esasy bölegi zähmet çekýär. Bu kärhanalar döwlete we hususy eýelerine uly girdeji getirýärler. Şonuň üçin ilata hyzmat ediş gullugy giň gerim bilen ösdürmeklige döwlet we hususy kärhanalar, hünärmenler uly üns berýärler.

10. Döwletiň çäklerinde ýerleşýän şäherleri we şäherçeleri Ykdysady we durmuş geografik taýdan çuňňur ösdürmek üçin onuň ösüş aýratynlyklaryny köptaraplaýyn öwrenmek zerurlygy ýüze çykýar. Şäherleriň we şäherçeleriň çäklerinde ýerleşýän senagat, durmuş hyzmaty kärhanalary giňeltmek, döwrüň talabyna laýyk gelýän harytlary öndürer ýaly, täze tehnologik ulgamlary ornaşdyrmak zerurlygyny barlaglar esasynda anyklanylýar. Olarda ýerleşen senagat kärhanalaryň çig-mal mümkünçiliklerini hem öwrenmeli bolýar. Beýleki şäherler we şäherçeler bilen bolan ykdysadywe durmuş, önümçilik gatnaşyklaryna uly üns berilýär.

11. Döwletiň çäklerindäki durmuş-ykdysady sebitleri (raýonlary) öwrenmek we olaryñ hakykatda bardygyny ylmy taýdan esaslandyrmak meselesi ýüze çykýar. Döwletiň çäginde senagat we oba senagat kärhanalary belli-belli önümleri öndürmek boýunça ýörüteleşýärler. Öndürilen önüm sebitiň çägindäki ýaşaýan ilatyň islegini kanagatlandyrýar. Onuň ýokary hilli we artykmaç öndürileni döwletiň beýleki sebitlerine we daşary döwletlere çykarylýar. Dünýäniň köp döwletlerinde hojalyk pudaklarynyň ösüşi ykdysady sebitler boýunça amala aşyrylýar. Hojalygyň ösüşiniň 3-5-10 ýyllyk maksatnamalary Ykdysady we durmuş sebitler boýunça göz öňünde tutulýar.

12. Döwletiň ykdysadiýetini ösdürmekligiň maksatnamasyny (1-5 ýyllyk) düzmeklige Ykdysady we durmuş geografiýa bilen meşgullanýan hünärmenler işeňňir gatnaşýarlar. Ýakyn geljege (10-15 ýyllyk) öndüriji güýçleri ösdürmekligiň çaklamasyny (prognoz) taýýarlamaklyk - geografiki çaklama - hünärmenleriň ünsüni özüne çekýär.

13.Ýerleriň melioratiw ýagdaýyny, rekreasion baýlyklary öwrenip olary rejeli peýdalanmak boýunça degişli guramalara teklipler taýýarlanylýar. Döwletiň çäginde, suwarymly ekerançylyk alnyp barylýan ýerlerinde, suwdan týgşytly peýdalanylmasa ýerleriň şorlaşmagy bolup geçýär. Ýerleri haşal otlar basýar. Suwly ýaplaryň, howdanlaryň suwlaryny tygşytly peýdalanmak, olaryň boýlarynda, ekerançylyk alnyp barylýan ýerlerde tokaý agaçlary ekip, ýerli halkyň dynç almak mümkinçiligini döretmek barada teklipler işläp taýýarlanylýar.

14.Döwletiň çäginde taryhy we tebigy ýadygärlikleri öwrenip, syýahatçylygy (turizmi) ösdürmek barada öz ylmy garaýyşlaryňy degişli guramalara hödürlemek Ykdysady we durmuş geografiýadan işleýän hünärmeniň borjy bolup durýar.

15. Ykdysady we durmuş geografiýanyň esasy şahalarynyň biri “Syýasy geografiýa” hasaplanýar. Dünýäniň

köp döwletlerinde ylmy-barlag institutlarda, ýokary okuw mekdeplerde syýasy geografiýa uly üns berilýär. Islendik döwletiň ykdysadiýetiniň ösüşi syýasat esasynda amala aşyrylýar. Syýasat ykdysadiýetiň ösmeginde uly ähmiýete eýedir.

16. Her bir döwletde goňşy döwletler bilen ykdysady gatnaşyklary ýola goýmak, ony ösdürmek barada uly alada edýärler. Sebäbi, döwlet näçe ösen hem bolsa olar bir-birinden üzňe ýaşap bilmeýärler. Döwletleriň, hemmesi üçin ykdysady, syýasy, medeni, ylmy gatnaşyklar örän zerur hasaplanýar. Şol sebäpli Ykdysady we durmuş geografiýadan işleýän hünärmenler daşary ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklary öwrenýärler we agzalan ugurlar boýunça ylmy iş alyp barýarlar.

17. Ykdysady we durmuş geografiýa ir döwürlerden bäri bütündünýä meseleleri bilen hem gyzyklanýar. Dünýäniň köp döwletlerinde bütündünýä meseleleri öwrenýän ýörüte ylmy-barlag institutlary bar. Ol meseleleriň arasynda iň esasylaryndan biri dünýäniň ilatynyň parahatçylykly ýaşaşmak meselesidir. Dünýäniň belli-belli sebitlerinde ýaşaýan halklar urşuň nämedigini, onuň halklara nähili betbagtçylyklary getirýändigini bilýärler. Ýer ýüzünde iki ulgamyň (sosialistik we kapitalistik) ýaşaýan döwründe olaryň arasynda “Sowuk uruş” syýasaty iň elhenç ýagdaýlara getiripdi. Olaryň arasynda ýaraglanyşyk meselesi ýokary derejesine ýetipdi. Sosialistik ulgamyň dargamagy bu meseläni gowşatdy. Sowuk uruş syýasaty aradan aýryldy. Emma, dünýäniň syýasy kartasynda <gyzgyn nokatlar> entek bar. Ol nokatlar bu ugurdan işleýän hünärmenler tarapyndan öwrenilýär.

18. Dünýäniň ilatyny we ylmy işgärlerini biynjalyk edýän bütündünýä meseleleriň biri—ekologiki meselelerdir. Häzirki wagtda ylmyň-tehnikanyň we dünýäniň hojalygynyň ösmegi bilen daşky gurşawa—geografiki sreda hapalanmak howpy abanýar. Dünýäniň köp döwletlerinde gurlan zawodlarda we

fabriklerde arassalaýjy desgalar bolmanlygy sebäpli, olardan daşky sreda köp hapalar oklanýar. Zyňylýan hapalar öz gezeginde atmosfera, gidrosfera, litosfera düşüp tebigata we onuň janly organizmlerine uly zyýan ýetirýärler. Şol sebäpli bu meseleler ir wagtlardan bäri geograflar tarapyndan öwrenilýär.

19. Bütündünýä köpçüliginiň ünsüni özüne çekýän meseleleriň biri demografik meselelerdir. Dünýäniň ilatynyň artyşy barada alymlaryň arasynda her hili garaýyşlar bar. Olaryň käbirleri Ýer ýüzünde bolýan käbir meseleleri ilatyň artyşy bilen baglanyşdyrýarlar. Ilatyň sanyňyň artmagy bilen emele gelýän meseleler esasan ykdysady taýdan gowşak ösen döwletlerde döreyärler. Olardan: iýmit, ýaşaýyş jaý, çagalar baglary, mekdep, iş orunlary, keselçilik we beýleki meselelerdir. Bu meseleleri çözmek üçin ykdysady ösüşde yza galan döwletlere ösen döwletleriň goldawy gerek. Bularyň tersine ykdysady taýdan ösen döwletlerde zähmet gorlary ýetmezçilik edýärler. Ilat garraýar. Ýaşlaryň sany azalýar. Ilatyň tebigy ösüşi örän pes. Şu meseleleri oňyn çözmeklik Durmuş we ykdysady geografiýanyň hünärmenleriniň wezipeleriniň biri hasaplanýar.

20. Dünýäniň ykdysady taýdan ösen döwletleriniň köpüsinde ýangyç we mineral çig-mal baýlyklar ýetmezçilik edýärler. Onuň sebäpleriniň biri ýangyç baýlyklaryň dünýäniň döwletleriniň köpüsinde ýoklugydyr. Ykdysady taýdan ösen döwletler ýangyç baýlyklary köp sarp edýärler. Şol sebäpli köp ýyllardan bäri olarda “Energetiki krizis” dowam edýär. Bu ýagdaýy aradan aýyrmak üçin döwletleriň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy guramak gerek. Bulardan başga-da birnäçe ykdysady-geografiki meseleler: dünýä ummanlarynyň biologiki we minaral baýlyklaryny tygşytly ulanmak; kosmos giňişligini parahatçylyk maksatlary uçin öwrenmek; ýer ýüzüniň tokaý we haýwanat dünýäsini aýawly saklamak we köpeltmek; dünýäniň ilatynyň saglyk ýagdaýy bilen

baglanyşykly meseleleri hem ykdysady geograflar öwrenýärler.

Ykdysady we durmuş geografiýa hojalygyň (senagatyň, oba hojalygyň, ulag ulgamlaryň, ilata hyzmat ediş gullugyň we ş.m.) aýratyn etraplarda, welaýatlarda, döwletiň çäginde ýerleşişini we ösüş aýratynlyklaryny öwrenýär. Şonuň bilen birlikde bu ylmyň esasy meseleleriniň biri tebigy baýlyklary we şertleri rejeli peýdalanmak bolup durýar. Halk hojalyk pudaklaryny döwletiň çäginde ýerleşdirilişiniň ykdysady-durmuş geografiýanyň kanunalaýyklyklaryna we kanunlaryna gabat gelýändigini, ýa-da laýyk gelmeýändigini öwrenip, hojalyk kärhanalaryna tekliplerini hödürleýär. Hojalyk kärhanalarynyň ýerleşdirilişiniň ykdysady taýdan düşewüntli bolmagynyň aladasyny edýär. Ykdysady-urmuş geografiýasy bilen meşgullanýan hünärmenler halk hojalygy ösdürmekligiň meýilnamalaryny we maksatnamalaryny işläp düzmäge hem işeňňir gatnaşýarlar. Şeýlelikde, bu geografiýa ylymyň pudagy hojalyk üçin has zerur meseleleriň üstünde işleýär. Netije-de, Ykdysady we durmuş geografiýa hojalygy ýerleşdirmekde, ony ösdürmekligiň tärlerini işläp düzmekde uly ähmiýete eýe bolýar. Ir döwürlerden bäri dünýäniň hojalygyny ösdürmekde, daşary ykdysady gatnaşyklary guramakda we gowulandyrmakda, syýasaty kämilleşdirmekde bu ylmyň örän uly ähmiýeti bolan. Häzirki wagtda-da döwletiň çägindäki islendik ýerli-önümçilik toplumlar bilen gyzyklanýan edaralara, kärhanalara barlaglar netijesinde maglumatlar taýýarlanylýar. Ol maglumatlar döwletiň çagindäki ykdysady, medeni gurluşyklary meýilnamalaşdyrmakda, dolandyrmakda we daşary döwletler bilen ykdysady, syýasy gatnaşyklary gowulandyrmakda ulanylyp biliner.

Durmuş we ykdysady geografiýa degişli habar beriji(Informasiýalar) maglumatlar ýurduň çäginde ýaşaýan raýatlaryň dünýägaraýşyny ösdürmek üçin ähmiýetlidir. Bu ders hökmünde orta, ýokary okuw mekdeplerde ýaşlara

öwredilende onuň terbiýeçilik we watansöýüjilik ähmiýeti örän uludyr.

## 21. Häzirki zaman geografiýa ylmy, uly toplumly, köptaraplaýyn ylymlaryñ utgaşygydyr

Gadymlardan, adamzadyň emele gelen döwürlerinden bäri, adamlar tebigy şertler we baýlyklar barada aňyýetini, düşünjelerini baýlaşdyrmak isläpdirler. Sebäbi, irki döwürlerde adamlar tokaýlardaky miweler, ir-iýmişler bilen iýmitlenipdirler. Sonuň üçin iýmit ýetmezçiligi sebäpli, ilat göçüp-gonup ýörmeli bolupdyr. Şeýlelikde, adamlarda tebigy baýlyklar(ýerüstüniň gurluşy, howa ýagdaýy, suwlar, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň wekilleri, olardan öndürilýän önümler) barada aňyýetiň we düşünjeleriň ösmegine olary durmuş şertleri mejbur edipdir. Dünýäniň ilatynyň arasynda düşünjeli adamlaryň ýolbaşçylygynda “sergezdançylyk durmuşdan” dynmak maksady bilen oturymly hojalyk emele gelip başlapdyr. Dünýäniň ilatynyň aňyýetiniň we düşünjeleriniň ösmegi we artmagy bilen oturymly hojalyk ösmegini we kämilleşmegini dowam etdiripdir. Adamlar ýuwaş-ýuwaşdan ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanyp başlapdyrlar. Adamzadyň hojalygynyň ösmegi bilen dürli ykdysady-jemgyýetçilik gurluşlar emele gelipdir. Gul eýeçilik jemgyýetiniň döremegi bilen ykdysady durmuş geografiýa hakda dürli düşünjeler peýda bolýar. Adamlaryň gury ýer bölegini özleşdiren ýerlerinde ilatyň sanynyň artmagy bilen, täze giňişlikler özleşdirilip başlanýar. Özleşdirilen ýerleriň tebigy şertlerini we baýlyklaryny ilat öz hojalygyny ösdürmek üçin ulanýar. Tebigy şertleriň we baýlyklaryň dürlüligi, ilatyň aňyýetiniň we düşünjeleriniň, başarnyklarynyň birmeňzeş bolmazlygy jemgyýetiň arasynda zähmet bölünişigi emele getirýär. Gul eýeçilik döwletleri emele gelip başlapdyr. Zähmet bölünişigine görä ilat özüne gerek azyk we hojalyk harytlaryny goňşy ýerlerdäki ilat

mesgenlerden getirmeli, ýa-da haryt çalşygyny amala aşyrmaly bolupdyrlar. Şeýlelikde, ilatyň arasynda dürli harytlary öndüriji ilat mesgenleri, obalar hakda maglumatlar emele gelýärler. Durmuş we ykdysady geografiýa degişli ilkinji maglumatlar gadymy gul eýeçilik döwrüniň döwletlerinde emele gelýärler. Döwletleriň we olaryň sebitlerinde emele gelen jemgyýetçilik zähmet bölünişigi hojalygyň meýdan-çäkler boýunça dürlüligi hakyndaky düşünjäni emele getirýär.

Gadymy döwürde geografiýadan has köp ylmy iş eden grek alymlarynyň biri **Strabon** (biziň eýýämimizden öň 64/63 we biziň eýýämimiziň 23/24-nji ýyllary) özüniň "Geografiýa" diýen işinde adamzadyň ýerleri özleşdirişine, ýazgy beren döwletleriniň hojalyk pudaklaryna, olaryň arasynda söwdanyň guralyşyna häsiýetnama beripdir. Oh(häzirki Tejen, Amyderýa, ýa-da Etrek) derýasynyň golaýynda nebitiň, aşgarly suwlaryň, asfaltyň, ýelimiň, kükürdiň çykýandygy barada ýazypdyr. Ýokarda görkezilen üç derýanyň golaýynda ýeriň üstüne nebitiň çykyp duran ýerleri henize çenli ýok. Emma geçen döwürlerde we asyrlarda Çeleken (1920-nji ýyllara çenli ada bolan) adasynda, Nebitdagda ýeriň aşagyndan öz-özünden nebitiň çykyp, gatap galan ýerlerine gabat gelip bolýar, diýip barlagçylar aýtýarlar. Köp alymlar Strabonyň "Ohy" häzirki Çeleken ýarym adasy bolmaly diýip pikir edýärler. Şol wagtlar ýazgy berýän ýerlerimiz Gündogaryň üç döwletiniň: Parfiýa imperiýasynyň, Köneürgenç döwletiniň we Beýik Kuşan patyşalygynyň garamagynda bolupdyr. **Ö.Gündogdyýewiň**(2006, sah. 7) maglumatyna gögä, taryhçy **Pliniý(Starşiý)** biziň eýýämimizden öň 1-nji asyrda Parfiýa döwletiniň Astauen sebitinde(Günbatar Türkmenistanda) nebitiň gazylyp alnandygy barada ýazypdyr. Gazylyp alnan nebit öz döwründe metjitlerde, patyşalaryň köşklerinde jaýlary ýagtyltmak we uruş maksatlary üçin ulanylypdyr. Parfiýa goşunlarynyň esgerleri okýaýyň ujuna esgi orap, oňa nebit

siňdirip, otlap duşmana atypdyrlar. Orta asyrlarda nebit harby ýörüşlerde giňden ulanylypdyr. YIII-XI asyrlarda türkmen goşunlarynda ot atýan ýörüte “Naffatin” atly bölümler bolupdyr. Beýan edilen maglumatlardan görnüşi ýaly, häzirki eýýämiň başlarynda döwletleriň geografiki ýerleşişi, tebigy şertleri we baýlyklary, hojalyk düzümleri, öndürilýän önümleri barada ilkinji maglumatlar, ýazgylar emele gelipdir. Jemgyýetçilik zähmet bölünişigi emele gelenden soň döwletleriň, sebitleriň arasynda söwda, dürli ykdysady gatnaşyklar ösüp başlapdyr. Şeýlelikde, geografiki edebiýatlarda söwdanyň geografiýasyna bagyşlanan ylmy işler we ýazgylar peýda bolupdyr.

XII-XIII asyrlarda ýerine ýetirilen ylmy işlerde ykdysady we durmuş geografiýa degişli ilkinji maglumatlara gabat gelinýär. Şol ýyllarda geografiýa degişli ylmy işlerde döwletlere häsiýetnama berlende, olaryň ykdysadyýetine degişli maglumatlar getirilýär.

**M.M.Golubçigiň** we beýlekileriň ýazmagyna görä(2003, sah. 62-84) 1333-nji ýylda italiýaly Pegolottiniň “Söwda tejribesi”(Praktika torgowli) işi çap edilipdir. Onuň işinde esasy öndürilýän harytlaryň hili, taýýarlanyş tehnologiýasy, agramy, ölçegi, döwletleriň pul birlikleri, gümrük tölegleri, ulag çykdajylary, Azow deňzinden Hytaýa çenli kerwen ýollary görkezilipdir. XYI asyryň başlarynda jemgyýetçilik ösüşiň kapitalistik ýola ugrukmagy bilen uly geografiki açyşlar amala aşyrylýar. Geografiki açyşlar bilen baglanyşykly ýerine ýetirilen ylmy işlerde döwletleriň tebigy şertlerine, baýlyklaryna, öndürýän önümlerine, söwdanyň geografiýasyna uly ähmiýet berilipdir. Mundan başga-da döwletleriň ykdysadyýetine mukdar taýdan baha berilip, statistiki maglumatlar esasy orny eýeläpdir. Şeýlelik-de, dowam edip gelýän ýeke-täk geografiýa ylmynyň ikä bölünmegi dünýäniň döwletleriniň ykdysadiýetiniň ösüşi bilen bagly. Kapitalistik hojalygyň ösmegi, ykdysady gatnaşyklaryň ýitileşmegi, ykdysady we durmuş

geografiýasynyň umumy geografiýa ylmynyň bir şahasy hökmünde bölünmegine sebäp bolupdyr. Ilkinji ykdysady geografiýa degişli ylmy işler XVI-njy asyrda Fransiýada, Italiýada, Gollandiýada peýda bolupdyr.

1566-njy (Dikeldiş-Wozrojdeniýa) ýyldan başlap Fransiýaly **Jan Bodeniň**, italiýaly **Lýudowik Gwiççardininiň** ýazan ylmy işleri bellemäge mynasypdyr. Lýudowik Gwiççardininiň 1567-nji ýylda "Niderlandlaryň ýazgysy"(Описание Нидерландов) ady bilen ykdysady geografiýa degişli kitaby çykýar. Bu kitap 7 dilde 35 gezek çap edilýär. Kitap 2: pudaklaýyn we raýonlaşdyryş bölümlerden ybarat bolupdyr. Birinji bölüminde döwletiň ady, geografiki ýerleşişi, klimaty, ýerüstüniň gurluşy, şol wagtlarda Nidelandlaryň çägine girýan Gollandiýanyň, Belgiýanyň, Lýüksemburgyň, Demirgazyk Fransiýanyň topraklaryň hasyllylygy, derýalary, deňizleriň we tokaýlaryň ähmiýeti, ilatyň durmuşy, ahlagy, senetçiligi, söwdasy we ýurduň dolandyrylyşy barada ýazgy berilipdir. Ikinji bölüminde döwletiň 17 prowinsiýasyna, olaryň hojalygynyň ösüşine mukdar taýdan häsiýetnama we prowinsiýalaryň şäherlerine, ilat mesgenlerine ýazgy berilýär. Kitaby okan hünärmenler oňa ilkinji ykdysady we durmuş geografiýa degişli iş diýip belleýärler.

L.Gwiççardiniden ýüz ýyla golaý soňrak, 1650-nji ýylda Gollandiýaly **Bernhard Wareniusyň (Waren)** (1622-1650) "Geografiýa generalnaýa….."(ýa-da "Ähliumumy geografiýa") kitaby çykypdyr. Milleti boýunça nemes, Gamburg, Kýonisberg uniwersitetlerinde okap, 25 ýaşynda Gollandiýa göçüp gelýär. 1649-njy ýylda onuň Ýaponiýa we Siam hakda kitaby çykýar. 1649-njy ýylyň güýzünde ýazyp başlap 1650-nji ýylyň baharynda gutarypdyr. Soňra kitap bolup cap edilipdir. Waren geografiýa barada birnäçe kitap ýazmagy maksat edinipdir. Emma ol 29 ýaşyň içinde Leýden şäherinde aradan çykypdyr. Onuň "Geografiýa generalnaýa…." kitaby XVII-asyrda latyn dilinde

Gollandiýada 4 gezek kitap edilip çykarylypdyr. Angliýada 2 gezek **Isaak Nýutonyň** redaksiýasy bilen çap edilipdir. XVIII-asyrda kitap iňlis we Pýotr 1-niň buýrugy boýunça rus diline 1718-nji ýylda terjime edilipdir. Rus dilinde **Fýodor Polikarpow** tarapyndan çap edilýär. Warenius özüniň kitabynda 3 bölüme: "ýer" bilen baglanyşykly döwletiň geografiki ýerleşişine, araçäklerine, ýeriniň konfigurasiýasyna, meýdanyna, relýefine, magdanlaryň gazylyp alnyşyna, suwlaryna, toprak we ösümlik örtügine, haýwanat dünýäsine aýratyn ähmiýet beripdir. 2. "Asman" bilen baglanyşykly ýeriň giňligine we günüň beýikligine, ýyl pasyllarynyň dowamlylygyna, klimat zonalaryna, meteorologik hadysalara, astronomiki gözegiliklere; 3. Ülkäni öwrenmekligiň ykdysady geografiki taraplarynyň biri "Adamzat" meselelerini: ilatyň düzumini, ýaşaýyş aýratynlyklaryny(iýmit we suw ýagdaýy), girdejisini, bilimlilik derejesini, senetçiligiň we söwdanyň ösüşini, syýasy gurluşyny, şäherlerini öwrenmeklige üns beripdir.

Belli iňlis alymy "Syýasy ykdysadyýetiň atasy" diýlip atlandyrylan **Uilýam Petti**(1623-1687) deňiz söwdasynyň täsiri bilen ýerli zähmet bölünişiginiň getirýän peýdasyny seljeripdir. Eger-de, M.M.Golubçigiň we beýlekileriň(2003, sah. 64) pikirlerine görä, Warenius XYII asyrda deňiz söwdasynyň janlanmagynyň tebigy tarapyny ylmy taýdan esaslandyran bolsa, **U.Petti** onuň ykdysady tarapyny esaslandyrypdyr, diýip ýazýarlar. U.Petti ilatyň ýeleşişi barada taglymat meseleleri bilen çykyş edipdir. Ol geografiki edebiýata "Öndüriji işgärler" diýen adalgany girizipdir.

**Syýasy geografiýa** degişli ilkinji ylmy işleri **Şarl Lui Monteskýe** (1689-1755) 1748-nji ýylda "Kanunlaryň ruhy hakynda" (О духе законов) atly kitabynda (1900-nji ýylda rusça terjime edilen) tropik we subtropik guşaklyklarda ýaşaýan halklar yssy klimata görä olar ýalta bolýarlar. Belli döwletleri bolmaz, olar döwleti dolandyrmaga ukypsyzdyrlar

diüip ýazypdyr. Beýle diýmek bilen şol döwürdäki kolonial syýasaty goldap çykyş edipdir.

Tebigatda we jemgiýetde bar bolan kanunlary, kanunalaýyklary ykrar edýän filosofiýanyň akymyna **"determinizm"** diýilýär. Şonuň bilen bir hatarda **"fatalizm"** diýen akym emele gelýär. Fatalizm – ykbalyňa näme ýazylan bolsa şoňa ynanmak – diýmeklikdir. Fatalizm – ähli dinlere mahsusdyr.

Feodalizmden kapitalistik önümçilige geçilenden soňra geografiki determinizm we fatalizm günbatar döwletlerde esasy aňyýet (ideologik) ýaragyna öwrüldi. Geografiki fatalizmi nemes klassiki filosofiýasynyň baştutany **Immanuil Kant** (1724-1804) ösdürdi. Ol Kýonisberg uniwersitetinde filosofiýa, logika, matematika, mehanika, fizika, geografiýa, antropologiýa, umumy tebigatyň taryhy boýunça okuw okadypdyr. Onuň pikiriçe akyl, pikirlenmek, düşünje – ilkinji, tebigat bolsa ikinji orunda görlüpdir.

Günbatar Ýewropada ykdysady we durmuş geografiýanyň ösmegine Germaniýaly **Iogann Týuneniň**(1783-1850) goşan goşandy ulydyr. Ol 1826 –njy ýylda «Изолированное государство …»(Üzñeleşdirilen döwlet) öz döwründäki ylmy garaýyşlardan has öňe gidip, häzirki wagtda ulanylýan matematiki modelirlemäniň usullaryny işläp düzüpdir. Oba hojalyk ulgamynyň(kärhanalarynyň) öndürýän önümlerini sarp ediji bazaryň töwereginde giňişleýin ýerleşişiniň modelini düzüpdir. Bazara çenli bolan aralykda hyýaly «Üzňeleşen döwleti» göz öňüne getiripdir. Ondan daşlaşdygyñça oba hojalyk pudaklaryñ ýerleşişiniñ, ösüşiniñ üýtgeýändigini belläpdir. Şeýlelikde, ol geografiýa ylmynda ilkinjileriñ hatarynda giñişlikler boýunça ykdysady ulgamlaryñ zonasynyñ matematiki modelini düzmekligi açypdyr. Bu usul öz döwründe däl-de, XX asyryñ ikinji ýarymynda ykdysady we ykdysady geografiki barlaglarda ulanylyp başlandy.

**I.Kantyň we Fridrih Gegeliň** (1770-1831) täsirleri netijesinde geografiýanyň aňyýet (idealistik) akymy emele gelýär. Käbir günbatar geograflary **Karl Ritteri** (1779-1859) "häzirki zaman geografiýanyň atasy" diýip atlandyrýarlar. Onuň pikiriçe ýer we älem hudaý tarapyndan döredilen. Hudaý ýeri, materikleri döretmek bilen adamlaryň ykbalyny kesgitläpdir. Günbatar, Merkezi Ýewropa ýurtlaryna beýleki kontinentleriň, olardaky döwletleriň üstünden agalyk sürmek ykbaly hudaý tarapyn berlen diýip belläpdir.

X1X asyryñ başynda ABŞ-larynda tebygy baýlyklardan kapitalistik hojalyklaryñ açgözlülik bilen peýdalanylýanlygy sebäpli tebigatdan peýdalanmaklygyñ ykdysadyýetine degişli ylmy işler peýda bolup başlapdyr. Şolardan ilkinjileriñ biri amerikan alymy **Jorj(Georg) Perkins Marşyñ**(1801-1882) 1864-nji ýylda çap edilen "Adam we tebigat, ýa-da adamzadyñ hojalyk işi netijesinde üýtgedilen Fiziki geografiýa"(1866-njy ýylda rus diline çap edilipdir) uly ähmiýete eýedir. Ylmy işlerinde adamzadyñ tebigy baýlyklardan tygşytly ulanmalydygyny hygtapdyr.

K.Ritteriň okuwçysy **Fridrih Ratsel** (1844-1904) Leýpsig uniwersitetiniñ professory "Ýer we ýaşaýyş", "Antropogeografiýa", "Syýasy geografiýa" we "Halklaryñ öwrenilişi" başga-da birnäçe ylmy işleri ýazypdyr. Ol adamzat jemgyýetiniñ geografiýasyny biogeografiýanyñ bölümi hökmünde seredipdir. Ol antropogeografik mekdebi döreden. Ol adamzat jemgiýetiniň ösüşinde esasy orny geografiki sreda tutýar diýen netijä gelipdir. Ol esasan özüniñ ýazan ylmy işlerinde urşa taýýarlanýan Germaniýanyň syýasatyny we ideologiýasyny gorap çykyş edipdir. Germaniýa döwletini ol biologiki görnüş, janly organizm bilen deňeşdiripdir. Germaniýa janly organizm ýaly ösýär, ulalýar, diýmek bilen has konserwatiw pikirleri öňe sürüpdir. Şol sebäpli ol ýaşlygyndaky eşiginde gezip bilmez. Oňa özüniň çäklerini giňeltmek zerurdyr diýip belläpdir. **Ratseliň** pikiriçe :uruş, adam öldürmek, beýleki halklary ýok etmek,

tebigatyň kanuny tarapyndan öňünden kesgitlenen, ol gutarnyksyzdyr diýip kesgitläpdir. Ol adamzadyň daş keşbi üýtgewsizdir. Klimaty amatly, oňat şertlerde "ýokary rasa"(akýagyzlar) ýaşaýar, olar şol ýerlerde emele gelen we dünýäniň galan bölegininň üstünden höküm sürmelidir, diýip belläpdir. Ratseliñ ylmy garaýyşlary ösdürilip, **possibilistik we geosyýasy** iki sany ugur emele gelipdir. **Possibolistik ugur** (latyn sösünden possibilis- mümkin bolan) "Adamyñ geografiýasy" atly fransuz mekdebiniñ düýbüni tutujy **Pol Widal de la Blaş(1845-1918)** tarapyndan esaslandyrylypdyr. Bu mekdebiñ ylmy tarapdarlary adamyñ hojalygynyñ we durmuşynyñ daşky gurşawa bolan gatnaşygynyñ ülñüni(modelini) düzüpdirler.

**Geosyýasatyň** ABŞ-daky pionerleri **Alfred Mehen** (1840-1914) bolup, onuň 1890-njy ýyldaky «Влияние морской силы на историю» diýen ylmy işi dünýä mälimdir. Mehen özüniň bu işinde we soňky ylmy işlerinde "deňiz güýjüniň teoriýasyna" esaslanypdyr. Onuň pikiriçe, diňe deňizde harby-deňiz ýaragly güýçler floty bolan döwlet öz agalygyny berkidip biler" diýip ýazypdyr.

**Meheniň** bu ylmy pikiri ABŞ-nyň syýasatyna örän uly täsirini, işjeň içeri syýasatyny ýola goýdurdy. 1898-nji ýylda ABŞ, Filippiny eýelemek ugrunda amerika-ispan urşuny dünýä taryhynda ýola goýdy. Mehen imperial syýasatyň ideologiýasyny düzen hökmünde ylymda çykyş etdi.

Soňraky döwürlerde geosyýasatyň giňemegine üns beren, ony baýlaşdyran angliýaly geograf **Halford Makkinder** (1861-1947) bolupdyr. Onuň 1904-nji ýylda "Taryhyň geografiki esaslary", soňra 1919-njy ýylda "Demokratiki ideal we taryhy real" ady bilen neşir edilen ylmy-işi alyma uly abraý getirýär. Onuň konsepsiýasyna görä, geografiki inersiýa döwletiň ösüşinde örän aýgytly orun tutýar. Hut şonuň üçinem döwletiň syýasaty onuň hökmany

suratda geografiki ýagdaýyna bagly bolup durýar diýip, belläp geçipdir.

Makkinderden soňra, onuň okuwçylary **(Dewis, Broudi, Findeserold, Ist Speýt)** onuň taglymatyny ösdüripdirler. Olar geografiki faktorlar netijesinde Günbatar Ýewropanyň, ABŞ-nyň, Kanadanyň üstünden "Atlantik ýekelik" diýen pikir bilen hökümlik etmeklige syrygypdyr. **Dewis** bu barada "Angliýany ýeriň, älemiň merkezi hasaplaýaryn" diýmek bilen Atlantikada harby bazanyň esasy diýip Angliýany göz öňüne tutupdyr."Geosyýasat" adalgany ilkinji bolup şwed sosiology **Ýuhop Çellen** (1864-1922) ylymda ulanyp başlady. Onuň 1910-njy ýylda "Beýik döwletler" ady bilen kitaby çapdan çykýar. Çelleniň pikirine görä, ýurtlaryň käbiri özüniň geografiki ýagdaýyna laýyklykda birnäçe döwletleri özüne tabyn edýärler. Şeýle "kompleksli" Çellen ABŞ, Russiýa we Britan imperiýasynyň birleşdirenligini ýazypdyr. Geopolitikanyň meselesi – ol hem Çelleniň pikirine görä, Germaniýanyň baştutanlygynda "Ýewropa kompleksini" döredip, Ýewropanyň merkezi kontinentiniň üstünden agalyk etmekligini ündeýär.

Amerikan geosyýasatçysy **Spikmeniň** 1941-nji ýylda "Serhetde howpsuzlygyň meseleleri hakynda" diýen leksiýa bilen Nýu-Ýorkda çykyş edipdir. Emma 1942-nji ýylda bolsa "Amerikan strategiýasy we dünýä syýasaty" atly kitabynda **Spikmen** dünýä syýasatynda geografiki faktoryň aýgytlaýjy rolunyň barlygyny belläp geçipdir. Spikmen özüniň geografiýasynda ABŞ-nyň içeri reaksion syýasatyny işläp düzenligi bilen dünýä meşhurdyr. Ikinji jahan urşundan soň geosyýasat ideýasy ABŞ-nyň geograflarynyň agalyk edijiligine öwrüldi. Munuň hut şeýledigine "Politiçeskaýa nauka" ("Syýasy ylym") žurnalynda çap edilen "Geopolitika i amerikanskaýa poslewoýennaýa politika" ("Geosyýasat we amerikanyň uruşdan soňky syýasaty") diýen bölümçede has aýdyň düşünmek bolýar. Şeýlelikde, geosyýasat halkara arenasynda amerikan diplomatiýasynyň usullaryny doly

açyp görkezdi. 1945-nji ýylyň Gurbansoltan aýynda ABŞ-da prezident **Franklin Ruzwelt** ölenden soň, ýerine gelen **Garri Trumen** ABŞ-nyň döwlet doktrinasynda geosyýasatyny kesgitledi, ýagny "dünýäniň üstünden agalyk" düşünjesini ýüze çykardy. **Trumeniň** şeýle alyp barýan syýasatynyň netijesinde ABŞ ýer şaryndaky döwletleriň üstünden agalyk etmek ideýasy soňky döwürde bolsa "sowuk urşyň" başlamagyna getirdi. Şeýle ýagdaýda ABŞ-da çuňňur geosyýasat we onuň amerikan warianty – **geostrategiýa** işlenilip düzüldi.

**E.Džonston** dünýä derejesinde 2 ulgamyň mümkingadarlygyny şeýle beýan etdi: "Meniň pikirime görä, ABŞ we SSSR ikisi hiç wagt bir planetada ýaşap bilmegi mümkin däl". "Sowuk urşuň" döwürleri barada propogandirlemek ABŞ-nyň geografiki edebiýatlarynda uly orun tutýar. Bu barada has giňişleýin maglumatlary **Kifferiň** 1952-nji ýylda çapdan çykan "Realnosti mirowogo moguşestwa" diýen kitabynda has aýdyň görünýär. Kifferiň pelsepesinde geosyýasat dinamiki ylym hökmünde – ol dünýä güýjine we dünýä agalygynda adýan ýoluna düşünilýär. Onuň pikiriçe: "Geosyýasat – bu şalyk. Onuň esasy : daýanjy psihologiki we fiziki güýçdir".

1975-nji ýylda Nýu-Ýorkda **P.Klaýnyň** "Güýç ulanylyşynyň dünýädäki orny, strategiki dreýfiň derňewi" atly kitaby çapdan çykýar. Klaýn bu ylmy işinde ABŞ-nyň agalygy bilen "esasy soýuz birleşmelerini" göz öňünde tutýar. Ol özünde Kanadany, Beýik Britaniýany, GFR, Fransiýany, Izraili, Italiýany, Niderlandiýany, Ýaponiýany, Taýwany, Awstraliýany, Täze Zelandiýany birikdirmegi ündeýär(Семевский. Теоретическая экономгеография. М., 1981, sah.87-100).

Geografiki fatalizmiň esasy tarapdarlarynyň biri amerikaly **Elsuort Hantington** (1876-1948) hasaplanýar. Onuň pikiriçe tebigy şertler (esasan hem klimat) jemgiýetiň

ösüşini, onuň ykdysadyýetini, medenýetini, durmuşyny kesgitleýär. Ol tehniki ösüşiň (progresiň) garşysyna çykyş edýär. Onuň pikirine görä tehniki progres ykdysady krizislere getirýär. Ol kolonial döwletleriň, olardaky geografiki zähmet bölünişigiň saklanmagyny, ol döwletlerde industriýanyň ösdürilmezligini goldap çykyş edýär. Ol elmydama monopolistik kapitalyň (ABŞ-nyň) edýän işlerini we olaryň dünýäde agalyk sürmelidigini goldap çykyş edýär.

Geografiýanyñ syýasy ugryndan başga Germaniýada ykdysady ugurlar boýunça hem ylmy işler alnyp barylypdyr. Şol döwürde, ýagny X1X asyryñ aýagynda döwletleriñ arasynda içki we daşky söwda gatnaşyklary ösýänligi üçin statistiki geografiýa degişli işler peýda bolýar. Iñlis geografy J.Çisholm tarapyndan ösdürilipdir. Kapitalistik gatnaşyklaryñ ösmegi bilen täze senagat kärhanalarynyñ köpelmegi bilen haryt daşamakda ulag çykdajylaryny azaltmak bilen girdejini artdyrmak barada ylmy işler köp ýazylypdyr.Şeýlelik-de "Ştandort ugury"(nemesçe **"Standort" ýerleşen ýeri** – diýmekdir. **Iogann Týuneniñ** ylmy işi oba hojalygyñ ştandortyna bagyşlanan bolsa nemes ykdysatçysy **Alfred Weberiñ(1868-1958)** "Senagaty ýerleşdirmegiñ taglymaty" ylmy işi 1909 –njy ýylda çap edilipdir. Rus diline 1926 –njy ýylda terjime edipdirler. Onuñ bu işinde senagat kärhanasy çig mal çeşmesine, işçi güýjüniñ bazaryna ýakyn ýerleşdirilmeli diýip belläpdir.

1930-1990-njy ýyllar aralygynda syýasy geografiýada ýerine ýetirilen ylmy işleriň netijeleri iki ulgamyň (sosialistik we kapitalistik) arasynda ideologiki göreş üçin ulanyldy. Bu mesele has hem günbataryň ösen kapitalistik döwletlerinde giň gerime eýe boldy. Sosialistik döwletleriň garşysyna gönükdirlen gazetler, žurnallar, dürli kitaplar çykaryldy. Onuň hem esasy sebäbi dünýäniň hiç bir halky hem kolonial zulumda ýaşamak islemeýärdi. Eýýäm, XX-asyryň başlarynda olarda işçi-daýhan hereketleri başlandy. Köp kolonial döwletlerde kolonizatorlaryň garşysyna

rewolýusiýalar başlanyp, bu bütündünýä herekete öwrüldi. Şol sebäpli ABŞ-nyň ýolbaşçylygynda kolonial döwletlere gönükdirilen radiostansiýalar işläp ugrady.

2-nji jahan urşundan soň dünýäniň syýasy kartasy düýbünden üýtgedi. Ondan öň dünýäde iki döwletde sosializm gurlan bolsa indi Ýewropanyň köp döwletleri sosializme tarap ýola düşdüler. Sosialistik döwletleriň täsiri netijesinde Aziýanyň, Afrikanyň köp döwletleri garaşsyzlygyny gazananlaryndan soňra sosialistik ösüşe höwes bildirdiler. Netije-de ABŞ-nyň ýolbaşçylygynda Amerikanyň, Ýewropanyň döwletleri 1949-njy ýylda NATO (Demirgazyk Atlantika harby bileleşigi) döretdiler. Onuň döredilmeginiň esasy sebäbi dünýäniň döwletleriniň arasynda kommunistik wagyz-nesihatlary ýaýratmazlyk bolup durýardy. NATO döwletleri sosialistik döwletleriň garşysyna, olara golaý ýerleşen döwletlerde, deňizlerde, adalarda 1500-e golaý nokatlarda harby bazalary döretdiler. Muňa garşy durar ýaly sosialistik döwletler 1955-nji ýylda Warşawa şertnamasyna gatnaşyjy döwletler (OWD) bolup goranyjy harby bileleşigi emele getirdiler. Şeýlelikde iki sistemanyň arasynda sowuk uruş başlandy. Ýaraglanyşyga uly üns berdiler.

1945-nji ýylda dünýäde ilkinji gezek amerikanlylar atom ýaraglaryny Ýaponiýanyň iki şäheriniň üstüne oklap synagdan geçirdiler. Soňra SSSR hem gysga möhletde 1949-njy ýylda şol ýaragy synagdan geçirdi we ikinji atom bombaly döwlet boldy. Soňra amerikanlaryň ýardam etmegi bilen şol ýaragy Angliýada, Fransiýada öndürdiler. SSSR-iň kömegi bilen Hytaý hem atom bombaly döwletleriň hasabyna degişli boldy. Netije-de adamzadyň üstüne atom urşy howp salyp başlady. Iki ulgamyň arasynda sowuk uruş we syýasy göreş dowam edýärdi.

Kapitalistik döwletlerde syýasy geografiýadan edilen işler ideologik göreş üçin ulanylýardy. Şonuň üçin sowet ýyllarynda ýazylan syýasy geografiýa degişli işleriň

köpüsinde şol ýazylan işleri seljermek häsiýetli. Şol sebäpli SSSR döwründe syýasy geografiýa degişli ýazylan işleriň köpüsi taglymat esaslara degişli. Sebäbi daşary döwletlerde çap edilýän işleriň taglymat esaslarynyň esassyzdygyny, ýokdygyny elmydama subut etmeli bolýardy.

**B.Wareniusyň** geografiýa baradaky kitabynyň Ýewropanyň köp halklarynyň dillerine terjime edilmegi geografiýa ylmynyň ösmegine ýardam edipdir. Onuň geografiki akyl ýetirme meseleleriniň döwletlerde «ülkäni öwrenişiň» "Adamzat" bölümine girizilmegi, geografiýa boýunça hünärmenleriň ünsüni özüne çekipdir. Russiýada we beýleki döwletlerde Durmuş we ykdysady geografiýa barada düşünjeleriň toplanmagyna sebäp bolupdyr. Bu ýagdaý Durmuş we ykdysady geografiýa barada ylmy işleriň sanynyň artmagyna getirdi. Russiýada geografiýa ylmynyň ösmegi, onuň ykdysady ýerleşişi bilen baglanyşykly boldy. **Ýu.G.Sauşkiniň**(1980, sah. 31) pikirine görä Günbatar Ýewropa döwletlerinde geografiýa ylmynyň wekilleri deňiz gämi gatnawynyň we deňiz aňyrsy söwdanyň tejribe we amaly isleglerini kanagatlandyrmaga hyzmat edýärdiler. Russiýada geografiýa ylmy bilen meşgullanan ylmy işgärler onuň giň-giden(giňişliklerini: tokaýlar, sähralar, çöller zonalary, okeanlara çenli ýerleri) meýdan-çäklerini ilatlaşdyrmak, tebigy baýlyklaryny özleşdirmek meseleleriň üstünde işleýärdiler. Ural daglaryndan gündogardaky giňişlikler barada geografiki maglumatlar ýok diýen ýalydy, bolsa-da azlyk edýärdi. Durmuş we ykdysady geografiýanyň XYIII asyrda Russiýada emele gelmegi umumy geografiki barlaglar, ýörüte gurnalýan ekspedisiýalaryň ýerine ýetiren işleri we tebigy baýlyklaryň özleşdirilişi bilen baglanyşyklydyr. Täze ýerleriň we tebigy baýlyklaryň özleşdirilmegi kartografiýanyň, ykdysady statistikanyň ylmyň pudaklary hökmünde abraýyny galdyrdy. Bu pudaklar Durmuş we ykdysady geografiýanyň gözbaşynda durýarlar. Russiýanyň ilkinji ykdysady geografiýasy hakynda ylmy işi

ýazan **Iwan Kirilowiç Kirilow**(1689-1737) hasaplanýar. 1727-nji ýylda ol özüniň "Bütinrussiýa döwletiniň gülleýän döwri…(Цветущее состояние Всероссийского государства…)" atly işini ýazypdyr we 1831-nji ýylda çap edilipdir. Onuň bu kitaby ykdysady durmuş geografiýa degişli ilkinji ýazlan ylmy iş hasaplanylýar. Kirilow köp ýyllaryň dowamynda Russiýada kartografik işlere ýolbaşçylyk edipdir. Onuň ýolbaşçylygynda Bütinrussiýa imperiýasynyň atlasy… taýýarlanylypdyr we 1745-nji ýylda Sankt-Peterburgda çap edilipdir. Wareniusyň rus diline terjime edilen kitaby rus alymy **Wasiliý Nikitiç Tatişewe** (1686-1750) uly täsir edipdir. Ol özüniň ylmy işlerinde häzirki geodeziýanyň we kartografiýanyň esasyny düzýän matematik geografiýany, fiziki we syýasy(hakykatda ykdysady) geografiýany belläpdir. Ol özüniň ýazan ylmy işlerinde ilat mesgenleriniň torlaryna, ilaty öndüriji güýç hökmünde, ýerlerde dürli hojalyk pudaklarynyň ösüşine, önümçiligiň ykdysady netijeliligine, wagtyň geçmegi bilen önümçiligiň üýtgeýşine uly üns beripdir. Administratiw birligiň geografiki ýerleşişini, tebigy päsgelçilikleri, zähmet bölünişigini, hojalygyň ýörüteleşişini, söwdanyň geografiýasyny öwrenipdir(Tatişev, 1950, s. 211).

Russiýada geografiýa ylmynyň gözbaşynda **W.N.Tatişew** bilen bir hatarda **M.W.Lomonosow** (1711-1765) durýar. M.W.Lomonosow 1763-nji ýylda rus dilinde çapdan çykan "Ýeriň gatlaklary" diýen işinde Ýeriň emele geliş taryhyny häzirki döwür bilen deňeşdirip ýazýar. M.W.Lomonosow 1755-nji ýylda Moskwa döwlet uniwersitetiniň düýbini tutan-filosof, fizik, himik, şahyr, ykdysatçy, kartograf, geolog, geograf hökmünde tanalýar. 1758-nji ýylda ony Russiýa akademiýasynyň Geografiýa departamentiniň başlygy edip belleýärler. Oňa çenli departamentde daşary ýurt alymlary işläpdir. Ol 1736-1741 –nji ýyllarda Germaniýada Marburg uniwersitetinde okapdyr. Ol 1758-nji ýyldan Peterburg Ylymlar akademiýasynyň

Geografiýa departamentiniň başlygy bolup işläp başlan ýyllarynda Russiýada geografiýa ylmynyň ösmegine uly üns berýär. Ol dünýäde ilkinji gezek 1760-njy ýylda ylyma **“ykdysady geografiýa”** diýen adalgany girizýär. M.W.Lomonosow Geografiýa departamentine ýolbaşçylyk etmäge başlan ilkinji günlerinden Russiýanyň guberniýalaryna, prowinsiýalaryna Ylymlar akademiýanyň adyndan 1761-nji ýylyň başynda 30 soragdan ybarat “Sorag” ýazgylary ýollap şäherlerde, obalarda ýerleşen zawodlaryň, fabrikleriň näme öndürýändigini, deňizlerde söwdanyň, gämi gatnawyň guralyşyny, deňizlerde nähili haýwanlara aw edilýändigini görkezmegi haýyşt edipdir. Şolaryň esasynda dünýäde ilkinji gezek Russiýada öndürilýän önümleriň geografiki atlasyny döretmegi maksat edinipdir. **M.W.Lomonosow** – ykdysady geografiýany ykdysady mazmunly, ykdysady kartografiýa bilen baglanyşykly ylym bolmaly diýip pikir edipdir. Ykdysady geografiýanyň esasy meselesi diýip ol Russiýanyň tükeniksiz tebigy baýlyklaryny özleşdirmek, täze önümçilik merkezlerini döretmegi, ýerlerde zähmet bölünşigini guramagy düşünipdir. Lomonosow Russiýanyň giňişliklerini öwrenmek we özleşdirmek üçin geografiki ekspedisiýalaryň taslamasyny düzüpdir. Emma Ylymlar akademiýasy onuň geografiki taslamalatyny diri wagty durmuşa geçirmändir. 1768-1774-nji ýyllarda onuň taslamalary boýunça akademiki ekspedisiýalar guralypdyr.

M.W.Lomonosowyň döwürdeşi **S.P.Kraşeninikow** (1711-1755) Kamçatkany öwrenen we onuň tebigatyna, hojalygyna we geljekde özleşdirilmegine ilkinji ýazgy beren geograf hasaplanýar.

Tatişewiň we Lomonosowyň döwürdeşi alym-geograf **Bagrationi Wahuşti** (1696-1772) “Gruziýanyň geografiýasy” diýen ylmy işini ýazýar. Ol Lomonosow bilen MDU-ni döretmeklige işeňňir gatnaşan adam. Häzir Gruziýadaky geografiýa instituty onuň adyny göterýär.

Russiýada geografiýa ylmynyň ösmegine **Aleksandr Gumboldt** (1769-1859) we **Karl Ritter** öz goşantlaryny goşan alymlar hasaplanylýar. A.Gumboldt Russiýada we GO Amerikada köp syýahat eden. Ol öz ýazgylarynda geografiki deňeşdirme usuly köp ulanan we adamzadyň tebigata eden täsirlerini öwrenen alym. K.Ritter kabinet alymy bolanlygy sebäpli adamzadyň ösüş taryhy bilen geografiki sredanyň özara baglanyşygyny öwrenen.

X1X asyryň birinji ýarymynda XX – asyryň başlarynda Russiýada kapitalistik önümçilik gatnaşyklaryň ösmegi bilen ykdysady-durmuş geografiýa degişli ylmy garaýyşlar ösüp başlaýar. Russiýada täze senagat kärhanalary gurulýar, oba hojalyk raýonlary döredilýär. Prowinsiýalarda we guberniýalarda hojalykara zähmet bölünişigi emele gelip başlaýar. Öndürilýän önümler ýerli ilatyň islegini kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, daşary bazarlara hem çykarylýar. Russiýanyň hojalyk geografiýasyna degişli ylmy işleriň sany we möçberi artýar. Ýurt boýunça ykdysady-geografiki maglumatlar köp jemlenýär. Guberniýalar, prowinsiýalar öndürýän önümleri boýunça ýörüteleşip başlaýarlar. Şeýlelik-de, dünýä ýüzünde ilkinji ykdysady-geografiki raýonlaşdyrmaklyga degişli ylmy işler Russiýada peýda bolýar. Şolaryň arasynda **Konstantin Iwanowiç Arsenýewiň** (1789-1865) ýazan ylmy işleri bellemäge mynasypdyr. Ol 1818-1819-njy ýyllarda «Начертание статистики Российского государства» diýen ylmy işinde tebigy we hojalyk alamatlarynyň jemi boýunça Russiýanyň meýdan-çägini ilkinji gezek ykdysady raýonlaşdyrmaklygyň tejribesini geçiripdir. Geografiki ýerleşişini, tebigy baýlyklarynyň hojalyk ähmiýetini, hojalygynyň ösüşiniň öňki we geljekki ýagdaýlaryny göz öňünde tutup Russiýanyň çäginde 10 sany «Giňişligi», ýa-da ykdysady raýony bölüpdir. Soňra, 1848-nji ýylda şol işiniň dowamy hökmünde «Статистические очерки России» işinde esasy orun tebigy(Russiýany topografik nukdaý nazardan klimaty we

topragynyň hili boýunça) we ykdysady(toprak we ýer baýlyklary boýunça) taýdan raýonlaşdyrmaklygy amala aşyrypdyr. K.I.Arsenýew dünýäde ilkinji gezek ykdysady geografiýanyň täze ugruna, ýagny şäherler ulgamynyň taryhy ösüşini seljermek boýunça ylmy işi ýerine ýetiripdir. Ol 1832-1834-nji ýyllarda 1637-nji ýyldan başlap, 200 ýylyň dowamynda Russiýanyň şäherleriniň ösüşini yzarlaýan «Гидрографическо-статистическое описание городов Российской империи…» atly ylmy işini ýazypdyr. Onuň bu ylmy işi şäherleri öwrenmek üçin hünärmenlere gollanma bolup hyzmat edipdir. Konstantin Iwanowiç Arsenýew we **K.F.German** (1767-1838) Russiýany ykdysady taýdan raýonlaşdyrmak boýunça işlän alymlar hasaplanylýar. Bularyň kömegi bilen Russiýada 1845-nji ýylda “Imperator geografiýa jemgiýeti” döredilýär. 1821-nji ýylda Parij, 1828-nji ýylda Berlin, 1830-njy ýylda London geografiýa jemgiýetleri döredilipdir.

MDU-niň işgäri, şahyr, publisist **Nikolaý Platonowiç Ogarew** (1813-1877) 1847-nji ýylda ykdysady raýonlaşdyrmanyň taglymat esaslaryna şu aşakdaky bellikleri girizipdir: 1) rayon –bu ýurtda hakyky bar obýekt, ol «ýönekeý akyl oýny däl»; 2) raýonlary geçen, häzirki we geljekki zaman ösüşinde(dinamikasynda) seretmek gerek; 3) meýdan-çägi raýonlaşdyranda «esasy maddy güýçleriň» ösüşine ser salmaly; 4) ýerlerde haýsy hojalyk kärhanalaryň ýerleşenini, olaryň ösüşini, kärhanalaryň we tebigy hadysalaryň arabaglanyşygyny hasaba almaly; 5) ykdysady raýonlaşdyrmak syýasy ykdysadyň kanunlaryna esaslanmalydyr, sebäbi rayon emele geliş hadysasy – jemgyýetçilik durmuşynyň obýektiw prosesidir; 6) hojalygy ýöretmegiň ugruny we ýerli-durmuş aratapawutlary kesgitlemek zerurdyr(Ogarew, 1952, s.95-100). Ykdysady taýdan raýonlaşdyrmagyň taglymatyna onuň goşan goşandy biziň günlerimizde-de öz ähmiýetini ýitirenok.

**Pýotr Petrowiç Semenow-Týanşanskiý** (1827-1914) 41 ýyllap Russiýa geografiýa jemgiýetiniň prezidenti bolupdyr. Ol Berlin uniwersitetinde okap K.Ritteriň we A.Gumboldtyň leksiýalaryny diňlän. Ol K.Ritteriň "Землеведение Азии" diýen kitabyny rus diline terjime edipdir. Soňra Merkezi Aziýa (şol sanda Týan-Şana) köp ekspedisiýalara gatnaşan. Ol 1871-nnji ýylda Russiýanyň Ýewropa bölegini ykdysady taýdan raýonlaşdyrypdyr. Onuñ 1880-nji ýylda ykdysady taýdan raýonlaşdyrmak boýunça täze işi çap bolýar. 1864-nji ýylyň 1-nji Turkmenbaşydan başlap Merkezi statistika komitetinniň direktory bolup, 1887-nji ýyla çenli işleýär. Onuň 1880-nji ýylda çykan 2 sany raýonlaşdyrmak baradaky işlerini K.Marks okap haýran galypdyr. Ol birnäçe gezek Týan-Şan daglaryna syýahat edip ony gowy öwrenenligi sebäpli, oña **Týan-Şanskiý** lakamy berilýär.

Russiýada ykdysady geografiýanyň ösmeginde **D.I.Mendeleýewiň** bitiren işleri uly. 1893-nji ýylda çap edilen "Фабрично-заводская промышленность и торговля России" uly ykdysady geografiki iş hasaplanýar. Ol işinde ilatyň gürlügine, dänäniň artyk öndürilen we ýetmeýän ýerlerine, adambaşyna senagat önüminiň öndürilişine (pul hasabynda), her bir raýonda öndürilýän harydyň ady, hili boýunça ýoriteleşişine baha berýär. Ykdysady yaýonlary bölende ilatyñ gürlügine, çig mallary getirmek, taýýar önümleri äkitmek üçin ýol ulgamlarynyñ amatlylygyna, arzan ýangyç almak mümkinçiligine seredipdir. Söwdanyñ derejesine baha berýär. Döwleti ykdysady taýdan raýonlaşdyranda atlary agzalan görkezijiler boýunça geçirilmelidir diýip belleýär.

Amerikan alymy Jorj Perkins Marşyñ ylmy garaýyşlary we ylmy-amaly usullary bilen, onuñ döwürdeşi **Aleksandr Iwanowiç Woýekowyñ**(1842-1916) ýerine ýetiren ylmy işleri adamzadyñ tebigata edýän täsirlerine bagyşlanan. Woýeýkowyñ ýazan ylmy işlerinde esasy orny adamzadyñ

zähmediniñ tebigata amatly we ýaramaz täsirleri eriş-argaç bolup geçýär. Onuñ 1884 –nji ýylda “Искусственное орошение и его применение на Кавказе и в Средной Азии,” 1892 –nji ýylda “Климат и народное хозяйство”, 1894 – nji ýylda “Воздействие человека на природу”, 1908 –nji ýylda “Орошение Закаспийской области с точки зрения географии и климатологии” we beýleki ýazan ylmy işlerinde melioratiw-geografiki meselelere hem seredilýär.

Geografiýanyñ **ykdysady ugry** öñki boluşy ýaly statistiki maglumatlary yzarlamak bilen çäklenýärdi. X1X asyryñ ahyrynda nemes alymy **W.Gots** tarapyndan “Ykdysady geografiýa” adalga ulanylyp başlanypdyr. 1882 –nji ýyldan başlap Günbatar Ýewropada statistika adalganyñ ýerine iñlis geografy **J. Çishol** tarapyndan “Руководства по коммерческой географии” diýen ylmy işinde rus ykdysatçysy, ykdysady geografy professor **W.E.Den** häzirki ady bilen ykdysady geografiýadan umumy okuwlar okadylyp başlanylypdyr. Geografiýanyñ ykdysady ugry boýunça edilen ylmy işlerde öñki boluşy ýaly dünýäniñ döwletlerine, hojalyk pudaklaryna, önümçiliginiñ tehnologik ulgamlaryna, söwdasyna ýazgy berilende statistiki maglumatlar ulanylypdyr.

1884-nji ýylda MDU-nyň taryhy-filologiýa fakultetinde geografiýa kafedrasy açylyp, oňa **Dmitriý Nikolaýewiç Anuçin** ýolbaşçylyk edýär. Ol fiziki geografiýa, ýer öwreniş, Russiýanyň etnografiýasy, antropologiýa boýunça köp ylmy işler edipdir. X1X asyryi ýarymynda XX asyryñ başynda dürli döwletlerde we Russiýada dürli geografiki ylmy-barlag işleri amala aşyran geograflaryñ irginsiz zähmetleri netijesinde “Ykdysady geografiýa – geografiýa ylmynyñ aýratyn şahasy hökmünde” emele geldi. Onuñ esasy ugry hökmünde – jemgyýetiñ öndüriji güýçleriniñ ýerlerde guralyşyny öwrenmek meselesi durýardy. Öndüriji güýçleri öwrenmekde esasy kriteriýa hökmünde meýdan-çäk we giñişleýin garaýyş höküm sürýärdi. Beýleki döwletlere

garanda Pussiýada döwletiñ meýdan-çägini ykdysady sebitlere(raýonlara) bölmek taglymaty has ösüpdi. Öñ bellenilişi ýaly ilatyñ geografiki ýerleşişi, olary ýerleşdirmekligiñ kanunalaýyklyklary, adamzadyñ tebigy gurşaw bilen arabaglanyşygyna köp üns berilipdi.

## 22. Lukmançylyk geografiýa ylmynyñ döreýşi we ösüşi

Dünýaniň ilatynyň saglyk ýagdaýna dürli ýagdaýlar täsir edýärler. Ilkinji nobatda adam tebigatyñ önümi hökmünde onuñ saglygyna tebigy sreda uly täsir edýär. Munuñ şeýledigini adamlar ir döwürlerden bäri bilipdirler. Medisina işgärleri ir döwürlerden bäri adamyñ saglygyna tebigy sredanyñ edýän täsirini öwrenipdirler. Tebigy sreda adamyñ sagat we kesel bolmagyna gönüden-göni täsir edip bilýär. Adamzat tebigatda dürli tebigy şertlerde ýaşaýar. Dürli tebigy zonalarda ýaşan döwründe adamlar şol ýerleriñ tebigy şertleriniñ we baýlyklarynyñ saglyklaryna edýän täsirine üns berýärler. Tebigy şertlere we baýlyklara üns berýän adamlar saglygyny goramagy başarýarlar. Dürli ylmyñ wekilleri birigip adamzadyñ saglygy üçin geografiki sredanyñ ähmiýetini we berýän peýdasyny köptaraplaýyn social barlaglary geçirip anyklap bolar. Geografiýa, antropologiýa, etnografiýa, demografiýa, gigiýena, medisina ylymlarynyñ wekilleriniñ agzybirligi we atlary agzalan ylymlaryñ özara arabaglanyşygy dünýäniñ ähli döwletlerinde medisina geografiýasynyñ ylmyñ aýratyn şahasy hökmünde emele gelmegine getirdi. Dünýäde dürli keselleriñ garşysyna göreşmeklik ýylsaýyn giñ gerim alýar. Şeýlelik-de, şolaryñ arasynda adamzadyñ ýaşaýyş şertleri barada medisina-geografiki barlaglar we berilýän häsiýetnamalar berk orun eýeleýär. Gelinen netijeler adamzadyñ saglygyny bejermek we geljekde gowulandyrmak üçin ulanylýar.

Beýik rus alymy, akademik I.P.Pawlow öz wagtynda adam saglygy barada şeýle ýazypdyr. Adam—Ýer tebigatynyñ ýokary önümi bolup, çylşyrymly, inçe we örän duýgur ulgamdyr. Tebigatyñ adamzada berlen baýlyklaryndan lezzet almak üçin ol sagat, güýçli we akylly bolmalydyr(Çaklin A.W., 1986, Sah.3, boýunça alyndy). Häzirki döwürde adamzadyñ saglygy hakda gürrüñ edilende onuñ psihiki, fiziologiki we biologiki funksiýalaryny saklamak, ösdürmek, işe ukyplylygyny, social işeññirligini, mümkin boldugyça ömrüni uzaltmak barada aýdylýar.

Adamzadyñ kesellemeginde, elbetde dine geografiki sredany günäkärläp bolmaz. Sebäbi onuñ kesellemeginde genetiki we beýleki sebäpler hem bolmagy mümkin. Adamyñ saglygynyñ ýaramazlaşmagyna social şertler(iýmit, iş ýagdaýy, maşgala we ýaşaýyş şertleri), jemgyýetiñ gurluşy täsir edýärler.

Döwletimizde Hormatly Prezidentimiziñ «Döwlet—halk üçindir» diýen şygary boýunça halkymyzyñ rahat ýaşamagy üçin ähli şertler döredilýär. Halkymyza edilýän medisina hyzmaty ýylsaýyn gowulanýar. Ähli welaýatlarymyzda, etraplarymyzda keseli anyklaýyş we bejeriş merkezleri gurulýar. Döwlet tarapyndan halkyñ bähbidi üçin köp ýeñillikler edilýar.

Döwletimizde ýokanç keselleriñ öñüni almak üçin öñünden halkymyza medisina işgärlerimiz tarapyndan mugt sanjym işleri amala aşyrylýar. Geografiki sredanyñ adamyñ saglygyna edäýjek täsirleri medisina işgärlerimiz tarapyndan öwrenilýär. Halkyñ arasynda düşündiriş işleri geçirilýär.

Geografiki sredanyñ, klimatyñ, şol sanda howanyñ, atmosfera basyşynyñ, toprakdaky we azyk önümlerindäki mikroelementleriñ, adam bedeniniñ çöl klimatyna uýgunlaşyşy, iýmitiñ täsiri, dermanlyk ösümlikleriñ adamyñ saglygyny bejermekde ulanylyşy, ýerli tebigy şertleriñ we baýlyklaryñ ulanylyşy, günüñ energiýasynyñ adam bedenine edýän täsiri Türkmenistanda medisina işgärlerimiz tarapyndan

öwrenilen. Onda-da bu babatda entek edilmeli işler köp. Gynansak-da, geografiýa hünärmenlerimiziñ arasynda medisina geografiýasy bilen gyzyklanýanlar örän az. Geljekde geograflar bilen medikler bileleşip işleseler medisina geografiýasynyñ ösmeginde uly üstünlikler gazanarlar.

Dünýäniñ ösen döwletlerinde durmuş geografiýanyñ, durmuş infrastrukturasynyñ aýratyn şahasy hökmünde “Bedenterbiýäniñ we sportyñ geografiýasy” emele gelýär. Geografiýa ylmynda bedenterbiýe we sport köp halatlarda tebigy şertler bilen baglanyşdyrylýar. Dogrudan hem ol gadymy döwürlerde tebigy şertler bilen baglanyşykly bolupdyr. Meselem: aram guşaklygyñ daglyk ýerlerinde, gar örtügininñ köp düşýän ýerlerinde garyñ üstünde typmak(lyja, sanýa we beýleki görnüşler), sähralarda, çöllük ýerlerde at, düýe çapyşyk ýaryşlary geçirilipdir.

“Bedenterbiýäniñ we sportyñ geografiýasy” özüniñ gözbaşyny adamzadyñ dörän wagtyndan başlaýar. Ir döwürlerde bedenterbiýäniñ we sportuñ ösdürilmegi uruş we basybalyjylyk hereketler bilen baglanyşykly bolan bolmagy mümkindir. Ir döwürlerde hem Ýewropa we Aziýa döwletlerinde sport ýaryşy geçirilýän meýdançalar bolupdyr.

Gadymyýetde Türkmenistanyñ çäginde, edebi eserlerden we taryhy-arheologiki maglumatlardan belli bolşy ýaly, ilatyñ ýaş nesliniñ arasynda dürli sport ýaryşlary geçirilipdir. Olardan: ýyrtyjy we öý haýwanlary bilen tutluşmak ýaly ýaryşlar ýetginjekleriñ arasynda gurnalypdyr. Uruş tälimleri bilen baglanyşykly ýaryş düzgünleri durmuşa ornaşdyrylypdyr. Gadymyýetden başlap biziñ günlerimizde hem toýlarda göreş tutmek, ýaglyga towusmak, at çapmak, goç uruşdyrmak boýunça dürli ýaryşlar geçirilýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda döwletimizde sporta we bedenterbiýe işlerine uly üns berilýär. Aşgabatda dünýä ülñüne laýyk gelýän iki sany stadion, iki sany at çapyşyk stadiony, buz köşgi, suw ýaryşlary geçirilýän basseýn, Serdaryñ saglyk ýollary we başgada birnäce sport

meýdançalary guruldy. Hormatly Prezidentimiziñ aladasy bilen Aşgabatda “Olimpiýa şäherjigini” gurmak niýet edilýär. Häzirki günlerde ähli welaýat merkezlerinde uly stadionlar(şol sanda atçapyşyk stadionlary) gurulýar. Umuman alanda sport we bedenterbiýe ilatyñ saglygyny goramak üçin zerur çäreler hasaplanýar. Sport we bedenterbiýe bilen meşgullanýan adamlar añsat kesellemeýärler. Işe ýarawlylygyny elmydama saklaýarlar. Şonuñ üçin dünýäniñ ähli döwletlerinde we Türkmenistanda bu işlere döwlet möçberinde uly üns berilýär. Soñky ýyllarda sport we bedenterbiýe çäreleri ähliumumy, bütindünýä hasiýete eýe bolýar. Sport ýaryşlary dünýä boýunça yzygider geçirilip durulýar. Sportuñ we bedenterbiýäniñ ösmegi köp döwletlere uly maliýe girdejilerini getirýär. Olar bilen meşgullanýanlar üçin dürli eşikler, sport gurallary öndürmeklik ýola goýulýar. Bütündünýä ýaryşlary geçirilýän döwletlerde sport desgalaryny gurmak, ýaryşa gatnaşýanlara hyzmat etmek arkaly döwlet derejesinde girdeji gazanylýar. Ykdysady we durmuş geografiýanyñ beden terbiýaniñ we sportuñ geografiýasy şahamçasynyñ geljegi has hem uludyr.

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde jenaýat edýän raýatlaryñ sany köpelýär. Onuñ özboluşly sebäpleri bar. Käbir ösen döwletlerde ýaşlaryñ arasynda narkomaniýanyñ ösmegi, hususy dükanlarda ýaraglaryñ açyk satylmagy, jenaýatlaryñ sanynyñ artmagyna getirýär. M.M.Golubçigiñ we beýlekileriñ(2003, Sah. 315-316) ýazmaklaryna görä synpy jemgyýetlerde jenaýatçy toparlar mydama bolupdyr. Emma döwlet olar barada hiç hili maglumat bermeýänligi zerarly öwrenilmändir. Jenaýatçy toparlar hakynda çeper eserlerde, kinofilmlerde häli-şindi gabat gelýäris. Döwlet tarapyndan ol toparlar hakda hiç hili açyk maglumatlar berilmänligi sebäpli şu wagta çenli bu mesele geograflar tarapyndan öwrenilmändir. Atlary agzalan awtorlar tarapyndan bellenilişi ýaly, soñky ýyllarda bu mesele barada ylmy işlere duş gelmek bolýar. Ýerli-jenaýat toparlar dünýäniñ beýleki döwletlerinde

bolşy ýaly Russiýada “Tambow”, “Kazan” jenaýat toparlary bar diýen düşünje ilata bellidir. Döwletiñ çäginde amala aşyrylýan jenaýat işleri sebitler boýunça, edilen jenaýatlaryñ her 1000 ýaşaýja düşüşine görä, edilen jenaýatlaryñ düzümi boýunça tapawutlanýarlar. Edilýän jenaýatlar ilatyñ ýerleşişine, etniki düzümine, ilatyñ şäherleşiş derejesine, sebitiñ ilatynyñ maddy hal-ýagdaýyna, ýaşaýyş derejesine, sebitiñ ýerleşiş ýagdaýyna, tebigy baýlyklaryñ gytçylygyna, ilatyñ sowatlylyk derejesine we başga-da birnäçe sebäplere bagly bolýar. Dünýäniñ köp döwletlerinde jenaýatçylaryñ sany, türmeler hakda doly maglumat berilmeýär.

SSSR-de 1930-1950-nji ýyllarda tussag edilen raýatlaryñ sany, olaryñ saklanan lagerleriniñ atlary aç-açanlyk ýyllarynda metbugatda çap edildi. Metbygat habarlarynda köp ilatly şäherlerde (Moskwada, Sankt-Peterburgda, Ekaterinburgda, Samarada, Aşaky Nowgorodda) jenaýatçylygyñ köp bolýandygy barada(Golubçik we beýlekiler, 2003,Sah. 316) habarlar berilýär. Biziñ pikirimizçe jenaýatçylygy azaltmak üçin ilatyñ sowatlylyk derejesini ýokarlandyrmak, işsizligi ýok etmek, halkyñ maddy hal ýagdaýyny we ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak zerurdyr.

## 23. Geografiýa ylmynyñ usulyýet esaslary

SSSR döremeginiň öň ýany Russiýa Birinji jahan urşuna gatnaşypdy. Uruş entek gidýärkä Petrogradda 1915-nji ýylda Russiýa ylymlar akademiýasynyň ýanynda akademikler topary tarapyndan Tebigy öndüriji güýçleri öwrener ýaly komissiýa (KEPS-комиссия по изучению естественных производственных сил) döredildi. Oňa beýik rus alymy Dokuçaýewiň okuwçysy **W.I.Wernadskiý** ýolbaşçylyk edipdir. Onuň ýerine ýetiren işlerini Patyşa Russiýasy peýdalanmandyr. Soňra 1918-nji ýylyň Magtymguly aýynyñ 4- inde KEPS-iň ýanynda Senagat-geografiýa bölümi döredilipdir. Bu bölümiň alym-sekretary

edilip ýaş antropogeograf, ykdysady-geograf we ülkäni öwreniji **A.A.Grigorýew** bellenýär. Ol 1911-1914 –nji ýyllarda Geýdelburg uniwersitetinde okan A.Gettneriň okuwçysydyr.

Oktýabr rewolýusiýasyndan soň **W.I.Lenin** geografiýa ylmyny ösdürmäge uly üns berýär. Onuň ykdysady geografiýa degişli birnäçe ylmy işleri bar. Ol 1920-nji ýylda onuň görkezmegi bilen GOELRO planyny işläp düzmeklik **G.M.Krjijanowskä** tabşyrylypdyr. Bu plan Russiýany elektrikleşdirmek hakda barýar. Bu plan Russiýada ykdysady geografiýanyň ösmegine goltgy berýär. Soňra 1921-nji ýylyň Baýdak aýynyñ 23-inde Gosplan (Gosudarstwennaýa planowaýa komissiýa) döredilip oňa ýolbaşçy G.M.Krjijanowskiý bellenýär. Gosplan ýurdy raýonlaşdyrmaklygy (ykdysady sebitlere bölmekligi) **I.G.Aleksandrowa, L.L.Nikitine, Ýe.Ýa.Şulgine, N.N.Kolosowskiý** daga tabşyrýar. Netije-de, Russiýanyň çäginde 21 sany ykdysady raýony(sebiti) bölýärler. Ýurduň öndüriji güýçlerini ösdürmeklik şol raýonlar boýunça amala aşyrylýar. Bu işler bilen bilelikde 1919-njy ýylda ekerançylyk boýunça Halk komissarlykda Russiýany oba hojalyk taýdan raýonlaşdyrmaklyk işi başlanýar. Oňa **D.N.Anuçin, S.G.Grigorýew, A.A.Kruber, I.S.Şukin** ýolbaşçylyk edýärler.

Petrograd-da 1916-njy ýylda Dokuçaýewiň toprak komitetinde döredilen Ýokary geografiýa kursy 1918-nji ýylyň 23-nji Ruhnamada Geografiýa instituty diýip yglan edilýär. Bu geografiýa boýunça dünýäde ilkinji institut hasaplanylýar. Onuň ilkinji rektory **I.D.Lukaşewiç,** soňra belli geolog, minerolog, geohimik, geograf-**A.Ýe.Fersman** bellenilýär. Ol Institutda geograf **L.S.Berg, A.A.Grigorýew,** geologlar **A.Ýe.Fersman, A.A.Borisýak,** okeanograf **Ýu.M. Şokalskiý,** geomorfolog **Ýa.S.Edelşteýn,** geobotanikler **B.A.Fedçenko,, W.N.Lýubimenko,** biogeosenolog

**W.N.Sukaçew,** toprakçy **S.S.Neustruýew** dagylar işläpdirler.

1921-nji ýylda **W.I.Lenin** ykdysady geografiýany Russiýanyň ähli ýokary okuw jaýlarynda okatmagy talap edýär. Ýa.M.Swerdlow adyndaky Kommunistik uniwersitetde geografiýa kafedrasy döredilip, oňa belli bolşewik--rewolýusioner **"Nikolaý Bolşoý"-N.N.Baranskiý** bellenilýär. 1926-njy ýylda N.N.Baranskiniň ýazmagynda ilkinji gezek "SSSR-iň ykdysady geografiýasy" okuw kitaby çap edilýär.1925-nji ýylda Leningraddaky Geografiýa instituty Döwlet uniwersitetiniň fakulteti edilýär.

SSSR-iň Gosplany tarapyndan 1920-nji ýylda **G.M.Krijijanowskiniň** ýolbaşçylygynda **L.L.Nikitiniň** başlyklyk etmeginde SSSR-iň halk hojalygyny ösdürmegiň birinji bäşýyllyk plany işlenilip düzüldi. Bu işe görnükli alymlar **W.M.Çetyrkin, W.I.Lawrow, N.N.Kolosowskiý** gatnaşdylar.

1929-njy ýylda **N.N.Baranskini** Moskwa döwlet uniwersitetine işe çagyrýarlar. Onuň ýolbaşçylygynda ykdysady geografiýa kafedrasy döredilýär. Leningradda SSSR Geografiýa jemgiýetine **L.S.Berg** we **N.I.Wawilow** ýolbaşçylyk edýärler. L.S.Berg ykdysady geografiýany "Geografiýa ylmynyň täji" diýip baha berýär.

1934-nji ýylyň 16-njy Magtymgulyda Partiýanyň merkezi kommiteti we Sowet hökümeti SSSR-iň başlangyç we orta mekdeplerinde geografiýanyň okadylmagy hakynda karar çykarýarlar. Şol ýylda hem "Mekdepde geografiýa"(География в школе) jurnaly çykarylyp başlanýar.

1930-njy ýylda döredilen Geomorfologiýa instituty, 1934-nji ýylda fiziki geografiýa instituty, 1936-njy ýylda Akademiýanyň Geografiýa instituty diýilip atlandyrylýar. 1930-njy ýyllarda SSSR Ylymlar akademiýasy Leningraddan Moskwa göçýär.

SSSR ýyllarynda ähli respublikalarda geografiýa degişli laboratoriýalar, ylmy-barlag institutlar döredildi. Ykdysady we fiziki geografiýanyň bütewiligi hakda **N.N.Baranskiniň** bitiren işleri uly. Soýuz respublikalaryň merkezi şäherlerinde Kiýewde, Daşkentde, Alma-Atada, Minskde, Aşgabatda, Tbilisidi, Bakuda, Ýerewanda soňra Rigada, Tartuda, Lwowda we beýleki şäherlerde geografiýa merkezleri döredildi. Azerbaýjanda, Gruziýada, Türkmenistanda (Çöller), Irkutskde (Uzak Gd we Sibir), Wladiwostokda (Ýuwaş okean) institutlary açyldy. Netije-de SSSR-de dünýä belli geograflar, ylmy-barlag institutlar döredi. SSSR-iň geograf alymlary Bütündünýä, Halkara geografiki kongresleriň işlerine gatnaşdylar. 1976-njy ýylda XXIII Halkara geografiki kongresi Moskwada geçirildi. Onuň esasy bölümleriniň biri Aşgabatda geçdi. SSSR-de geografiýa ylmynyň we ykdysady geografiýanyň ösmegi netijesinde ýörüte geografiýa ylmy mekdepleri döräp başlady.

XX asyr ylmyñ, tehnikanyñ we tehnologiýanyñ ösýän asyry hasaplanýar. Dünýäniñ köp döwletlerinde täze senagat, oba senagat, ylaglar, aragatnaşyk ulgamlaryñ döremegi täze tebigy baýlyklary özleşdirmekligi, ilatsyz ýerlere ilatyñ göçürilmegini talap edipdir. Döwletleriñ arasynda ykdysady gatnaşyklaryñ ösmegi netijesinde dünýäniñ syýasy kartasynda ykdysady taýdan has güýçli, orta derejede we has gowşak ösen döwletler emele geldiler. Durmuş we ykdysady geografiýa degişli esasy ylmy-barlag işler ösen döwletlerde 1920 –nji ýyllardan soñ köpçülikleýin häsiýete eýe boldy. Şol ýyllarda geçirilen ylmy-barlag işler Durmuş we ykdysady geografiýanyñ şu aşakdaky ugurlary boýunça amala aşyryldy:
1. Dünýäniñ syýasy kartasynda SSSR—iñ döremegi we kolonial döwletlerde azat edijilik hereketleriñ başlanmagy bilen syýasy geografiýa degişli ylmy barlaglar artyp ugrady;
2. Dünýäniñ ykdysady taýdan ösen döwletlerde durmuş, içerki we daşarky söwda, jahankeşdeligiñ geografiýasyna,

içerki we daşarky halkara integrasiýa degişli ylmy işlere uly üns berildi; 3. Dünýäniñ döwletleriniñ ykdysadyýetiniñ ösmegi bilen senagat çig-mallaryna, energiýa çeşmelerine, öndürilýän senagat harytlary ýerleşdirmek üçin täze bazarlara isleg artyp başlady; 4. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde döwleti dolandyrmaklygy kämilleşdirmek, ykdysady, syýasy we durmuş taýdan sebitlere bölmek barada ylmy ugurlar peýda boldy. Şu taryhy döwürde dünýäniñ ösen döwletlerinde geografiýa ylmynda "Ykdysady geografiýa" adalgasy, şol sanda ylmy ugur emele geldi. 1925 –nji ýyldan başlap ABŞ-da "Ykdysady geografiýa"(Ekonomic Geography) jurnaly yzygider çap edilip başlandy.

M.M.Golubçigiñ we beýlekileriñ **(**2003, sah. 79) bellemeklerine görä XX asyryñ 30 –njy ýyllarynda ykdysady geografiýada geçirilen ylmy barlaglar özboluşlylygy bilen tapawutlanýarlar. Şol döwrüñ ykdysady geografiýadan işlän härmenleri öndüriji güýçleriñ giñişliklerde ýerleşişiniñ kanunalaýyklyklaryny we ilatyñ ýerleşişini öwrenmeklik bilen meşgullanypdyrlar. Ykdysady geografiýanyñ bu ylmy ugury hakda gürrüñ edilende nemes alymlary Walter Kristalleri(1893-1969) we Awgusta Lýoşy(1906-1945) ýatlaman geçmek bolmaz. Bu alymlar özleriniñ ylmy işlerinde "Merkezi ýerleriñ taglymaty"(Теория центральных мест) ady bilen ilatyñ geografiýasy, önüm öndürmeýän durmuş hyzmaty kärhanalaryñ ýerleşişi bilen gyzyklanyp, ilat mesgenleriniñ ýerleşiş kanunalaýyklyklaryny açmak isläpdirler. Ylmy-barlag işlerinde matamatiki usullary giñden ulanypdyrlar.

Ikinji jahan urşunyñ başlanmagy bilen ykdysady geografiýanyñ ylmy-barlag işleri harby-geografiki meselelere bagyşlanypdyr. Günbatar Ýewropanyñ we SSSR-iñ ykdysady geograflary özara hyzmatdaşlyk esasynda harby-geografiki ylmy-barlag işleri amala aşyrypdyrlar.

Ikinji jahan urşy gutarandan soñ 1970 –nji ýyllara çenli ylmy-tehniki ösüş esasynda ykdysady geografiýanyñ

durmuş(sosial) meseleleri(ilatyñ geografiýasy, medeniýetiñ geografiýasy, uruşdan soñky ýyllarda ilatyñ hal-ýagdaýy we beýleki durmuş meseleleri) geografiýasyna bagyşlanan problemalar agdyklyk edipdir. Ykdysady sebitlere(regionlara), ýagny dürli sebitlerde hojalygy ýerleşdirmekligiñ guralyşy, olaryñ ýerleşdirilişini giñişlikler boýunça seljeriş işlerine esasy orun berilipdir. 1950-70 –nji ýyllarda ABŞ-da ykdysady geograflar B.Berri, U.Bunge, W.Garrison, iñlis alymlary P.Hagget, D.Harweý, R.J.Çorli we beýlekiler ylmy-barlag işlerinde statistiki, kompýuter programmalaryny ulanyp matematiki geografiýany ösdüripdirler. P.Haggetiñ 1968 –nji ýylda rus dilinde (Пространственный анализ в экономической географии. M.,), D.Harweýiñ 1974 –nji ýylda (Научное объяснение в географии. M.,) ylmy işleri çap edilipdir. Soñky ýyllarda Günbatar Ýewropa döwletlerinde we ABŞ-da geograflar regionalizm(sebitleýin) konsepsiýalara(taglymatlara) uly üns beripdirler. Soñky ýyllarda ABŞ –da ykdysady geograflar ýurduñ ykdysady raýonlaşdyrylyşy we ştatlary boýunça hojalyk kärhanalary ýerleşdirmek barada ylmy işleri amala aşyrypdyrlar. Soñra 1954 –nji ýylda belli amerikan ykdysadçysy Walter Izardyñ ýolbaşçylygynda ykdysadçylar, geograflar, sosiologlar topary halkara guramasy hökmünde Sebitleýin ylymyñ assosiasiýasyny döredipdirler. ABŞ-da Pensilwan uniwersitetinde geografiýa fakultetiniñ adyny sebitleýin ylmyñ fakulteti diýip atlandyryp, oña Izard ýolbaşçylyk edipdir. Şeýlelikde Izardyñ usullaryny peýdalanyp amarikan we Günbatar Ýewropa alymlary şäherleriñ, bazarlaryñ geografiýasyna, rekreasion we agro-geografiýa, syýasy geografiýa uly üns beripdirler. XX asyryñ 70-80-nji ýyllarynda dünýäniñ ilatynyñ sanynyñ çalt artyşy bilen baglanyşykly halkara derejede ilat meseleleri (ilatyñ tebigy artyşy, oba we şäher ilaty, milli mesele, sosial ýagdaýy, milletparazlyk syýasaty) oñyn çözmeklik üçin köp ylmy-barlag işler geçirildi

XX asyryñ soñky onýyllygynda ösen döwletlerde geografiýa ylmynyñ öñünde tebgatdan peýdalanmak, hojalygyñ meýdan-çäk düzümini kämilleşdirmek, ilaty ýerleşdirmek, jemgyýet bilen tebigatyñ arasyndaky arabaglanyşygyñ bütindünýä we sebitleýin meselelerini çözmek döwrüñ talabyna laýyk gelýärdi. Demirgazyk Amerikada, Günbatar Ýewropada halkara monopolistik birleşmeleriñ döremegi bilen halkara ykdysady gatnaşyklary, bütindünýä bazarlary öwrenmeklige uly üns berilip başlandy. Sosialistik ulgamyñ dargamagy bilen öñki sosialistik döwletlerde bazar ykdysadyýetine geçmek bilen baglanyşykly meseleleri öwrenmeklige girişdiler. XXI asyryñ başynda ykdysady durmuş geografiýanyñ: adamzadyñ ýaşaýşy, işsizligiñ, jenaýatçylygyñ, bilimiñ, sportyñ, menejmentiñ, sebitleýin dolandyryşyñ, syýasy we saýlawlar geografiýasy, dürli keselleriñ ýaýraýyş, aýallaryñ ýaşaýyş we zähmet geografiýasy ýaly täze ugurlary peýda boldy.

7. Ykdysady we durmuş geografiýanyň Türkmenistanda öwrenilişi we ösüşi .

Türkmenistanyñ häzirki meýdan-çägi Russiýa birikdirilenden soñ geografiki barlag işleri başlanýar. 1884 – nji ýyldan başlap A.M.Konşin Merkezi Garagumda gözleg işlerini geçirip Űñüz boýunda kükürt käniniñ bardygyny we Nebitdagda nebitiñ kändigini habar beripdir. Russiýanyñ pagtaçylyk senagatyny çig-mal bilen üpjün etmek maksady bilen, 1906-1914 –nji ýyllarda M.N.Ýermolaýew Amyderýa, Murgap we Tejen sebitlerinde barlag geçirýär. Amyderýanyñ suwuny Tejen-Murgap raýonlaryna akdyryp boljakdygyny subut edýär. 1908-1914-nji ýyllarda täze özleşdiriljek ýerlere tebigy-ykdysady nukdaýnazardan baha bermek maksady bilen S.S.Neustruýewiñ we L.I.Prasolowyñ ýolbaşçylygynda toprak-botaniki barlag işleri geçirilýär. 1912-nji ýylda meşhur klimatolog A.W.Woýeýkow barlag işlerini geçirip, “Pagtaçylyk nukdaýnazardan Zakaspi oblastyny suwaryş” diýen işini çap etdirýär. Türkmenistanyñ (Zakaspi oblastynyñ)

ykdysady-geografik beýany ilkinji gezek K.M.Fedorowyñ ("Zakaspi oblasty", Ashabat, 1901), W.I.Masalskiniñ ("Türküstan ülkesiiñ geografiýasy we taryhy", Daşkent, 1914)işlerinde beýan edilipdir.

1924 –nji ýylda Soýuzyñ düzüminde Türkmenistan respublikasynyñ döredilmegi bilen onuñ Durmuş we ykdysady geografiýasyna degişli maglumatlar peýda bolup başlaýar. 1930 –njy ýylda Türkmenistanda ilkinji döredilen ylmy-barlag edara TSSR Gosplanynyñ ýanynda Ykdysady barlaglar institutydyr. Institut tarapyndan 1937 –nji ýylda çykarylan ylmy monografiýada ilkinji gezek Türkmenistanyñ raýonlaryna ykdysady-geografiýa taýdan häsiýetnama berilýär.

1931 –nji ýylda Aşgabatda pedagogik institut, 1935-nji ýylda onuñ düzüminde geografiýa kafedrasy açylýar. 1940 –njy ýylda Çärjew pedinstitutynda, 1941 –nji ýylda Daşoguz mugallymçylyk institutynda, 1949 –njy ýylda W.I.Lenin adyndaky Türkmen döwlet pedagogik institutynda geografiýa kafedralary açyldy. Bu kafedralaryñ kömegi bilen ýokary bilimli müñlerçe ykdysady we fiziki geografiýadan hünärmenler taýýarlanyldy.

Beýik Watançylyk urşunyñ başlarynda Moskwanyñ we Odessanyñ döwlet uniwersitetleri wagtlaýynça Türkmenistana geçirilýär. Moskwa uniwersiteti Aşgabatda, Odessa uniwersiteti Baýramalyda ýerleşdirilýär. 1941 –nji ýylyñ Türkmenbaşy aýynyñ 1-inde SSSR Ylymlar Akademiýasynyñ Türkmenistan filialy döredilýär. Şol uniwersitetleriniñ alymlarynyñ kömek bermegi netijesinde Aşgabat pedagogik institutynyñ we SSSR Ýlymlar Akademiýasynyñ Türkmenistan filialynyñ köp işgärleri kandidatlyk soñra doktorlyk dissertasiýalary goraýarlar. SSSR Ylymlar Akademiýasynyñ akademikleri N.M.Gubkiniñ, S.G.Strumiliniñ, W.A.Komarowyñ, N.S Kurnakowyñ, B.A.Kelleriñ, D.W.Naliwkiniñ, A.E.Fersmanyñ, D.I.Şerbakowyñ ylmy ýolbaşçylygynda Türkmenistanda köp

ylmy-barlag işler geçirildi. SSSR Ylymlar Akademiýasynyň Türkmenistan filialynda Türkmenistan YA-nyň akademigi, biologiýa ylymlarynyň doktory, professor M.P.Petrowyň ýolbaşçylygynda ykdysadyýet we geografiýa sektory döredilýär. Şonuň esasynda 1957 –nji ýylda Ykdysadyýet instituty açylýar. 1950-nji ýylda Aşgabat pedinstitutynyň çäginde Türkmen döwlet uniwersiteti döredilýar.Geçen asyryň otuzynjy ýyllaryndan başlap mekdeplerde geografiýa dersi okadylypdyr. 1934-35-nji ýyllardan başlap pespublikanyň şäherlerinde we obalarynda hökmany ýediýyllyk okuw girizilýär.

1951-1953 –nji ýyllarda Baş Türkmen kanalyny geçirmek maksady bien Demirgazyk Türkmenistanda, Amyderýanyň aşak akymyndan Uzboýyň ugry bilen Etrege çenli, Aral-Kaspi kompleks ekspedisiýasy, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň we Geologiýa uprawleniýesiniň ençeme ekspedisiýalary barlag işlerini geçirdiler. Ekspedisiýalaryň ylmy netijeleri "Aral-Kaspi ekspedisiýasy"(3 göýberiliş, M., 1954) we başga-da birnäçe ylmy makalalarda beýan edilipdir. Türkmenistanyň ykdysadyýetine we ykdysady geografiýasyna degişli monografiýalar, statistiki ýygyndylar we ylmy-populýar kitaplar dürli ýyllarda çap edildi. Olara A.Artykowyň "Türkmenistan SSR-niň senagaty 25 ýylda"(Aşgabat, 1950), Z.G.Freýkiniň "Türkmenistan SSR-I"(Aşgabat, 1957), A.Babaýewiň we başgalaryň "Sowet Türkmenistany"(Asgabat, 1958), A.Saakýanyň we L.Kurbanowyň "Türkmenistan SSR-niň ykdysady ösüşiniň gysga oçerki"(Aşgabat, 1957), A.Annagylyjowyň "TSSR-iň çig mal resurslary we olaryň senagatda peýdalanylyşy"(Asgabat, 1958), W.I.Rodýukowyň "Sowet Türkmenistanynyň ykdysady aragatnaşyklary"(Aşgabat, 1963), Ýe .Ýe. Leýzerowiçiň "Çölleri özleşdirmegiň ykdysady-geografik problemalary" (Moskwa, 1968), B.Baýramowyň Türkmenistanyň energetikasynyň

ösüşi”(Aşgabat, 1971), J.Alladatowyñ we B.Meredowyñ “Türkmenistanyñ senagaty ösüş ýolunda” (Aşgabat, 1972), A.G.Babaýewiñ we beýlekileriñ “Türkmenistan SSR-niñ geografiýasy” (Aşgabat, 1978), A.B.Batyrowyñ, D.Amanekowyñ, K.Weýsowyñ, S.Weýisowyñ, N.Oraýewiñ, B.Orazmyradowyñ, Ä.Berdiýewiñ, B.Nepesowyñ, E.Ýegengeldiýewiñ, Ýo.Itibaýewiñ, M.Kurambaýewiñ, A.Ataýewiñ H.R.Baýramowyñ, H.Orazowyñ, M.Hudaýýarowyñ, A.Magtymowyñ, B.Çaryýewiñ, G.Täjibaýewanyñ, M.Allakowyñ, başga-da birnäçe hünärmenleriñ ýüzlerçe ylmy işleri türkmen we rus dillerinde çap edildi.

Türkmenistan özüniñ garaşsyzlygyny gazanan gününden başlap, ykdysady we durmuş geografiýa degişli ylmy barlaglar ýurdumyzyñ ykdysadiýetini ösdürmek, halkyñ hal-ýagdaýyny gowulandyrmak meselelerini çözmeklige bagyşlandy. Döwletimiziñ hojalygyny ösdürmek üçin “On ýyl Abadançylyk-agzybirlik, asudalyk, jebislik”, “Täze oba syýasaty”, “Bilim”, “Galla”, “Pagta”, “Nebit we gaz” syýasatlary kabul edildi.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap yza-galak ykdysadiýeti bolan Türkmenistany dünýä derejesine ýetirmek barada köp aladalar edi. Şonuň üçin öň gurulman ýatan kärhanalary tiz wagtyň içinde gurmak, öňki bar bolan senagat kärhanalaryň durkuny täzelemek, öndürýän önümini dünýä ölçegine laýyk getirmek esasy meseleleriň biri bolup durdy.

Netije-de 2000-2010-njy ýyllar aralygyna Türkmenistanyñ ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň “Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli baş ugry” milli maksatnamasy kabul edildi. Şu Maksatnama laýyklykda döwletimiziň hojalyk pudaklary ep-esli ösdi. 2000-nji ýyldan bäri döwlet boýunça ykdysady ösüş 17-22 aralygynda boldy. Bu dünýä boýunça iň ýokary ykdysady ösüş hasaplanýar. Garaşsyzlygyň geçen ýyllarynda ykdysadyýeti

ösdürmekde uly üstünlikler gazanyldy.Netije-de gysga wagtyň içinde galla meselesi çözüldi. Döwletimizde göz öñüne tutulan azyk we ykdysady howpsuzlygy üpjün etmek meselesi ýakyn ýyllarda çözüler. Bu meseleleri ylmy nukdaý nazardan çözmeklige döwletimiziñ dürli ylmy-barlag institutlarynda işleýän ykdysatçy alymlar bilen birlikde ykdysady geograf alymlar hem öz goşantlaryny goşýarlar. Soýuz döwründe Türkmenistanda ykdysady we durmuş geografiýanyň ösmeginde ylymlar akademiýasynyň ykdysadiýet, Türkmenmillihasabat, Çöller we beýleki ylmy-barlag institutlaryň ylmy işgärleriniñ goşan goşantlary has uludyr.

Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Türkmenabat şäherinde ýerleşen Mugallymçylyk institutyň geografiýa kafedralarynyň professor-mugallymlarynyň bitiren işleri bellemäge mynasypdyr. Olaryñ we Çöller institutynyñ alymlarynyñ ykdysady we durmuş geografiýa degişli ylmy işlerine häli-şindi gabat gelip bolýar. Bu babatda edilen işler köp hem bolsa edilmeli, ýerine ýetirilmeli we çözülmeli meseleler ondan hem köp.

## 24. Geografiýa ylmynda tebigy şertlere baha bermek usullary

Döwletleriň ykdysadyýetiniň ösmegine belli-bir dereje-de onuň geografik ýerleşisi täsir edýär. Ir zamanlardan bäri deňizleriň we ummanlaryň kenarlarynda ýerleşen döwletleriň beýleki gury ýeriň jummüşinde ýerleşen döwletlere garanda deňizlerde, ummanlarda ýüzmeklige, goñşy döwletler bilen ykdysady gatnaşyklary gowulandyrmaklyga mümkinçiligi gowy bolupdyr. Şonun üçin ol döwletler gury ýeriň içki böleklerinde ýerleşen döwletlere garanda köp geografiki açyşlary amala aşyrypdyrlar. Özlerine kolonial ýerleri birikdiripdirler. Netije-de, özleriniň ykdysadyýetini has çalt ösdüripdirler. Bular ýaly

döwletlere Beýik Britaniýa, Germaniýa, Fransiýa, Italiýa, Ispaniýa, Portugaliýa, Gollandiýa, Ýaponiýa, ABŞ-y mysal bolup bilerler.

Häzirki günlerde-de gönüden-göni deňizlere, ummanlara çykyp bilmeýän döwletleriň ulag, aragatnaşyk meselesinde kynçylyklar döreýärler. Bu Aziýada Owganystan, Nepal, Mongolýa, Afrikada birnäçe döwletler degişlidir. Şolar, daşary döwletler bilen sowda, aragatnaşyk etjek bolsalar goňşy döwletleriň üstünden geçmeli lalaşyk boýunça töleg toleýarler.

Biziň döwletimiz ykdysady geografik taýdan Merkezi Aziýada amatly ýeleşen döwletleriň biri. Sebäbi, gönüden-göni Hazar deňzine çykyp bilýär. Onuň üsti bilen we Wolga-Don kanaly arkaly Azow, Gara, Orta-Ýer deňizlerine çykalgasy bar. Şonuň üçin Türkmenbaşy şäherine “Merkezi Aziýanyň deňiz derwezesi” diýip aýtýarlar. Şu şäheriň üsti bilen Merkezi Aziýanyň köp döwletlerine Ýewropadan, ol döwletlerden, Türkmenbaşy şäheriniň üsti bilen Ýewropa döwletlerine ýükler gatnadylýar.

Döwletleriň ykdysady geografik ýerleşişinde araçäkden akýan derýalaryň hem uly ähmiýeti bar. Meselem, Günbatar we Gündogar Ýewropa döwletleri üçin Dunaý, Merkezi Aziýada Amyderýanyň, Afrikada Nil derýalaryň ähmiýetleri örän uly. Ol derýalaryň üsti bilen her hili ýükler we ýolagçy gatnadylýar.

Döwletiň meýdan-çägi uly bolsa köptaraplaýyn amatly. Ol ykdysady taýdan peýdaly bolýar. Ilatyň köpelmegi, senagat kärhanalaryň çig mala bolan isleginiň artmagy sebäpli döwletiň meýdany uly bolsa köptaraplaýyn amatlydyr. Eger-de, tebigy şertleri amatly bolup, ýer-suw, agroklimat baýlyklary elýeter bolsa, ol döwletiň raýatlary üçinuly baýlyk hasaplanýar. Şol baýlyklar häzirki günlerde öri meýdan hökmünde ulanylýan bolsa–da, belki geljekde, onuň

ýerastynda her hili baýlyklar- magdanlar, ýangyç çig-mallary tapylmagy mümkin. Giň çägiň ýene bir ähmiýetli tarapy, ol hem onuň harby strategik ähmiýeti ulydyr. Harby-strategik işler geçirilende döwletiň çägi uly bolsa gowy bolýar diýip harby kitaplaryň köpüsinde nygtalýar.

Döwletiñ ykdysady, syýasy-geografiki ýerleşişine baha berlende onuñ meýdan-çägi bütewi, belli-bir giñişlikde ýerleşenligi göz öñüne tutulýar. Döwletiň ýeri, çägi butewi, bir ýerde ýerleşse ykdysady, syýasy, durmuş, harby nukdaý nazardan amatlydyr. Emma bu ýagdaý hemme döwletler uçin miýesser bolmaýar. Dünýäniň ýokary öşen döwletleriniň biri ABŞ-larynyň aralary birnäçe müň kilometr üç sany bölekden ybarat (Alýaska, Gawaý adalary, hem-de esasy bölegi). Beýle ýagdaý belli-bir derejede ykdysady kynçylyklary döredýär. Sebäbi, şol aralyklarda ulag aragatnaşyklary gurnamak döwlete aňsat düşmeýär. Muña ýene-de Kanadany, Ýaponiýany, Indoneziýany mysal getirip bolar. Olar birnäçe adalarda ýerleşýärler. Bu ýagdaý aragatnaşyk meseleleri çylşyrymlaşdyrýar. Şonuň üçin döwletiň ýeri, çägi butewi bolsa ykdysady-geografik taýdan gowy ýerleşen diýilýär. M.M.Golubçigiñ we beýlekileriñ(2003, sah. 114-115) ýazmaklaryna görä, eger, döwletiñ käbir bölegi onuñ gury ýerdäki esasy böleginden üzñe ýerleşen bolsa, geografiki edebiýatlarda oña **“esklab”** döwlet diýilýär. Bu adalga adalara degişli däl. Döwletiñ bir bölegi başga bir döwletiñ meýdan-çäginde ýerleşip, diñe gury ýer boýunça araçäkleşýän bolsa **“anklab”** ýagdaýly diýilýär. Alýaska—ABŞ üçin **esklab,** öñki Nahiçewan ASSR-I **anklab,** Azerbaýjan üçin **esklab** hasaplanýar. Sebitiñ **esklab** ýerleşmegi ýerli halkda daşky täsirlere baglylykda seperatistik garaýyşlary emele getirýär. Dili we dini garaýyşlary meñzeş bolan döwletleriñ arasynda beýleki döwletleriñ ýerleşmegi köp halatlarda ykdysady gatnaşyklara päsgel berýär. Meselem: Ermenistan bilen Russiýanyñ, Russiýa we Belorussiýanyñ – Ýugoslawiýa

bilen ýakyn gatnaşyklarda bolmaklaryna geografiki ýerleşişlerinde päsgelçilikler bar. Sebitiñ **esklab** ýagdaýy käbir ýagdaýlarda ýerli halkyñ seperatistik ymtylmalaryna getirýär. Şeýle ýagdaý taryhda bolýan hadysa. Meselem: Pakistanyñ gündogar bölegi onuñ esasy böleginden aýrylyp Bangladeş döwletini emele getirdi. Häzirki döwürde Russiýadan Çeçenistan, Ýugoslawiýadan Kosowo, Moldowadan Pridnestrowýe, Eýrandan we Ýrakdan Kürdüstan özbaşdak bolmak isleýärler.

Geosyýasatyñ tarapdarlary döwletleriñ we halklaryñ geografiki ýerleşişi olaryñ ykbalyny kesgitleýär diýip düşünipdirler. Olardan iñlis geografy Halford Makkinderiñ pikirine görä(M.M.Golubçik we beýlekiler, 2003, sah. 114-115) Ýewroaziýanyñ ýadrosynda ýerleşýän Rossiýa döwletiniñ **“Hartlendiñ”** onuñ töwereginde deñiz kenarýakalarda ýerleşen döwletleriñ **“Rimlendiñ”** biri-birine bolan garşylygy taryhy gutulgysyzdyr. Rossiýanyñ meýdan-çäginiñ baglanyşdyryjy häsiýeti hakynda D.I.Mendeleýew: “Ýarysy Ýewropada, ýarysy Aziýada ýerleşen Rossiýa, dünýäniñ merkezi böleginde, ýagny Ýewropada we Aziýada ýerleşen döwletleri ylalaşdyrmak, baglanyşdyrmak, azat etmek üçin taryh belläpdir”, diýip ýazypdyr. XX asyryñ ikinji ýarymynda “Hartlend” SSSR -deñiz ýakasy döwletlere “Rimlende” garşy duran ulgamlar emele geldiler. Emma Napoleon goşunlaryna(X1X asyryñ başy), Germaniýa (XX asyryñ ortasy) garşy durmak üçin Hartlend bilen Rimlendiñ birleşendigine taryh şaýat.

Döwletleriñ ykdysady-geografik ýerleşişi hakynda dürli garaýyşlar emele gelipdir. Rossiýanyñ ykdysadyýetini ösdürmek we geosyýasy ýagdaýyny gowulandyrmak üçin Pýotr 1-nji döwletiniñ araçägini demirgazyk-günbatarda Baltika deñzine, günortada Azow, Gara deñizlerine çenli giñeldipdir.

Döwletleriñ ykdysady-geografik ýerleşişinde "kontinente golaý", "kontinentde" diýilýän adalgalar hem ulanylýar. Döwletiñ içinde ýerleşen meýdan-çäk birliklere häsiýetnama berlende "makro", "mezo", "mikro" adalgalardan peýdalanylýar. Meselem: Aşgabat şäheriniñ "makro" ýerleşişi diýlende, onuñ Köpetdagyñ eteginde Eýran döwletine golaýlygy, "mezo" ýerleşişi hakda gürrüñ edilende, Ahal welaýatyñ we döwletimiziñ welaýatlaryndan 400-600 kilometr aralykda ýerleşendigini göz öñüne getirýäris. "Mikro" ýerleşişi diýlende onuñ Türkmenbaşy-Türkmenabat demir we gara ýollaryñ kesişýän ýerinde Köpetdag etegi düzlük we baýyrlyk ýerde ýerleşendigini pikir edýäris.

Ýeriň butewiliginiň görnüşleriniň esasyny onuň ýeriniň üstüniň häsiýetnamasy düzýär. Döwletiň çäginiň esasy bölegi duzluk, tekiz ýer bolsa ykdysady taýdan özleşdirmek üçin amatly. Eger-de, daglyk ýerlerde ýerleşen bolsa harby-strategik taýdan ýaramsyz bolýar. Bular ýaly bolan döwletiň özi üçin gowy, emma harby işleri geçirýän döwlet üçin amatcyz hasaplanýar. Döwletiň ýeriniň, çäginiň üsti tekizlik, düzlük bolsa özleşdirmek üçin örän ýaramly. Ýol, elektrik, turba geçirijileri gurmak üçin ykdysady taýdan bähbitli. Döwletiň çägini geçmesi kyn bolan daglyklar, belentlikler tutýan bolsa, ýokarda ýatlanan meseleleri çylşyrymlaşdyrýar, kynlaşdyrýar. Şular ýaly ýerusti gurluşy bolan döwletleriň agroklimat şertleri hem oba hojalyk üçin ýaramly bolmaýar. Raýatlar isleýan oba hojalyk ekinlerini ekip bilmeýärler. Ulag-kommunikasiýa meselelerini hem kynlaşdyrýar. Şonuň üçin ýer üstüniň gurlyşy döwletiň çäginiň butewiliginde esasy orun tutýar.

Döwletiň ykdysady-geografik ýerleşişi çylşyrymly ulgam hasaplanýar. Ykdysady-geografik ýerleşiş kadalary jemgyýetçilik önümçilige bolan gatnaşyklar bilen seljeren ýagdaýymyzda şu aşakdaky aýratynlyklar ýüze çykýarlar:

1. ulag-geografiki arabaglanyşygy, ýagny öwrenilýän meýdan-çägiñ uly şäherara, döwletara ýollara ýakyn ýerleşmegi köp amatlylyklary döredýär. Ulag ulgamlaryna (demir ýol, gara ýollara, awiýa ýollara) golaý ýerleşmegi dürli ýükleri, ýolagçylary gatnatmakda uly ýeñillikler emele gelýärler. Döwletiñ bir tarapy deñiz, ýa-da beýleki suw ýollary bilen galtaşýan bolsa(öñ belläp geçişimiz ýaly) ykdysady taýdan ösmekligine itergi berýär.

2. işläp bejeriji senagaty ösen şäherlere, energiýa we çig-mal çeşmelerine, sebitlere, döwletlere golaý ýerleşmegi ykdysady taýdan, şol sanda söwda işleri guramak üçin hem amatly bolýar.

3. ilatyñ esasy jemlenen ýeri-mesgenleri obasenagat toplumlaryna ýakyn ýerleşen bolsa ilat köpçüligini azyk önümleri bilen üpjün etmekde kynçylyk döremeýär.

4. senagat we oba hojalyk kärhanalarynyñ öndüren önümleri bazarlara, ýa-da sarp edijilere ýakyn ýerleşse ykdysady taýdan amatly bolýar. Bu ýagdaý senagat we oba hojalyk önümçiligini esasy kesgitleýji bolup hyzmat edýär.

5. demografiki ýerleşişi, ýagny ilatyñ bir ýere jemlenen, gür ýaşaýan ýerinde zähmet baýlyklarynyñ, ylmy, injener-tehniki işgärleriñ toplanan ýerine golaý ýerleşse önümçilik kärhanalary çalt depginler bilen ösýärler.

6. rekreasion-geografiki ýerleşişi—ýagny dynç alyş we turizmiñ ösen zonasyna golaý ýerleşmegi hojalygyñ ösmegine uly ýardam edýär. Her bir döwletiñ, meýdan çägiñ özboluşly ykdysady—geografiki ýerleşişi bar. Ol özboluşlylyk şu aşakdaky aýratynlyklary boýunça seljerip bolar: 1) döwletiñ merkezi şäherine bolangatnaşygy; 2) döwlet araçägine bolan gatnaşygy; 3) dünýä ummanynyñ deñizlerine ýakyn ýerleşmegi; 4) gämi gatnawly derýalara ýakyn ýerleşmegi; 5) ykdysady taýdan ösen şäherlere, industrial merkezlere golaýlygy döwletiñ

meýdan-çäginde ýerleşen hojalyk kärhanalaryñ ösüşine öz täsirini ýetirýär.

Tebigy şertlere günüň ýagtylygy, ýere gelýän energiýanyň möçberi, ýeliň guýji, howanyň basyşy, temperaturasy, çyglylygy, ýeriň üstüniň gurluşy, ösümlik we haýwanat dünýäsi degişlidir. Baýlyklara- eger adam şu atlary agzalan şertleri, hojalygynda ulanyp bilse şoňa tebigy baýlyklar dýilýär. Tebigy baýlyklara ýene ýerusti we ýerasty mineral çig-mallar hem degişli. Olara adamyñ hojalygynda ulanyp bilşine görä baha berilýär.

Tebigy şertleriñ we baýlyklaryñ tebigy emele gelişi we ykdysady bähbitliligi boýunça şu aşakdaky toparlara bölünýärler: 1.Emele gelişi boýunça **mineral(**gazma baýlyklar), suw, ýer(şol sanda toprak), ösümlik(şol sanda tokaý), haýwanat dünýäsi, klimat, tebigy hadysalaryñ energiýa baýlyklary(günüñ ýagtylygy, Ýeriñ içki energiýasy, ýeliñ, daşgyn-gaýtgynyñ, geotermal suwlaryñ energiýasy). 2. Tebigy baýlyklaryñ **ekologiki** toparlanmasy: hojalykda ulanylanda **gutarmajak *baýlyklar***(günüñ, ýeriñ içki ýylylygynyñ we howanyñ energiýasy); **gutarmagy mümkin we dikeldip bolmaýan** baýlyklara gazylyp alynýan baýlyklaryñ ähli görnüşleri degişlidir. **Gutarmagy mümkin, emma dikeldip bolýan** baýlyklara ösümlik, haýwanat, suw baýlyklary girýärler. 3. Hojalykda ulanylyp boljak mümkinçiligi boýunça: -häzirki wagtda öndüriji güýçleriñ ösen derejesine laýyklykda **hakyky** ulanylmak mümkinçiligi bolan baýlyklar. **Geljekde ulanylmagy mümkin bolan,** ýagny häzirki wagtda tehniki we ykdysady sebäplere görä ulanylmagy mümkin bolmadyk baýlyklar hem bar. Ykdysady bähbitleri göz öñüne tutup **çalşyp bolýan we çalşyp bolmaýan** baýlyklary hem bölýärler. Çalşyp bolýan baýlyklara- ýangyç-energetiki(nebit, tebigy gaz, kömür we beýlekiler) baýlyklary beýleki energiýa çeşmeleri bilen çalyşmak mümkinçiligi bolýar. **Çalşyp bolmaýan tebigy**

**baýlyklara** atmosfera howasy, içmäge ýaramly suw, günüñ ýagtylygy, klimat we beýlekiler degişlidirler.

**Ykdysady peýdalylygy we hojalyk ähmiýeti** boýunça tebigy baýlyklar senagat we oba hojalyk önümçiliginiñ, hem-de önümçilik däl sfera üçin gerekli çig-mallara bölünýärler. **1. Senagat önümçiligi üçin zerur bolan tebigy baýlyklara** senagat kärhanalary tarapyndan ulanylýan çig mallar degişlidir. **1). Ýangyç-energiýa çig mallar**- olara tebigy gaz, kömür, uran, nebit, ýanyjy slanesler girýärler:

--ýanyjy gazma baýlyklar(nebit, gaz, kömür, ýanyjy slanesler we beýlekiler);

--gidroenergetiki baýlyklar(derýa suwlarynyñ energiýasy, daşgyn-gaýtgyn energiýasy we ş. m.);

--bioenergiýa çeşmeleri(ýangyç üçin ulanylýan agaçlar, odunyñ dürli görnüşleri, oba hojalyk zyñyndylaryndan alynýan biogaz);

--ýadro energiýa çeşmeleri(uran we radioaktiw elementler);

**2). Önümçilikde we senagat kärhanalarynda ulanylýan energiýa öndürilmeýän baýlyklar:**

--ýangyç toparlara girmeýän magdan we magdan däl gazma baýlyklar;

--senagat önümçiliginde ulanylýan suw;

--senagat kärhanalary we infrastruktura edaralary uçin ulanylýan ýer parçalary;

--senagatda ulanylýan tokaý baýlyklary;

--senagat kärhanalarynda ulanylýan biologiki baýlyklar.

**Oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin zerur bolan baýlyklar:** 1) **agroklimat baýlyklar**—medeni ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek we mallary bakmak üçin gerek bolan ýylylyk, hem-de çyglyk; 2) **biomassany döretmäge ukyply toprak we ýer baýlyklary; 3) biologiki ösümlik baýlyklary**—mal iýmiti otlary; 4) **suw baýlyklary**—ekinleri suwarmak we öri meýdanlary suwlulandyrmak üçin ulanylýan suwlar.

**Önümçilik däl sferada ulanylýan tebigy baýlyklar**—olara tebigy gurşawda ýaşaýan ýabany haýwanlar, derman ösümlikler, adamlaryñ dynç almagy we gezelenç etmegi üçin ulanylýan tebigatyñ gözel ýerleri, goraghanalar degişlidir. Ýabany haýwanlar, derman ösümlikleri senagat we durmuş maksatlary üçin hem ulanylýar.

Özara baglanyşygy we hojalykda ulanylyşy boýunça: 1) birtaraplaýyn ulanylýan tebigy baýlyklar; 2) köpmaksatly ulanylýan tebigy baýlyklar. Biri-biri bilen baglanyşykly, köptaraplaýyn ulanylýan tebigy baýlyklara –suw degişli.
Tebigy baýlyklaryň başga-da toparlanmasy bar. Käbir ýerden gazylyp alynýan gazma baýlyklaryñ, ýer we tokaý agaçlarynyñ ätiýaçlyklaryny hojalyk ähmiýeti, göwrümi we mukdary boýunça kesgitleýärler: **--has baý**(döwlet we halkara ähmiýetli); **--uly**(sebitara we raýonara ähmiýetli); **--uly bolmadyk**(ýerli ähmiýetli). Gazma baýlyklaryň öjaklary has uly, ýa-da özboluşly; uly, orta we kiçi – ýataklar, ojaklar diýlip bölünýärler. Gazma baýlyklaryň senagat taýdan toparlanmasy (kalssifikasiýasy):

**1. Ýangyç-energetiki baýlyklar**(nebit, ýanyjy gaz, kömür, uran we başgalar).

**2. Gara metallar-** hilini gowulandyrmak üçin düzümine başga metallar goşmak bilen birleşmeleri öndürýärler. Olara has kyn ereýän metallar diýilýär- demir, marganes, hrom, titan, wanadiý, nikel, kobalt, wolfram, molibden, sirkoniý, tantal, niobiýa.

**3. Reňkli we ýenil metallar-** allýuminiý, magniý, mis, gurşun, sink, galaýy, wismut, simap, sürme, litiý, berilliý;

**4. Gymmatly (blagorodnyýe) metallar-** altyn, kümüş, platina we platina degişliler;

**5. Himiki we agronomiki çig mallar** – kaliý düzy, fosforitler (fosfor, apatitler ), bor magdany, kükürt, brom, ýod, flýuorit (plawikowyý şpat);

**6. Tehniki, industrial çig mallar-** almazlar. Asbest, grafit, pýezooptiki çig mallar (pýezokwars, optiki flýuoritle, islandiýa şpaty), slýudalar (muskowit, flogopit);

**7. Flýuslar we oda çydamlylar-** hek daşy ( izwestnýak), dolomit, magnezit, oda çydamly toýunlar, kwarsitler;

**8. Gurluşyk çig mallary** – şement çig maly, daşlar, hek, toýun, çäge we ş.m.

Şu tebigy baýlyklar hojalygy ösdürmeklige uly ýardam edýärler. Olaryň döwletlerde gazylyp alnyşy, senagatda, gurluşykda ulanylyşy tehnologiýanyň, ylmyň we tejribäniň ösüşine baglydyr.

Hojalygyñ bazar ykdysadyýetine geçýänligi sebäpli ösýän döwletleriñ köpüsi dünýä bazaryna tebigy baýlyklary çykarýarlar. Dünýä bazarlarynda olaryñ esasy görnüşlerine isleg bildirilýär. Olaryñ içinde strategik ähmiýeti ýokary bolan uran magdanynyñ we radioaktiw elementleriñ soñky ýyllarda söwdasy çäklendirilýär. Ýokary eksport we döwlete walýuta getirip bilijilik ukyby boýunça dünýä bazarynda nebit önümleri, altyn, kümüş, platina, almaz tapawutlanýarlar.

Tebigy baýlyklaryñ içinde döwletlere iñ zerury we ähmiýetlisi döwletiñ meýdan-çägi hasaplanýar. Ol özüniñ jümmüşinde ähli baýlyklary saklaýar.

Tebigy baýlyklaryň kabul edilen halkara toparlanmasy ýok. Ulanylýan iki durli toparlanma bar. Biri öňki Sowet Soýuzy wagty kabul edilen, beýlekisi ösen döwletlerde ulanylýan toparlanma. Olary hojalykda ulanmak mümkinçiligi boýunça 2 sany topara bolüp bolýar:

1. **Deňeşdirme (balansowyýe)** - baýlyklaryň ätiýaçlyklaryny, ýagdaýyny deňeşdirip gorüp, olary hojalykda gaýragoýulmasyz ulanyp boljakdygyny subut etmek.

**2. Ätiýaç baýlyklar** – ol baýlyklaryň hojalykda häzir ulanylmagy dürli-dürli päsgelçiliklere we kynçylyklara bagly

bolup durýar. Şonuň üçin olary wagty çelende, tehnologiýa kämilleşende ulanyp bolmagy mümkin bolan baýlyklar degişlidir.

**Ätiýaçlyklaryň derejesi**, ýa-da topary (kategoriýasy)-gazma baýlygyň ýerleşýän ýeriniň öwreniliş derejesine, çig malyň hiliniň, olary gazyp almaklygyň dag-tehniki şertleriniň öwrenilişine baglylykda bellenilýär.

Gaty hilli gazma baýlyklara baha berilende 4 sany **A, B, $C_1$ , $C_2$** derejeler boýunça bellenilýr.

**A** – doly öwrenilen, barlanan, gazyp almaklyga taýýarlanan;

**B** - esasy bölegi kemkäsleýin öwrenilen, geologik taýdan esaslandyrylan; **$C_1$** – umumy häsiýetde öwrenilen, ätiýaçlygy çen bilen anyklanan; **$C_2$** – çaklama görnüşinde baha berilen.

Ösen döwletleriň köpüsinde ähli gažma baýlyklar üçin ýönekeý toparlanma (klassifikasiýa) kabul edilen: a) anyklanan (hakyky); b) çaklama; w) bolmagy mümkin bolan ( gipotetiçeskiýe). Şu toparlanmalaryň jemine umumy geologiki ätiýaclyklar diýilýär.

Işlendik döwletde tebigy baýlyk köp bolanda-da olary özleşdirmäge tehnologiýa, tehniki we hünärmen mümkinçilikler bolmasa kyn bolýar. Şonuň üçin öşýän döwletler gazma baýlyklar bilen baglanyşykly köp meseleleri çözmeli bolýarlar. Birinji ýüze çýkýan mesele-maliýe meselesidir. Ykdysady-maliýe mümkinçilik döwletiň özünde bolmasa, onda daşary ýurt maýadarlaryna ýüz tutmaly bolýarlar. Olar maýa, karz pul beräýende hem ony özleşdirmek meselesi ýüze çykýar.

Bu mesele boýunça örän berk durmaklyk talap edilýär. Sebäbi goýberilen maýany ýerlikli, ugrukdyrylan pudaga harçlamak meselesi birinji orna geçýär. Ilkinji zerur zatlardan

biri tehniki serişdeleri edinmek, gazma baýlygyň ýerleşen ýerine çenli ýol gurmak, ony özleşdirip başlamak, hünärmen meselesini çözmek, baýlygy doly işlär ýaly fabrika, kärhana gurmak, taýýarlanan harydy ýerleşdirmek meselesi öňünden meýilnamalaşdyrylýar. Şu guramaçylyk we önümçilik meselesi has işeňňir çözülmese, kärhananyň işinde bökdençlik emele gelýär. Ol hem öňdüriji güýçleri ösdürmäge ýaramaz täsir edýär we döwlet ücin peýda däl. Diýmek, gazma baýlyklary özleşdirmek bilen öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklaryñ arasynda ysnyşykly ylalaşyk we jebislik bolmaly. Eger şeýle gurnalmasa tebigy baýlyklary özleşdirmek örän gymmat düşýar.

## 25. Ýeriñ tebigatyny öwrenmekde geografiýa ylymlarynyñ ähmiýeti

Adamzat döräni bäri daş töweregindäki baýleki tebigy agzalardan peýdalanyp özüne zerur bolan nygmatlary tapmagy durmuşyna ýaramly şertlerini döretmegi başarypdyr. Adamzadyñ ösüş taryhynda dürli döwürlerde onuñ tebigatdan peýdalanyp bilmegi we ýaşaýyş şertlerini özgertmeklik bilen baglanşygy etaplaryñ ylymda esaslandyrylyp öwrenilýändigi ýone ýrden däldir. Adamlar Ýeriñ tebigatyna düşünmek üçin oña gözegçilik etmek, synlamak, seljermek we baha baha berip ozone ýaramly ugurlar boýunça peýdalanmak usullarny müñlerçe ýýllar dowamynda işläp düzüpdir.

Adamlar öz ýaşaýan ýerindäki howa şertlerinde durmuş, hojalyk pudaklarny döretmegi, önüm öndürmegi yzygiderli ýola goýmagy öwrenipdir we pasyllaryñ, möwsümleriñ üýtgeýşilerine görä etaplaýýn hojalyk ýöretmegi ýola goýupdyr.

Ýerli howa şertlerindäki ýýlyk, çyglylyk ýagdaýlarny öwrenip suwunyñ agdyklyk edýän ýerlerinde batgalyga guratmak, suw ýetmezçilik edýän ýerlerinde bolsa suw çşmeleri döretmek şeýleleikde-de öz önümçilik döredijiligini

ösdürmäge amaly- tejribeleri toplapdyr we olary nesilde-nesli geçiripdir. Ykdysady we durmuş geografiýa hojalygyň (senagatyň, oba hojalygyň, ulag ulgamlaryň, ilata hyzmat ediş gullugyň we ş.m.) aýratyn etraplarda, welaýatlarda, döwletiň çäginde ýerleşişini we ösüş aýratynlyklaryny öwrenýär. Şonuň bilen birlikde bu ylmyň esasy meseleleriniň biri tebigy baýlyklary we şertleri rejeli peýdalanmak bolup durýar. Halk hojalyk pudaklaryny döwletiň çäginde ýerleşdirilişiniň ykdysady-durmuş geografiýanyň kanunalaýyklyklaryna we kanunlaryna gabat gelýändigini, ýa-da laýyk gelmeýändigini öwrenip, hojalyk kärhanalaryna tekliplerini hödürleýär. Hojalyk kärhanalarynyň ýerleşdirilişiniň ykdysady taýdan düşewüntli bolmagynyň aladasyny edýär. Ykdysady-urmuş geografiýasy bilen meşgullanýan hünärmenler halk hojalygy ösdürmekligiň meýilnamalaryny we maksatnamalaryny işläp düzmäge hem işeňňir gatnaşýarlar. Şeýlelikde, bu geografiýa ylymyň pudagy hojalyk üçin has zerur meseleleriň üstünde işleýär. Netije-de, Ykdysady we durmuş geografiýa hojalygy ýerleşdirmekde, ony ösdürmekligiň tärlerini işläp düzmekde uly ähmiýete eýe bolýar. Ir döwürlerden bäri dünýäniň hojalygyny ösdürmekde, daşary ykdysady gatnaşyklary guramakda we gowulandyrmakda, syýasaty kämilleşdirmekde bu ylmyň örän uly ähmiýeti bolan. Häzirki wagtda-da döwletiň çägindäki islendik ýerli-önümçilik toplumlar bilen gyzyklanýan edaralara, kärhanalara barlaglar netijesinde maglumatlar taýýarlanylýar. Ol maglumatlar döwletiň çagindäki ykdysady, medeni gurluşyklary meýilnamalaşdyrmakda, dolandyrmakda we daşary döwletler bilen ykdysady, syýasy gatnaşyklary gowulandyrmakda ulanylyp biliner.

Durmuş we ykdysady geografiýa degişli habar beriji(Informasiýalar) maglumatlar ýurduň çäginde ýaşaýan raýatlaryň dünýägaraýşyny ösdürmek üçin ähmiýetlidir. Bu ders hökmünde orta, ýokary okuw mekdeplerde ýaşlara öwredilende onuň terbiýeçilik we watansöýüjilik ähmiýeti

örän uludyr. Tebigy baýlyklara ykdysady geografiýa taýdan baha bermeklige köp ylmy işler bagyşlanan. Şol ýazylan ylmy işleriň içinde I.W.Komaryň (Рациональное использование природных ресурсов и ресурсные циклы. M., 1975, 212 s.), E.W.Lopatina we O.P.Hazarewskiniň (Оценка природных условий в жизнии населения. M., 1972, 148 s.), A.A.Minsiň (Экономическая оценка естественных ресурсов. M., 1972, 303 s.), G.W.Sdasýugyň (Индия. M.,1975, 368 s.), N.G. Ignatenko bilen W.P.Rudenkonyň (Природно-ресурсный потенциаль территории: географический анализ и синтез.. Lwow,1986, 163 s.), E.A.Nowikowyň, I.Ýa.Blehsiniň (Минерально-сырьевой потенциаль. Освоение и рациональное использование. L., 1987, 96 s.) we başgalaryň işlerini görkezmek bolar.

Islendik sebitde hojalyk pudagy, ýol, şäher gurlanda tebigy şertlere we baýlyklara ykdysady geografiýa nukdaý nazardan baha bermeklik zerur. Tebigy baýlyklara baha berlende mukdary we hili boýunça baha berýärler. Hili boýunça baha berlende örän gowy, ýaramly, ýaramsyz diýen sözler, ölçeg hökmünde ulanylýardy. Mukdary boýunça- tonna, sentner, kubometr, kub kilometr ýaly ölçegler kabul edilen. Bular ýönekeý usullardyr.

ysady taýdan özüne düşýän gymmat Tebigy baýlyklaryň içinde ýer oba hojalygy, esasan hem ekerançylygy alyp barmak üçin zerur serişde bolup durýar. Ýerleri ýyllyk öndürijiligi boýunça (toprakda çüýrüntginiň, ösümligi iýmitlendiriji jisimleriň -azodyn, fosforyň, kaliniň, kalsiniň möçberi, çüýrüntgili gatlagyň galyňlygy, topragyň düzlulygy, turşulygy boýunça) ykdysady taýdan baha berýärler. Şu görkezijiler boýunça özleşdiriljek ýerlere berilmeli göşmaça mineral we organiki dökünleriñ möçberi, ekilmeli ýerleri kesgitlenilýär.

Tokaý baýlyklary dikeldip bolýan tebigy baýlyklara degişli. Olar uzak ýyllaryň dowamynda emele gelýärler. Ekilen agaçlar biziň şertlerimizde 40-45 ýylda senagat ähmiýetli bölup ýetişýär. Olara baha berilende örtýän meýdany, agajýn möçberi (1 gektarda kubometr hasabynda), hili ( ösýänleriň görnüşi), ulanyş mümkinçiligi (gorag tokaýlary, goraghanadaky tokaýlar, giň meýdany tutýan çapmak üçin niýetlenen tokaý) göž oňüne tutylýar. Öri meýdanlara ykdysady taýdan baha berilende mal iýmiti otlaryň möçberine, ýeriniň üstüniň gurluşyna, suw bilen üpjünçilik ýagdaýyna seredilýär.

Suw baýlyklara onuň möçberi, hili, ulanmak mümkinçiligi boýunça ykdysady geografik baha berilýär. Suw çeşmeleri (derýalar, akarlar, ýerasty suwlar) gämi gatnawy, elektrik energiýa almak, balyk tutmak, dynç almak we kesel bejermek üçin ulanýarlar.Tebigy baýlyklara ykdysady geografiýa taýdan baha bermeklik olary hojalykda rejeli ulanmaga mümkinçilik berýär,

## 26. Geografiýa ylmynyñ tebigat we tejribe esaslary

Halk hojalyk pudaklarynyň ýerleşişine, ösüşine dürli jemgyýetçilik, tebigy we jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky kanuny gatnaşyklar täsir edýärler. Jemgyýetçilik we tebigat kanunlarynyň arasynda esasy orun ykdysady kanunlara degişlidir. Sebäbi, önümçiligi ýerlerde ornaşdyrmakda W.D.Kamaŷewiñ(1997), W.A.Medwedowyñ, L.I.Abalkiniñ we beŷlekileriñ (1989) we awtoryñ(2003) pikirlerine görä esasan ykdysady kanunlar höküm sürýärler. **Tebigy kanunlar şol ýagdaýlarda doly ýüze çykmaýar. Olar gönüden-göni önümçiligiň ýerleşdirilişine täsir etmän kanunalaýyk, ýörelge, şert hökmünde ýüze çykýarlar.**

**Hojalyk kärhanalarynyň ýerleşdirilişinde wagt tygşytlama taglymaty** esasy orny eýeleýär. Islendik kärhana (zawod, fabrik we ymaratlar) tiz gurulsa we işlämäge başlasa

ol tiz wagtyň içinde çykdajylaryny ödeýär. Hojalyga peýda getirip başlaýar. Ykdasyýetiň “Bagt tygşytlama taglymatyna” döwletimiziň hojalyk işlerinde Garaşsyzlygyñ ilkinji ŷyllaryndan başlap uly üns berilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda Aşgabatda we welaýatlarda gurulýan ymaratlar, senagat kärhanalary daşary ýurt hünärmenleriniň ýardam etmegi bilen şertnama esasynda tiz wagtyň içinde gurulýar. Gurulýan ymaratlar we senagat kärhanalary dünýä ülňülerine laýyk gelýärler. Olar häzirki zaman tehnologiŷasy bilen üpjin edilŷär.

Ykdysadyýetiň esasy ýörelgeleriniň biridir. Uly senagat kärhanalar (metallurgiýa, himiýa, nebit arassalaýan zawodlar) bilen ugurdaş kömekçi kärhanalaryň gurlşygy hem alnyp barylýar. Gurulýan senagat kärhanalaryny entek önüm öndürmäge ýetişmänkä dürli zawod, fabrikler bir ýere jemlenip başlaýar. Meselem: haýsy-da bolsa bir uly önümçiligiň esasynda goşmaça kärhanalar emele gelýärler. Önümçilik kärhanalary bir-birine garaşly bolanlygy sebäpli bir ýere jemlenmeli bolýarlar. Mysal üçin, metallurgiýa, nebit arassalaýjy, himiki zawodlaryň esasynda birnäçe goşmaça zawodlar we fabrikler gurulýar. Olara hyzmat edýän gurluşyk, ulag, energiýa, suw, çig mal bilen üpjün edýän, aragatnaşyk we durmuş hyzmaty (jemgyýetçilik iýmiti, söwda-satuw, saglygy saklaýyş we ş.m.) kärhanalary döredilýär. Şeýlelik-de, esasy bir, ýa iki sany senagat kärhananyň esasynda önümçilik we olara hyzmat edýän birnäçe kärhanalar bir ýere jemlenýär. Netijede, kärhanalar toplumy döreýär, önümçilik bir ýere, bir şähere toplanýar. Şeýle bolanda döwlet we firma üçin ykdysady taýdan amatly bolýar. Soňra ikisine-de uly peýda getirýär.

Durmuşda we ykdysadyýetde aýratyn hem bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde höküm sürýän esasy taglymatlaryndan biridir. Bu taglymat haryt öndürijiler bilen jemgyýetçilik zähmedini höweslendiriji we paýlaýjy kanunyň arabaglanşygyny sazlaýar. Öndürlen harytlary satmak we

çalyşmak, olaryň gymmatyny: sarp edilen işçi güýji, olaryň aýlyk haky, ýangyç, çig-mal, energiýa, suw çykdaýjylary, işçileriň durmuş goragy üçin çykarylýan, esasy ymaratlaryň we serişdeleriň ulanylýanlygy üçin, ulag we beýleki çykdaýjylary bilen ölçeýärler. Islendik önüm öndürilende onuň özüne düşýän gymmaty sarp ediş gymmatyndan, ŷagny bazardaky nyrhyndan pes bolmalydyr. Şu ŷagdaŷda önüm öndürŷän kärhana girdejili bolŷar. Şeýle ýagdaýda önümçilik kadaly dowam edip bilýär. Bolmasa, önüm öndürmek gymmat bolup, ol kärhana wagtyň geçmegi bilen batýar, ykdysadyy taýdan tozýar, ahyrynda ýapylmaly bolýar.

Ösýän döwletleriň hojalygynyň bazar ykdysadyýetine geçýän döwründe esasy üns berilýän kanun hasaplanylýar. Şonuň üçin döwletimiziň etraplarynda, daýhan birleşiklerinde kärendeçiler we mülkdarlar bilen döwlet ŷolbaşçylary duşuşanda ilkinji gyzyklanylýan meseleleriñ biri, olaryň öndürýän önümleriniň özüne düşýän gymmaty. Önümiň özüne düşýän gymmaty näçe pes, hili ýokary bolsa, hojalygyň rowaçlygy şonça-da beŷgelŷär.

Dünýä tejribeliginden görnüşi ýaly islendik döwletde öndürilýän harytlar wagtynda satylyp, bahasy yzyna gaýdyp barsa, önümçilik ösýär. Pul dolanşygy ilkibada adamlar arasynda içki bazarda, söwda guramalarynyň arasynda, soňra bank ulgamynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Döwletde önümçiligiň üstünlügi bank ulgamynyň dogry işleýşine bagly bolýar. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynýň ilknji ýyllaryndan başlap ýurdumyzda bank ulgamyny gurmaga, olaryň işini kämilleşdirmäge uly üns berildi. Döwletimiziň ähli welaýatlarynda, etraplarynda häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilen dürli banklar işleýärler. Bu öz gezeginde döwletiň çäginde kärhanalaryň, edaralaryň arasynda pul aýlanşygyny çaltlandyrmaga we gysga wagtda ykdysadyýetimiziň çalt ösmegine uly ýardam etdi. Ykdysadyýeti yzygiderli ösdürmek üçin döwletde banklaryň takyk işlemegi zerur.

Döwletiň ykdysadyýetiniň, durmuşynyň we medenýetiniň ösmeginde esasy taglymatlaryň biri. Önümçiligiň maksada laýyk we endigan ýerleşmeginde we ösmeginde tebigy şertler, baýlyklar öz täsirlerini ýetirýärler. Daglar, çöller, suw giňişlikleri, köp ýyllyk doňaklyklar ilatyň endigan ýerleşmezligine sebäp bolýarlar. Aýratyn hem ösýän döwletlerde tebigy şertler we baýlyklar(klimat ýagdaýy, ýer-suw, gazma baýlyklar) ýeterlik bolmasa milli ykdysadyýet birbada haýal ösýär. Türkmenistan tebigy şertlere we gazma baýlyklara baý döwlet. Şol sebäpli döwletimizde tebigy çig-mal baŷlyklary, oba hojalyk önümleri işleŷän senagat kärhanalary tiz wagtyñ içinde döredildi. Ol kärhanalar döwlet we raŷatlar üçin uly girdejiler getirŷärler.

Döwletimizde täze ýerler özleşdirilýär. Ol ýerlerde ilata mellek we mülk ýerler berilýär. Şol özleşdirilýän ýerlere ilatyň göçüp barmagy üçin oňat şertler we ýeňillikler döredilýär. Bu “Täze oba” syýasaty döwletimizde önümçiligi maksada laýyk we endigan ýerleşdirmeklige, döwletimiziň azyk howpsuzlygyny çözmäge mümkinçilik berýär. Islendik döwletiň çäginde önümçilik kärhanalary yzygider we endigan ýerleşdirilse onuň ösmegi üçin gowy bolýar.

Bu taglymat döwletleriň köpüsine mahsus. Islendik döwletde hojalyk bir taraplaýyn ösdürilse, galan zerur harytlary daşary ýurtlardan getirmeli bolýar. Munuň özi döwlete ykdysady taýdan gymmat düşýär. Halkyñ gündelik sarp edŷän önümlerini döwletiñ çäginde öndürmeklik maksada laŷykdyr. Şonuň üçin ykdysadyýeti köptaraplaýyn ösdürmek zerur bolýar. Türkmenisatan Soýuzyň düzümindekä ykdysadyýetimiziň oba hojalygyna (pagtaçylyga, garakölçilige) we nebit-himiýa senagatyna esasy üns berilýärdi. Onuňam esasy sebäbi Merkeze pagta, bagana, nebit we tebigy gaz çig-mal hökmünde gerekdi. 1924-1991-nji ýyllar aralygynda döwletimizde soýuz we döwlet ähmiýetli ýekejede zawod, fabrik gurulmady. Garaşsyzlygymyz yglan edienden soň birbada hojalygy

dolandyrmak aňsat düşmedi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda, öñ belläp geçişimiz ŷaly, “10 ýyl abadançylyk”, “Galla”, “Täze oba”, “Nebit-gaz” we ençeme syýasatlar, maksatnamalar durmuşa ornaşdyrylyp başlandy. Garaşsyzlyk ýyllarynyň içinde ýüzlerçe zawod-fabrikler, halkara gara we demir ýollar, turbageçirijiler guruldy. Ykdysadyýeti köptaraplaýyn ösdürmeklige girişildi.

Ykdysadyýetiň hemmetaraplaýyn özara baglanyşykly ösüşi taglymaty islendik döwletiň durmuşynda hojalygy ösdürýän esasy taglymat hasaplanylýar. Döwletiň çäginde önüm öndürýän senagat, oba hojalyk kärhanalary bir-birleri bilen tilsimat ulgamlary boýunça baglanyşykly. Ol baglanyşyk üzülen wagty önümçilik togtaýar, önüm öndürilmeýär. Galan wagtlar olaryň hemmesi bir-biri bilen önümçilik arkaly hyzmatdaşlykda bolýarlar. Köp sanly oba hojalyk önümleri senagat kärhanalaryna çig-mal bolup hyzmat edýärler. Öz gezeginde oba hojalyk kärhanalary senagatdan zähmet gurallaryny, dürli maşynlary, mehanizmleri, mineral dökünleri, mör-möjeklere garşy ulanylýan zäherleýji maddalary we başga serişdeleri alýarlar.

Dünýäniň ösen döwleterinde önümçilik serişdelerine hususy eýeçilik ir döwürlerden bäri höküm sürýär. SSSR-de we öňki sosialistik döwletlerde önümçilik serişdeleri döwletiň elindedi. Bu ýagdaý durmuşda, tejribede özüniň iş başarmaýanlygyny görkezdi. Sebäbi, önümçilik serişdeleri zawodlarda, fabriklerde könelse-de wagtynda çalşylmaýardy. Ýyl geçdigiçe olar könelýärdi, öndürijiligi peselýärdi. Öndürýän önümleriň hili pes bolup, döwletiň çäginde-de halkyň islegini ödemeýärdi. Häzirki wagtda dünýäniň aglaba döwletlerinde önümçilik serişdeleri hususy eýeçiligiň elinde jemlenen. Garaşsyzlygymyzyň ilknji ýyllaryndan başlap öňki bar bolan senagat kärhanalaryň durkuny täzelemäge, olary täze tilsimatlar bilen çalyşylmaga girişildi. Bütindünýä ülňüne gabat gelýän täze kärhanalar döredilŷär.

Türkmenistanda hem garaşsyzlyk ŷyllarynda önümçilik kärhanalary hususy eýeçilige berilip başlanyldy. Häzirki wagtda durmuş hyzmaty kärhanalarynyň köpüsi hususy eýeçilikde. Döwlet maksatnamasyna laýyklykda senagat kärhanalary hususy eýeçilige ýuwaş-ýuwaşdan beriler. Bu meseläniň gijikdirilýänliginiň sebäbi raýatlaryň maliýe ýagdaýlary göz öňüne tutulýar. Hususy senagat kärhanalary döretmeklikde döwlet möçberinde giň ýol açyldy. Hemme welaýatlarda, etraplarda dürli senagat önümlerini öndürýän hususy kiçi zawodlar we fabrikler işleýärler. Olar dürli önümleri öndürýärler.

Öñ belläp geçişimiz ýaly, Türkmenistanda ähli welaŷatlarda önümçilik kärhanalary hususy eýeçilige berilýär. Oba hojalykda ýerler hususy eýeçilige paýlanylýär. Oba hojalykda hususy haryt öndürijileriň sany 2006-njy ýylda 2800, şahsy kömekçi hojalyklaryñ—631100, bagçylyk üçin berlen ŷerleri bolan hojalyklaryñ sany 38300-e ŷetdi. Olar oba hojalygyň jemi önüminiň esasy bölegini öndürýärler. Önümçilik kärhanalary, zawodlary, fabrikleri hususy eýeçilige bermeklik ýuwaş-ýuwaşdan amala aşyrylýar.

Adamzat ýer togalygynda peýda bolany bäri ähli meŷdan-çäklerde zähmet bölünişigi bar diýsek ýalňyş bolmasa gerek. Bu taglymatyň döreýşiniñ, emele gelşiniñ köp sebäpleri bar. Geografiki zähmet bölünişigi tebigy şertlere, taryhy ýagdaýlara, ilatyň sowatlylyk derejesine, başarnyklaryna, zähmet endiklerine we başga-da birnäçe sebäplere bagly. Her bir maşgaladan başlap dünýäniň ähli döwletlerine mahsus taglymat hasaplanýar. Geografiki zähmet bölünişigi aýratyn alynan maşgala, oba, şäherçä, şähere, etraba, welaýata, döwlete we döwletler toplumyna häsiýetli.

Bazar ykdysayýetine geçiş döwründe islendik döwletiň we şol sanda Türkmenistanyň milli hojalygyna dünýä ykdysadyýeti öz täsirini ýetirýär. Milli ykdysadyýetlere garanda dünýä hojalygynyň hem özboluşly meseleleri bar.

Ýerlerdäki, döwletlerdäki, sebitlerdäki geografiki zähmet bölünişigi dünýä hojalygynyň zähmet bölünişiginiň özeni bolup durýar.

Häzirki zaman şertlerinde halkara zähmet bölünişigi döwletleriň çägindäki zähmet bölünişigine öz täsirini ýetirýär. Halkara zähmet bölünişiginiň esasynda ykdysadyýet halkara we bütindünýä häsiýete eýe bolýar. Oňa esasan 2 topar şertler täsir edýär: halkara hyzmatdaşlyk (milli hojalygyň ýakynlaşmagy sebäpli) we döwletara önümçilik toplumynyň döredilmegi bilen döwletara guramalary emele gelýärler. Döwletara korporasiýalar dürli döwletlerdäki milli hojalyklary diňe bir geografiki görkezijileri boýunça däl-de, eýsem has çuňňur ýöriteleşmegi we önümçiligiň jebisleşen özara baglanşygy (kooperasiýasy) esasynda birleşdirilýär. Geografiki zähmet bölünşigi esasynda dünýäniň döwletleriniň arasynda haryt alyş-çalyş, satuw işleri amala aşyrylýar we bütindünýä hojalygynyň bir bölegi hökmünde Türkmenistan Altyn Asyryň “Galkynyşlar we özgertmeler” zamanasynda dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşulmak üçin onuň zähmetkeş raýatlary jan edýärler. Önümçilik kärhanalary, döwletler öz öndürýän önümlerini diňe bir özleri üçin däl, eýsem goňşy döwletler üçin hem öndürýärler. Türkmenistan hem şu önümçilik baglanyşygyna girýär.

Esasy ykdysady, ykdysady we durmuş geografiki taglymatlaryň biri hasaplanýar. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak üçin önüm öndürlişini köpeltmek şerti bilen önümçilik ulgamynda girizilýän islendik zerur çig malyň we baýlygyň sarp edilşini azaltmagyň usullaryny tapmak ýeterlik. “Zähmediň ýönekeýleşdirilmegi, ýa-da zähmediň ýörüteleşişini ýokarlandyrmagyň usulyny tapmak we çalt hereket edýän gurnama awtomaty oturtmak netijesinde öndürijilik ýokary galar” - amerikan menejerleriniň öndürijilik meselesine çemeleşişleri şeýle bolupdy.

Bu taglymat, “has ýokary aýlyk haky gowy zähmet çekmäge mydama höwes döredýär” diýilýän kesgitleýji

taglymat hökmünde uzak taryhy döwür üçin ykrar edilipdi. Käbir amatly şertleriň täsir edenligi tilsimatlaryň, ýygnaýjy ulgamlaryň beýlekiler bilen deňeşdirilende täzeligi we zähmediň ýörüteleşişiniň ýokary derejede bolmagy netijesinde amerikanyň senagatynda önümçiligiň yzygider ösüşine köp ýyllaryň dowamynda gözegçilik edip bolýardy. XX asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda amerikanlar köp sanly ýapon söwdagär kärdeşlerinden we bäsdeşlerinden yza galyp başladylar. Köp sanly amerikan senagat kärhanalaryna seredende, ýapon senagatynyň bir artykmaçlygy , ýapon ýolbaşçylarynyň edarany dolandyrmak meselesine has giňişleýin garaýşy bilen tapawutlanypdyrlar. Amerikan kärdeşlerine garanda ýapon menejerleri önümçiligiň we peýdanyň möçberiniň aşak gaçyşynyň çözgüdini tapmaklyga howlukmaýarlar. Önümçiligiň möçberini ýokary galdyranyň öndürijiligi ýokarlandyrmaýandygyna onuň ýerine önümiň hilini ýokary galdyrmaklygyň zerurdygyna olar düşünipdirler. Bu ýerde sebäp ýeke – oňat dolandyryş gerek. Hil-konsepsiýasy(taglymaty) – bu umumy öndürijiligiň esasy zerur görkezijisi bolup, köptaraply ulgamlaýyn çemeleşmegiň zerurdygyny aňladýar. Ýolbaşçylar kärhanalarynyň öndürijiligine baha berenlerinde ýygy-ýygydan göýberýän ýalňyşlyklary, olar diňe önümiň möçberine seredýärler. Öndürijiler köplenç önümiň möçberine gyzyklanyp önümiň hil meselesini inkär edýärler. Ýapon menejerleri amerikan biznesmenlerine garanyňda önümiň hiline köp üns berýärler. Hil içki we daşky görnüşi boýunça düzümlere bölünýär. Önümiň hiliniň içki düzümi – hyzmat ediş möhleti, kemçiligiň ýoklugy, tehniki häsiýetnamasy, ýerine ýetiriliş derejesi we dizaýn. Hil häsiýetnamasyna degişli zatlar: ygtybarlygy, ýokary hilliligi we çalt hyzmat edip bilýänligi, harydyň elýeterlik bolmagy we bahasynyň aşaklygy. **Nyrh** – bu harydyň degişli ulanyş häsiýetnamasy we bahasy. Harydyň hili hut nyrhy kesgitleýär. Zähmet öndürijiligi artdyrmaklygyň esasy

şertleriniň biri hili gowulandyrmakdyr. Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe Türkmenistanda zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy dünýäniň ylmy-tehniki ösüşiniň gazanan üştünliklerini önümçilikde ornaşdyrýanlygy bilen baglanşyklydyr. Bütin dünýä maddy we ruhy medeniýetiniň we jemgyýetçilik önümçilik gatnaşyklaryň ösmegi bilen adamzat elmydama önümçilikde zähmet öndürijiligini artdyrmak üçin alada edipdir. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanda dünýä ülňüne gabat gelýän täze tilsimatlaryň ulanmagy mynasybetli, senagat we oba-hojalyk kärhanalarynda önüm öndürmek üçin ulanylýan ilkinji çig mallaryň we olardan öndürilýän taýýar önümleriň hiline esasy üns berilýär.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisleri geçirilende ministrlikleriň, olaryň bölümleriniň önüm öndürýän we önümçilik däl kärhanalaryň ýolbaşçylary bilen bolýan duşuşyklarda ýolbaşçylaryň we kärhanalary dolandyryjylaryň edýän işlerine uly üns berilýär. Önümçiligi we kärhanany dolandyrmak zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak boýunça degerli maslahatlar berilýär. Öndürilŷän önümleriň hilini gowulandyrmak hakda meselä uly üns berilŷär.

Garaşsyz we Baky Bitarap Türkmenistanda önümçiligi ýerleşdirmekligiň kanunalaýyklyklary Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan onuň, “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020 –nji ýyla çenli döwür üçin” Milli Maksatnamasynda döwletimiziň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini düýpgöter üýtgetmek barada meseleler goýulýar. Uly göwrümli şol maksatnamalar islenilip düzülende döwletimiziň tebigy, durmuş – ykdysady , demokratiki özboluşlylygy, hem-de Türkmenistanyň welaýatlarynda , etraplarynda senagat, oba-hojalyk, ulag kärhanalary

ýerleşdirmekligiň zerur kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri we şertleri göz öňüne tutulan.

Bu kanunalaýyk wagt, serişde, zähmedi tygşytlamak esasynda hojalyk pudaklaryny ýerlerde maksada laýyk ornaşdyrmak we olaryň arasyndaky önümçilik gatnaşyklary peýdaly gurnamak arkaly hojalyk kärhanalaryň ykdysady düşewüntliligini gazanyp bolýar. Gurlan kärhana (zawod, fabrika) özüne çykarylan çykdajylary tiz wagtyň içinde ödemegi we gowy hilli önüm öndürmegi başarsa, onda ol ykdysady taýdan düşewüntli hasaplanýar. Senagat kärhanasynda öndürilŷän önümiñ düşewüntliligini ŷokarlandyrmak üçin önümiñ öndürilmegine sarp edilŷän harajatlary azaltmak zerurdyr. Önüm öndürilende çig maly çuññur işlemek, elektrik energiŷany tygşytlamak, suwy köptaraplaŷyn peýdalanyp onuñ ulanyş möçberini azaltmak, önümiñ hilini gowulandyrmaklyga üns bermek zerurdyr. Ilatyň we öndüriji güýçleriň yzygider ösýänligini, olaryň senagat, oba hojalyk önümlerine bolan islegini kanagatlandyrmak, hem-de tebigy şertleri we baýlyklary, etraplarda, welaýatlarda işe ukyply adamlary rejeli peýdalanmak üçin zerur hasaplanylýar.

Ykdysady sebitleriň, welaýatlaryň, etraplaryň, şäherler bilen obalaryň ykdysady, medeni ösüş derejesini ýokarlandyrmak olaryň arasyndaky bar bolan uly aratapawutlary ýok etmek. Bu kanunalaýyk Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan başlap ykdysady ösüşiň dürli maksatnamalary düzülende hasaba alyndy. Obalar, şaherler tebigy gaz bilen üpjün edildi. Welaýatlarda, etraplarda senagat kärhanalary, gara we demir ýollary, medeni-durmuş edaralaryny gurmaklyk başlandy. Ýerli pagta hasylyny ulanmak bilen ähli etraplarda häzir pagta arassalaýjy zawodlar, dokma kärhanalary, däne saklaýan ammarlar we olary üweýän degirmenler, azyk senagat pudaklary döredildi. Obalarda, şäherçelerde, şäherlerde medeni-durmuş, hyzmat ediş gulllugy, söwda kärhanalary guruldy. Ýylsaýyn obalaryň,

şäherleriň arasyndaky ykdysady, medeni, durmuş aratapawutlar aýrylýar. Bu işlere ýurduň Prezidentiniň ýolbaşçylygy esasynda ýerli häkimýet wekilleri gözegçilik edýärler.

Önümçilik kärhanalary çig-mal çeşmelerine, ýangyja, energiýa, durmuş hyzmaty kärhanalaryna, ylmy-barlag edaralara, işe ýaramly ilatyň we hünärmenleriň bar ýerine, öndüriljek önümiň sarp ediljek ýerine golaý ýerleşdirmek. Çig mal çeşmelerine, ýangyç – energetiki baýlyklara taýýar önümiň sarp ediljek ýerlerine, ulag, durmuş, medeni, ylym edaralara önümçiligiň ykdysady taýdan esaslandyrylyp ýakyn ýerleşdirilmegi milli ykdysady ösüşiň netijeliligine uly ýardam edýär. Ýurdumyzda gurulŷan zawodlar, fabrikler çig mal çeşmelerine, önümiñ sarp ediljek ŷerlerine golaŷ gurulŷar. Senagata gerekli çig mallary, taýýar önümleri peýdasyz uzak aralyklara daşamaklygy kemeltmek we aradan aýyrmak kärhananyň ykdysady düşewintliligini we zähmet öndürijiligini ýokary galdyrmak üçin bu has delillendirilen kanunalaýyk hasaplanýar. Şunuň üçin azyk, ŷeñil, gurluşyk we beŷleki senagat kärhanalary öndürýän önümleriniň sarp edilýän ýerlerinde ýerleşdirilýär.

Önümçilik kärhanasy gurlanda goňşy döwletleriň we halkara ykdysady guramalaryň hem islegleri göz öňüne tutulmaly. Islendik döwletde önümçilik kärhanasy gurlanda onuň önüminiň belli-bir bölegi öz içinde sarp edilse, galan bölegi daşary döwletlere çykarylýar. Şeýle ýagdaýda kärhananyň kuwwalylygy göz öňüne tutulanda daşarky söwdany hem ýatdan çykaryp bolmaýar. Eger çig-mal çeşmesi, kärhananyň işlemegi üçin tilsimatlar we ykdysady mümkinçilikler bar bolsa, öndürilýän önümiň bir bölegini daşary ýurtlara, döwletiň hyzmatdaşlyk edýän ykdysady guramalaryna çykarmak zerur. Şeŷle edilende ykdysady kärhananyñ düşewüntliligi artŷar. Goñşy döwletler bilen aragatnaşyk göwulanŷar. Ykdysady gatnaşyklar halklaryň, döwletleriň arasyny jebisleşdirýär.

Ykdysadyýeti ösdürmekligiň esasy ýörelgeleri döwletde alnyp barylýan ykdysady we syýasy ýagdaýlara görä olar üýtgäp durýarlar. Ol ýörelgeler käbir döwletler üçin ähmiýetli beýlekiler üçin peýdasyz bolmagy mümkin. Olar käbir wagtda zerur, käbir döwürlerde dereksiz hem bolmagyda ähtimal. Garaşsyz we Baky Bitarap Türkmenistanda ykdysadyýeti ösdürmekde şu aşakdaky ýörelgeler hereket edýärler.

**Döwletiň çäginde ýaşaýan halklaryň ykdysady, maddy, durmuş hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak.** Dünýäniň köp döwletlerinde, şol sanda biziň döwletimizde hem esasy ýörelge halkyň ykdysady, maddy, durmuş-hal-ýagdaýyny gowulandyrmak meselesi Türkmenistanyñ Hormatly Prezidenti G.Berdimuhamedowyñ “Döwlet- halka hyzmat etmelidir” diýlen şygary esasynda alnyp barylýar. Bu ýurtda alnyp barylýan ykdysady özgertmeleriniň özeni hasaplanýar. Ýurdumyzda Türkmenistanyñ halkyna elektrik energiýany, tebigy gazy, nahar duzyny, mugt bermekligiñ möhleti 2020-hji ýyla çenli uzaldyldy. Obalarda we şäherlerde hususy jaý gurýanlara, obalarda hususy oba hojalyk tehnikasyny edinmek isleýän daýhanlara 30 ýyllyk möhlet bilen karz pul berilýar.

**Döwletiň çäginde ykdysady taýdan gowşak ösen ýerlerde täze önümçilik we önümçilik däl kärhanalary gurmak.** Bu ýörelge boýunça biziň ýurdumyzda köp işler amala aşyrylýar. Türkmenistanyñ Prezidenti G.Berdimuhamedow 2007-nji ŷyldan başlap ŷurdumyzyñ çetki etraplarynda(Esenguly, Ruhubelent, Döwletli, Altyn sährа we beŷlekiler) ykdysady, medeni taŷdan ösdürmekligiñ uly möçberli Maksatnamalaryny işläp düzdi. Ol Maksatnamalar köpçulikleŷin durmuşa geçirilmäge başlanyldy. Ykdysady taýdan gowşak ösen etraplara demir we gara ýollar çekilýär. 2010-2020-nji ýyllara çenli ol ýerlerde täze senagat, oba hojalyk, ulag, durmuş hyzmaty kärhanalary gurmaklyk niýetlenilýär.

Önümçiligi ýerlerde ornaşdyrmaklygyň şertleri köp döwletler üçin dürli-dürli, emma käbir umumylyklar hem bar. **Tehniki-ykdysady şertler.** Döwüre, asyra görä tehniki, ykdysady şertler üýtgäp durýar. Ylmyň-tehnikanyň ösmegi bilen önümçilik kärhanalary ýerleşdiriş şertleri üýtgeýär. Ykdysadyýetde ýokary netijeleri gazanmagyň esasy şertlerinden biri önümçilikde belli-bir wagt aralykda tilsimatlary çalyşmaly bolýar. **Senagat kärhanalary ýerleşdirmeklige tebigy şertler we baýlyklar täsir edýär.** Önümçilik kärhanalary (zawody, fabrigi) düz, ýerasty suwlaryň has aşakda ýerleşen ýerlerinde gurulsa ykdysady taýdan arzan bolýar. Senagatyň ýerleşmegine belli-bir dereje-de ýerüstüniň gurluşy, klimat hertleri we zähmet baŷlyklary hem täsir edýärler. Oba-hojalyk ekinlerini ekmek üçin täze ýerleri özleşdirilende klimat, ýer, suw aýratynlyklaryny göz-öňüne tutmaly bolýar. **Durmuş şertler.** Täze özleşdirilen ýerlerde senagat kärhanalary gurlanda durmuş gullugy: medisina, söwda, aragatnaşyk, bilim ulgamlary, ýollar, suw we gaz geçirijiler, elektrik energiýa we aragatnaşyk ulgamlary gurulýar. Ýaşamak üçin amatly şertler döredilmese ilaty täze özleşdirilen ýerlere göçürip eltmek añsat düşmeýär. **Ýangyjy, elektrik energiýany köp talap edýän kärhanalary** olaryň çeşmelerine ýakyn ýerleşdirmeli bolýar. “Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli baş ugry“ Milli Maksatnamasyna laýyklykda Mary şäherinde alýuminiý, galaýy we gara metallurgiýa zawodlaryny gurmak göz öňüne tutulýar. Bu zawodlar Mary GRES-ine we ol ýerde ýerleşen instituta golaý ýerleşdirilýär. Gurulmasy göz öňüne tutulŷan zawodlar elektrostansiýadan energiýa, institutdan hünärmenleri alarlar.

Umuman, önümçiligi ýerleşdirmekligiň taglymatlary, kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri we şertleri berjaý edilse, olar diňe döwlete ykdysady, syýasy, durmuş taýdan peýda getirýär. Olar döwletiň ykdysady, durmuş

taýdan ösmekligine, halkynyň bolçulykda we rahat durmuşda ýaşamaklygyna ýardam edýär.

## 27. Geografiýa ylmynyñ usulyýetiniñ ähliumumy usulýetden tapawudy

Islendik ylymda barlanyljak, öwreniljek meýdan-çäk(Territoriýa) belli edilenden soň barlag işlerine başlanylýar. Ykdysady-geografiki barlaglar geçiriljek bolnanda öwreniljek meýdanyň çägindäki tebigy baýlyklar, bar bolan senagat kärhanalary, ilat mesgenleri, ýollar we aragatnaşyk, durmuş hyzmaty ulgamlar hasaba alynýarlar. Ilatyň sanynyň artmagy, ykdysadyýetiň, durmuşyň, medeniýetiň ösmegi bilen täze senagat, medeniýet, durmuş hyzmaty kärhanalary döredilýärler. Umuman alanda jemgyýetçilik önümçiligi we bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde hususy kärhanalarda haryt öndürilişi elmydama üýtgäp durýar. Şol sebäpli Ykdysady we durmuş geografiýada ýerli hojalyk toplumlary mydama hasaba alyp durmaly bolýar. Barlag geçirmekligiň ilkinji basgançagy göz öňüne tutulan ylmy işe degişli hakyky maglumatlary ýygnamaklykdyr. Ylmy işde bellenilen meýdan-çäk barada ýazgylary, kartografiki maglumatlary jemlemekden başlanylýar. Ýygnalylan maglumatlaryň esasynda öwreniljek meýdan-çägiň ykdysady-geografik ýerleşişine, zähmet we tebigy baýlyklaryna, oba hojalyk ýerlerine, öri meýdanlaryna, ilatyň ýerleşişine, önümçilik kärhanalaryna ykdysady-geografik seljerme berilýär. Bu maglumatlar öwrenilýän meýdan-çäkde ilatyň we önümçiligiň ýerleşişine ykdysady-geografik baha bermek üçin gerek bolýar.

**Edebiýat bilen tanyş bolmak we maglumat ýygnamak usuly.** Ykdysady we durmuş geografiýadan islendik ylmy we amaly p meseläniň üstünde işlemekçi bolnanda berlen ýumuşa görä, ilki şol ugurdan ýazylan teoretiki we tejribe ylmy işler bilen tanyş bolmak örän zerur

hasaplanylýar. Ony ilki D.Azady adyndaky milli, ýa-da welaýat merkezlerindäki kitaphanalardan başlamaly bolýar. Öz meseläň, ugruň boýunça ýazylan, şol kitaphanalarda jemlenen, edebiýatlaryň sanawyny düzmeli. Sanawy ýazylanda ylmy işi ýazan awtoryň ady, atasynyň ady, ylmy işiň ady, çap edilen şäheri, çaphananyň ady, çykan ýyly, göwrümi (sahypa sany), kitabyň okalgadaky bellik edilen nomeri hem görkezilýär. Çykarylan ylmy işleri okap, gerekli ýerlerini, sahypasyny görkezip, özüňe aýratyn deptere, kitapça ýazyp almaly. Sebäbi şol ýazylan zatlary soň ýyllyk, diplom, dissertasion, ýa-da ylmy iş ýazanyňda taýýar maglumat hökmünde gerek bolýar. Hünärmeniň iş ýerinde kompýuter ulgamy bolup, ol internete çatylan bolsa, internet boýunça gerekli ylmy işleri diskete göçürip alyp bolýar. Degişli edebiýatlar bilen tanyş bolanyňyzdan soňra etjek işiň mazmunyny (planyny), maksatnamasyny düzmeli. Işiň mazmunynda saýlanyp alnan tema degişli ähli soraglar goşulýar. Maksatnama düzülende işiň mazmunyndaky soraglaryň haçan ýerine ýetiriljekdigi, güni, aýy, ýyly görkezilýär. Ýerine ýetirjek bolýan işiň öňki edilen işlerden tapawutlanýan bolmaly. Öňki barlagçylaryň ýerine ýetirip bilmedik meselelerini goşmaly. Ýazýan işiň mazmuny boýunça häzirki zamanyň, döwrüň we öwrenýän meýdan-çägiň, ýagny döwletiň talabyna laýyk gelmeli. Ýazuw işine başlanyňda meýdan maglumatlary giňräk ulanmaly. Ykdysady we durmuş geografiki barlag geçirilende birnäçe usullar ulanylýar.

**Deňeşdirme usuly.** Ýazgy berýän senagatyň, oba hojalygyň, ulaglar ulgamynyň kärhanalary ugurdaş kärhanalar bilen deňeşdirilýär. Öwrenýän etrabyňy, welaýatyňy goňşy welaýat we etraplar, bilen deňeşdiiriilip ýazylanda käbir meseleleriň, ýagny ykdysady ösüşde öňe gitmekligiň, yza galmaklygyň üstüni açyp bolýar. Deňeşdirme usuly Ykdysady we durmuş geografiiýada ir wagtlardan bäri giňden ulanylýar. Islendik döwletiň, meýdan-çäk birligiň

ösüşi, ösüş aýratynlyklary, şol bir meňzeşräk şertlerde ýerleşen döwlet, welaýat. etrap bilen deňeşdirilende kanunalaýyklyklary ýüze çykaryp bolýar. Olaryň ösüş aýratynlyklaryny deňeşdirip gowy netijä gelinýär. Bu usul bilen bir hatarda dürli hasabatlary (statistiki maglumatlary) ulanýarlar. Ykdysady we durmuş geogrfiýa degişli işleriň hemmesinde diýen ýaly öň çapdan çykan we golýazma, hasabat maglumatlary peýdalanylýar. Saýlanyp alnan meseläniň her bir pudagy (soragy) boýunça ba boldugyndan statistiki maglumatlar ulanylyp, seljerilip ýazylsa iş maksadyna ýetýär. Hasabat maglumatlary ulanmaýan ykdysady we durmuş geografiki barlaglary göz öňüne getirmek kyn. Bu usul XVII-XVIII-nji asyrlardan bäri ulanylýan ykdysady geografiki usul hasaplanylýar.

**Kartografik usul** – Ykdysady we durmuş geografiýada ir wagtlardan bäri giň ulanylýa Islendik ykdysady geografik barlag işi kartasyz ýeriine ýetirilmeýär. N.N.Baranskiniň ýazmagyna görä “Karta geografiýa ylmy üçin alfa we omegadyr”, “Geografiýa karta bilen başlanyp, karta bilen hem gutarýar.” Geograiýada ähli ýazgylary kartada aňladyp bolýar. Şonuň üçin bu usul has köp we giňden ulanylýan usuldyr.

**Matematiki usul** –Ykdysady we durmuş geografiiýa ylmyň pudagy hökmünde döräli bäri ulanylyp gelinýär. Matematiki maglumatsyz ykdysadiýetiň netijelerini aňlatmak mümkin däl. Köphalatlarda ykdysady geografiýada matematiki çözgütleriň (formulalaryň, deňlemeleriň) kömegi bilen köp meseleleri tiz çözüp bolýar. Şol sebäpli bu usul has ir ulanylyp başlanylan usullaryň biri. Bu usuly köplenç ýagdaýda häzirki döwürde kompýuterleriň üsti bilen deňlemeler, aýratyn öz maksatnamalary(Programmalary) boýunça hasaplanylýar. Ýörüte taýýarlanan maksatnamalar (programmalar) esasynda kompýuterleriň kömegi bilen Ykdysady we durmuş geografiýanyň meselelerine degişli çaklamalary (prognozlary) taýýarlap bolýar. Soňky ýyllarda

ykdysady-geografiki barlaglarda **matematiki modelirlemek** usuly- giň ulanylýar. Şu problema bilen baglanyşykly Ykdysady we durmuş geografiýada matematiki usullar ady bilen ýörüte ugur emele geldi. Şu babatda Türkmenistanda ýeke-täk, professor E.Ýegengeldiýewiň köp ýazan ylmy işleri we kitaplary, okuw gollanmalary bar. Matematiki modelirlemek usulyň kömegi bilen Ykdysady we durmuş geografiýada halk hojalyk toplumyň ösüşini kämilleşdirmek üçin zyýansyz bolar ýaly dürli wariantlary hasaplap, olaryň has amatlysyny ýerli guramalara maslahat berip bolýar. Täze zawodlar we fabrikler gurmaklyk niýetlenilende matematiki modelirlemekligiň kömegi bilen ykdysadyýetde, ekologiýada, ilaty ýerleşdirmeklikde bolaýjak näsazlyklary öňünden anyklap bolýar. Şeýlelikde, hojalygy ösdürmekligiň islendik meselelerine çaklama (prognoz) bermek mümkin. Bu usuly peýdalanyp meýdan-çäklerdäki ýerli-önümçilik toplumlaryň uzak möhletläp işlemekliginiň konstruksiýasyny düzmek mümkinçiligi döreýär.

## 28. Türkmenistanda geografiýa ylmynyñ ösüşi we häzirki ýagdaýy

Türkmenistanyäzirki çäkleriniñ tebigatynyñ örenmeklik has gadymy döwürlerden bäri (biziñ eýýamymyzdan önki 8-5-nji asyrlardan bäri) öwrenmeklik alynyp barylan bolsa-da ýazgy maglumatlary biziñ eýýamyzdan önki 5-nji asyrda Geredodyñ işilerinde ýazgy we kartografik maglumat görnüşde görmek bolýar. Geredod özüniñ taryh atly işinde Türkmenistanyñ häzirki çäklerinde: Grikaniýa, Parfiýana, Horesmi (2 sany), Ariana, Margiýana, Drangiýana, Sogdiýana ýaly satraplary; Ak Oks, Oksus, Morg (mark) ýaly derýalary we beýleki bir näçe geografik agzalary getiripdir.

Orta asyrlarda Türkmenistanyñ häzirki çäklerindäki ýelriniñ ýazgysyny Idrisiniñ, Ibin-Batuduñ we beýleki

syýahatçy tebigaty öwrenjileriñ işlerini görmek bolýar. Olar gadymy-ota asyr taryhy we taryhy gergrafiýany öwrenip Aleksandyr Makedonskiniň ýörüşinden soňky ýewropa birikdirilen orta Aziýa barada köp maglumatlary berýär. Bir geografiki ýeleriñ pars, arap, grek we latyn dillerinde ýazylanlary bolup, dürli döwürlerde dürliçe atlandyrypdyrlar, şundan soň orta Aziýa we demirgazyk Eýarnyň hakyky atlary öwrenildi, anyklanyldy.

Ýazuw çeşmesi – bu dürli barlaglaryň daýanýan esasy maglumatydyr. Belli bir döwri öwrenýän alymlar diňe ylymy däl eýsem dürli edebi ýazgylary hem öwrenipdirler we aýry-aýry mowzuklara üns beripdirler. Olar mowzuklary boýunça gelen neijäni barlap, beýleki maowzuga görä barlamndyrlar.

Alksandyr Makedonskiniň Aheminitleiň ýeňip, ýerlerini eýeleýärler, belli ýöne ol nireleri eýeläpdir?! 80 ýyl geçenden soň, taryhy arena parfiýa çkýar. Ol Aleksandyryň imperýasy dargndan soň döräp, ol imperýanyň belli bir bölegini eýeleýär, ol ýerler beýlekiler nähili atlandyrylypdyr?! Parfiýanyň ýokarkysatraplary soň döredildi. Bu zatlary bilmek üçin özge ýzgylaryana, kir II we ýranyň Sasanylar ýurdyny döreden we dargan aralygyndaky ýer-ýurt atlaryny öwrenmeli; Bu wakalar öz içine 1200 ýldan gowrak wagty öz çine alýär.

Orta Aziýany we Orta gündogaryň geografiýasyny bilmek üçin gerek, latyn, pars antfoki ýazgylar Aleksandyryň Aziýa boýunça geçiren urşunyň marşrutyny, taryhyny düzdüler. Ol zatlaryň ank wagty kesgitlenende Diodoryň, Isidora harakskiniň ýazgylary peýdalandy. Anfiki awtorlaryň kartalary has gadymy ýerleriň adyny berýändir. Kitapda bilgeşleýin gadymy eýranlaryň gadymy ýazgylary berilmeýär. Orta Aziýanyň geografiýasy – Awesda aýratyn dorenilende ol ýazgylar uly orun tutýar. Bu kitap b.e.öňki VI we b.e-yň VII asyrlarynyň wakalary hakynda ýazman diňe geografiki tarapyny belläp geçýär. Bu kitap 1973 – nji çap edildi.

Ahemenitlariň gol astynda.

“Patyşalaryň patyşasy” we G/d-ky ýurtlar.

Orta ndogar we Aziýa baradaky iň ir ýazgylar b.e.Oňki VI-V asrlaryň sepgidine degişlidir.

1.Dariý I-niň Uly Bekistun ýazgysy 23 (22 ?) ýurdy sanap geçýär. Onda Marguş we Wrkana atlar bolup, has iri ýer atlarydyr.

2.dariý I-niň parspolýak ýazgysy wagt boýunça II bolup, Uly Bahistundan kän bir tapawutlanmaýar.

3.Dariý I-niň öň giçki ýazgysy naksi-Rustamda tapyldy we olýewropa ýurtlarynyň hasabynda has ulydyr.

4.Kserks I-niň haty, oňa diňe dahlar goşulan. Biz ýazgylary deňeşdirnimizde ýokary 2 patyşanyň ýöreden wagtynda atlaryň kän bir üýtgemäni görýäris. Uýtgeşik atlar bolsa Midiýany eýelenenda ýa-da uly sakanyň patyşalary basyp alypdyr. Bu babatda iki pirik ýüze çykýar we alymlaryň hersi birini esasy hasaplaýarlar. Köp alymlar ortaziýa ýurtlaryň Kir-II-ň döwründe eýelenipdir diýýärlae we iki pikir ýüze çykýar. I pikir; Kir II ol ýerleri Wawilony eýelemezden öň basyp alypdyr, beýlekiler bolsa, ondan soň. M.M.Dýakonow bu ýerler Kir II tarapyndan b.e.öň 545-540 ýyllarda eýelenen, I.M. Diýakonow bolsa has soň eýelenen diýýärler. Ol “Mudiýa Baktriýa we parslar bilen bir wagtda uruş alyp baryp bilmez” diýip belleýär.

Has anyk jogaby bilmek üçin Kir günbatar Eýrandan Brktriýa tarap ýolunu bilmeli: ol hindiguşyň Demirgazyk dageteginden geçip takmynan 3 marşrut hödürlenýär:

Birinji iki marşrut- demirgazyk. Ol ekbatrdan (häzirki hamadan) şäherinden beşalap Kaspiden, Kaspi derwezesini kesip Elburusdan we Türkmen horosan daglarynyň etegi bilen barýarlar. Ikinji ýol-Reýden saga bolan ýol. Ol Elburus we Türkmen-Horosan daglarynyň g-o tarapyndan geçýär. Üçünji ýol g-o, ol ersitden çykyp Baktriýa ugur alypdyr. Ol 2 wariýantdan ybaratdyr. Taryhy çaşmeler Kir II-soň haýsy ýoldan gidenligini ank belli etmeýär, ýöne daşynda bar bolan maglumatlara görä, ol günorta ýoldan giden bolmaly.

Aleksandr Makedonskiniň Orta Aziýa ýöeüşi hakyndaky Starabonyň, Arridanyň we Kursiý Rufyň işlerinde kiri açlykdan we suwsyzlykdan halas eden taýpa barada maglumat bar. Bu aripa taýpasy şol çeşmeler görä Ariaspa şäherinde ýaşapdyrlar. Ol Durangiona adyny daranglar (srang) göçüp gelenden soň alan bolmaly. Olar Gerodadyň işlerinde öz beýany tapypdyrlar we megerem, ariasplardan güýçli çykyp ýere öz atlaryny dakypdyrlar. Bu ýol has amatly bolandyr. Türkmen-Horosan daglarynyň günorta çetinden geýän günorta ýol hem bolup biler, sebäbi: ol ugurda-da Drannguana duşmak bolýar. Ýöne köpetdag bilen garagum çölüniň arasyndan geçýän demirgazyk ýol hakyky däldir, onda Darangiýana bu ýoluň ugrunda ýerleşmeýär.

Kir II Baktriýa yörüş edende Parfiýa we gerkaniýa çetde gelypdyr. Bu I.M.Diýakonowyň pikirini red edýär. Ahmenidiň sistemesyndaky ähli ýurtlaryň ýagdaýy ank däl. Şonuň üçin goşmaça maglumatlary öwrenmeli.

Behistun ýazgylary boäc Dariý I-niň garşysyna giden, ýolunu çalan we aralykda duran ýurtlary bilip bolýar. Baktriýa satrapynda diňe Fradanyň ýolbaşçylygynda Magruş gozgalaň turuzupdyr.

Yurt taýpalarynyň birek-birege degişli 2 ýoly bar: gan düşlik we boýun bolma.

Magruşyň taryhy araenadan ýok bolmagyny birinji görnüş boýunça düşündirse bolar. Baktriýanyň satrapy Dadarşiş ýok edipdir we gan döküp olary Baktriýa birikdirilendir. Orta Aziýanyň meýdan çäginde ýerleşýän satraplar ahmenitlara degişli bolup, megerem, boýun bolmanyň ilkinji görnüşi boýunça degişlidirler we kä bir hukuklary bardyr.

Belkem halkyň köpüsi Ahmenitleriň hataryna “meýletin-güýç” bilen salynandyrlar, ýöne bu ýurtda gozgalaň turuzmazlyga bahana däldir. Meselem, Modiýa Aziýada ožüni tanatsa-da Ahmenitlere degişli bolupdyr. Ol Fraswartişiň ýolbaşçylygynda garaşsyzlyk aljak bolup göreşipdir. Oňa

harby taýdan Gekaniýa we parfiýa kömek edipdir. Sebäbi olar kuaksar maşgalasyndan bolan şaka satraplyk görnüşünde wepalylyga ant içipdirler.frewartişa goşulman, öz ferdasynyň öne süren Margiýana bolsa belkem budiýa- pars ýurdyna (deržawa) birikdirilipdir. Yokarda agzalan 9 satrap Ahamilitlere garşy baş galdyrmandyr. Ýöne wepallylyk kasama düklik eden hem tapylypdyr olar “raýatlyk uruşunuň oduny” ýakypdyrlar. Käbir etniki toparlar erkinligi isläpdirler. Merkezi Eýren welaýatlaryndan başgada Kir II-ä Mudiýada parfiýa we Gerkaniýanyň halky galýar oňa saklar hem degişli edilýär, olar Kir II-niň ölen ýerinde (uzboý) ýaşaýandyrlar. Oňa arguş hem degişli edilýär. Ol baktriýa bilen Mudiýa- pars täsirleriniň ortalygyndan galypdyr. Kir II özüniň 30 Yylyk patyşa eden wagtyny pars ýerlerini eýeläp meýdanyny giňeltmäge sarp edipdir. Ol ilki bilen gündogar satraba orta aziýanyň ýurtlarynda degişli etmäge meşgullanypdyr. Biziň pikirimizçe ol basylyp alynanyň baktriýa degişli bolup belli bir taýpa eken. Şulary aýtmak bilen biz gerodoýda göerä Kir II baktriýa gündogar ýol boýunça döräpdir. Dariý I-iň dünde uly özgeriş bolmady. Diňe hindi ýokary akymynyň käbir welaýatlary goşulupdyr. Ksereks I döwründe gündogar satraba diňe baha goşulýar. Kir II-niň döwründe gündogarda oňat ýer edinenlerinden soň parslar günbatara ýörüýş etmegi üreklerine düwýärler. Ahanwipler aziýada 230 ýyllap dolandyrýarlar we şol döwürrde onuň düzüýtgemeýär. Hat-da Prfiýa Gerko Baktriýada kän bir özgerme edip bilmändir.

Dymek ýokardakylara salgylansap Prfiýa we Gerkaniýa Mudiýa Kuaksarlar döwründe birikdirilýär. Mergiýana kuaksar kir II wagtynda degişli edilýär. Iranka haraýba baktriş Suguda Gandara Maka haranwatiş we Uarazmiş ýurtlarynyň özbaşdak ýurtlary bolmandyr “ýurtlaryň şalygyna” Ahawanitler döwründe girýärler

Türkmenistanyň taryhy geografiýasy barada Gerodotyň işlerindäki maglumatlar.

Gerodotyň işlerinde ak derýa barada şeýle ýazgylar: “Aziýada ähli taraplary gerşleri bilen gabalan uzynlyk bar. Ondan ak derýa akyp dagyň 5 sany deresi boýnça bölünip akýar we ýerleri suarýar. Prslar bu ýeri eýeleýär we şa ol ýollary ýapýar. Ol düzlikbolsa köle öwrulär.” Bu gürrüň köp edebiýatlarda öz beýanyny tapdy, ýöne ak derýanyň taryhda ýerleşen ýerini kesgitlemäge ýeterlik däldir. Ony bilmek orta aziýada köp zatlara ýol açdy.

Eýýäm 100 ýyldan bäri taryhy we ylmy edebiýatlarda Tejen-Gerurut bilen bir hasap edilýär. Ýone 19-nji asyrdan bäri ak derýa syrly bolup galýar. Ak bilen tejeni M Diýakonow. I.M Diýakonow. W Gaýdykowiç. W. M Masson we ş.m belli hasaplanýar. S.P Tolstow bolsa Ak-Akes –oks ýada Wahş diýip, ony Amy derýa bilen bir hasaplaýär. Muňa h. Yusubow hem goşulýar. Tomson we I.W Pýankow bolsa, asla bular ýaly derýanyň ýokluguny aýtýarlar. Orta asyrlaryň Tejen-Gerirut derýasynyň Ak,Oh, Aki derýalary bilen bir hasaplaýarlar. Tejen derýasyny Strabon “geografiýa” işinde oh görnüşde we 21-nji asyrda G Wilson. Wtomanşin hem ýatlap geçýär. Olary Masson, Mýe hen gollaýar. Gerododyň ak we Strabonuň oýalary tejene degişli bolsa onda olara ak we oh atly ýaöne bir derýadyr (Bobkow 1971).

Biz bu soragy taryhy usul bilen çözmekçi: 1)Gerododyň göz önüne tutan derýasyny kesgitlemek, 2)Gerododyň aýdyp geçen taýpalrynyň haýsy derýanyň ýanynda ýaýandygyny kesgitlemek.

Gerodod Wawilondan gid-ra geçmändir, ýöne orta aziýada 3 sany derýany agzaýar: Araks-Amy derýa-tangis-syr derýa; Ak tejen-Gerrirut.

Bu soňky derýa ýazgylara görä, daglardan akyp, düzlige çykandan soň çöle siňip gidýär.gadymy atlary we ak derýany bilmek üçin Strabonuň we gerododyň şlerine seretmek: olaryň ýazan işleriniň arasynda 5 asyr bar bolsada, orta aziýanyň hytaý, Hindistany öz içinde belläp geçýär. Ony we beýlekileri Kursiý Ruf Ptolomeý, Ammuan Marsllin we ş.m alymlar hem

öz işinde ýazýarlar. Dürli alymlaryň berýän maglymatlaryny hasaplap baktriýa (g-d) we girkan (g-b) taraplara böldük.

I. Baktriýa Ohi barada maglumat

1) Oh hem oks ýaly hindi daglaryndan başlaýar;

2) Oh baktriýanyň üsti bilen akýar.

3) Oh başda oksdan tapawutlanýar, ýone soň birleşip soň bir hanadan akýar.

4) Oh Parfiýada g-d ýerleşýär.

5) Kursiý Ruf: “ Aleksandyr IV gün oksa ýetýän ol ohy we oksy kesip geçip Margiýana gelýär”.

6) Plini: bu halk (Bktriýalydyr) Oh derýasy bilen çäklenýärler.

7) Ptolomeý: “ Baktriýadan akýan derýalar oksa guýýar: Oh, dargona Zarias, Artamis dargit. Drgitden özgeleri ilki birikýärler soň oksa guýýarlar.”

8) Ammuan merslin: “Baktriýaly köp suwlwr suwarýar olar oks deryany baýlaşdyryp oňa guýýarlar.”

II. Girkan Ohy barada maglumat.

1) Gadymylar asla Ohy belläp geçmeýärler.

2) Oh hem oks ýaly hindi daglaryndan başlaýar

3) Oh we oks Girkanýadan akýar.

4) Oh we Oks Girkanýanyň çäginden Hazar deňzine guýýarlar.

5) Oh ähli ýerde oksdan tapawutly.

6) Oh Oksdan Günorta akyp geçýär.

7) Oh baktriýadan akmaýar.

8) Apolladorunyň aýtmagyna görä oh parfiýanyň golaýndan akýar.

9) Oh nusaýdan akýar.

10) Onuň boýunda dowapporlylar ýaşapdyrlar.

a) Daý-apornlar Grkaniýa golaý ýerleşip çöllük bilen bölünýär.

b)Daý-apornlar Girkanýa golaý we olar deňiz bilen çäklenýär

ýokardakyleri deňeşdirenimizde Grkanýanyň oh hakykada golar. Ýöne baktriýada hem derýa bar, ýöne strabonyň şini öwrenen alymlar bu iki derýany ýalňyşyp bir edip alypdyrlar. Strabonyň maglumatlaryna seretsek, Oh Hindi Tawryndan gözdaşy alyp nusaň we grikanýanyň üstünden akyp geçýär we oksyň g-o derýa guýýar eger şeýle seretsek ol ýerde etrek gürgen derýalary akýar. Şu wagtlar hem bu ýeriň adamary Etrege Oh diýýärler . Strabonyň slerinde özge derýalar hakynda hem belläp geçýär, olaryň doly we ank ýerleri belli edildi: Oks we Ýaksat-orta azianyň beýik derýaly Amyderýa, Syrdeýa. Oňki margyň we Pahtimediň atlary bellidir Häzirki murgap we Zerewşan. Starbonuň aýdyşayny jemlesek Ak, Oh Tejendir. Ýöne Ariý hem Tejen diýýärler. Eger ol şeýle bolsa, Ohy (Ak) Etrek diýmek amatlydyr we köp meseläni aradan aýrýar. Daý-aparn taýpasy barada aýadnyňda olar biziň eramyzdan ön III asyrda Ohuň Tejen bilen gabat gelýänini ýalňyş ýazyp, ony bu derýanyň boýunda ýaşaýar diýp aýdýarlar. Oh bilen etregiň bir derýadygyna Strabonyň işinde köp mysallar getirilýär. Ak derýanyň ýerini kesgitlemäge ýene bir igur bar, ol hem halklaryň ýerleşişini öwrenmekdir: girkan, parfian, horzimler, sanglar, tamanlar. Bu halkjlar Gerodot tarapyndan iki ýerde: Dariý I-iň basyp alan ýerlerinde we Kserksiň goşununyň düzümi aýdylanda ýatlanylyp geçilýär.

Geradodyň ýazgylarynda ýokardaky agzalan taýpalyň haýsy okruklara (şol wagt) degişlidigini görmek bolýar. Onda taýpalar okruklar boýunça yzgyder şip goňşydyklaryny görkezýär. Gerododyň ýazgylarynda bize gerek taýpalynyň ählisiniň Ihserks 1-njiydan oň ýörüşinde bolndyklaryny görýäris bu goşunlaryň ýaraglary goňşy halklaryňky bolupdyr. Bu olaryň ýene-de goňşydyklaryny görkezýär.

Girkaniýa jedelsiz hazar ýakanyň g-o, g-d eýeleýär. Ol at şeýle bir ýörgünli bolupdyr weiln, hat-da Girkaniýa deňzi, Gürgen ýada Gorgan oblasty atlar galypdyr. Belkem, häzirki gökleň taýpa hem şondan galan bolmagy mümkin. Özge

pikirlere garamazdan, Parfiýa Girkanlaryň Gd. ýerleşýändirler. Häzirki zaman arheologlar Parfiýanlar türkmen – Horosan daglarynyň g.b. böleginde we Köpetdagyň d.g. böleginde ýaşapdyrlar diýärler. Bu bolsa Köpetdagyň dag eteginde köne Nusaýyň barlygy bilen hem tassyklanýar.

Horasmiler Gekateýiň aýtmagyna görä Türkmen-Horosan daglarynyň demirgazygynda we Tejeniň jülgesinde ýaşapdyrlar.

Gerododyň sarangilerini häzirki sistanada, Hamun batgalygynda ýerleşýär diýsek dogry geler. Gerododyň ýazgylaryna salgylansak ol hut D.g. Eýranda ýerleşýär. Ýöne bu aýdylanlar Strabonyň Drangianasyny ret etmeýär. Olaryň birligine ýerli maglumatlar we taryhy wakalar şaýatlyk edýär. Ýöne atlarynyň dürliligi taryhy wagt bilen düşündirmek bolar. Sarangylar-Dranglar Aleksandr Makedonskiniň ýörişinde, Parfiýa döwleti döränden soň az-kem G.o. G.d. –ra süýşüpdirler. Drangiana saklaryň ýörişinden soň Geradyň g.b. –na süýşipdir. Strabonyň we Geradodyň işlerindäki saranglaryň süýşen, göçen ýrlerini öwrensek olaryň Nişapura, Eýranyň çäginde ýerleşmekleri hakykata laýkdyr.

Famaneýler Geradodyň işlerinde birnäçe gezek ýerleşişlerini anyklanyşy ýaramazdyr. Olaryň ýerleşişini öwrenýän anyk barlaglar geçirilmeli. Olary öwrenjek bolsaň Gerat oazisinde, g.o. – g.d. ýaşaýan türkmen nesillerini öwrenmeli. Ýöne Geradot boýunça saranglardan, famanelar g.d.-da ýerleşýändirler.

Şeýlelikde, Geradot boýunça taýpalaryň Ak derýa boýunça ýerleşişini öwrensek ol doly we dogry bolup çykýar. Netijede Strabon bilen Geradodyň ýazgylaryny bäş taýpa gabat gelýär: girkanlar Agyň (Etrek) aşak akymynda, parfiýalar we horezmliler ondan d.g.-da saranglar we famaniler Agyň g.o. tarapynda derede ýerleşýär.

Ak derýa barada aýdylanlardan indiki netijelei çykarmak bolar:1) Geradoda iň ýakyn Aziýa derýalarynyň biridir we ol ony oňat bilýär; 2) Ak derýa horasmilere degişli

bolupdyr we bürünş asyrynda medeniýetiň döremegine getiripdir; 3) Geradodyň sana taýpalry Etregiň jülgesinde oturymly ýaşpdyrlar.

## 29. Günorata we günbatar Aziýa we demirgazyk Afrikanyň gadymy halklarynyň açylyşy. Hindiler we malaýalar

Demirgazyk Hindistanyň gadymy gul eýeçilik döwleti Gimalaý we Winh daglarynyň basseýininde ýerleşýär. Biziň eramyzdan öňki I müňýyllykda eýýäm olar Eýran döwletleri we Mesopotamiýa bilen guru ýerde kerwen hem-de deňiz üsti bilen söwda gatnaşyklaryny edipdirler. Şol döwürde günorta we demirgazyk Hindistandaky bar bolan döwletleriň arasynda söwda we medeni gatnaşyklary has ýakyn bolupdyr. Biziň eramyzdan öň köp asyrlaryň dowamynda Hindistanyň iki bölegindäki irki gul eýeçilik döwletlerinde brahmanizm dini berkedi. Brahmanizm dinine garşy b.e.öňki I müňýyllygyň ortalarynda Hindistanyň özünde hem-de gündogar we Merkezi Aziýada buddizm dini döräpdir. Hindistandaky giňden ýaýran buddizm dini b.e.öňki asyrlaryň ahyrynda brahmanizm dine garşy göreş hökmünde ulanylypdyr. Gul eýeçilik döwletleriniň patyşalary hem-de bilimli adamlary buddizm dinini goldap we onuň geljekde giňden ýaýramagyna uly goşant goşupdyrlar. B.e.öňki III asyrda Hindistanyň imperiýasynyň patyşasy Magadha Aşoka buddist dindarlary materikdäki döwletleri hem-de günorta we günorta-gündogar Aziýanyň adalary bilen gatnaşyk etmek we özüne boýun etmek maksady üçin ulanylypdyr. Onuň beýik daşyň ýüzüne ýazylan hökümleriniň birinde Siriýa, Yeniseý, Liwiýa, Gresiýa we ş.m döwletlere missionerleri netijeli göýberendigi görkezilýär.

B.e. I asyrynda buddist missionerleri- hindiler beýik geçelgeleriüsti bilen Tibet we Gimalaý oblastlaryna aralaşýarlar. Olar Gimalaý daglarynyň gerişlerinden öz

gözbaşyny alyp gaýdýan uly Hind derýasynyň ýokarky basseýnini hem-de onuň uly Satpej we Brahmaputra goşantlaryny açýarlar we şol ýerlerde monastyrlaryň hatarlaryny düzýärler. Olar dürli ugurlar bilen Tibetiň beýik daglyk çöllüklerini kesip geçýärler. Bengalyüsti bilen buddist missionerleri gündogara Hindi-Hytaýa ýol tapýarlar. Tropiki daglyk-raýonlaryň üsti bilen hytaýlylara entek belli bolmadyk Merkezi Hindi-Hytaýy we Mekong derýasynyň şol ýerdäki böleginiň basseýnini hem-de Irawadi, Saluini atly beýik Hindi-Hytaý derýalarynyň basseýnlerine ýol açýarlar.

Hindi halkynyň hiç haçan deňizde ýüzmek işlerini ulanmadyklaryna garamazdan olar günorta we günorta-gündogar Aziýanyň tropiki deňizlerinde uly geografik açyşlary etdiler. Olar Seýlon adasynyçdylar we özüniň koloniýasyna öwürdiler. Indoneziýanyň uly adasy bolan Sumatra geografik ýagdaýnyň gatnaşyklary esasynda açylýar. Onuň yzysüre ilki b.e. I asyrynda Ýawa adasy açylýar. Şol wagta çenli günbatar we merkezi Indoneziýada eýýäm hindi obalary peýda bolupdy we ýerli ilatyň arasynda hindi medeniýeti giňden ýaýrapdy hem-de şol bir wagtyň özünde iki din hem ýagny buddizm we brahmanizm dowam edipdir.

Malaýslar Sumatra adasyndan günbatar uzak aralyklara ýüzüpdirler hem-de b.e. I asyrynda Hindi okeanyny kesip geçip Madagaskar adasyny açýarlar we ony koloniýasyna öwürýärler. Ýerli ilat bilen gelen malaýslardan malgaşlar milleti döräpdir.

## 30. Gadymy parslar

B.e.öňki VI asyryň ortalarynda patyşa Kir II günbatar Eýrany öz tabynlygyna geçirýär we hökümeti bilen birleşdirýär.

Ol Kiçi Aziýa we Mesopotamiýany hem basyp alypdyr. Ondan soň Kir II Eýranyň demirgazyk oblastlaryny basyp almaga girişipdir.

Entek irki döwürlerde urartlar öz döwletlerinden gündogarda uly Girkan (Hazar) deňzi barada bilipdirler. Ýöne persleriň demirgazyk ýörüşleri Kaspi baradaky bilimleri giňeldýär we berkeşdirýär. Pers çeşmelerine salgylansak grek Gerodot (b.e.öňki V asyr) ýagny "geografiýanyň atasy" diýmek bolar, ol Kaspi barada onň ullakan köldigi hakynda anyk maglumatlar aýdýar. Olşeýle diýýär: "Bu aýratyn deňiz, başga ýere suwuny guýmaýar. Onuň günbatar kenarynda Kawkaz uzalyp gidýär. Gündogar kenarynda bolsa üýtgeşik bir düzlük uzalyp gidýär."

Persler Zakaspi çöllüginde parfiýan döwleti bilen kesişýärler. Bu döwlet biraz soňrak günbatar we Merkezi Aziýanyň arasynda ýagny hytaý kerwen ýolunyň gutaran ýerinde söwda gatnaşyklaryny guramakda hemaýatkär bolup durupdyr. Persler Kaspi deňziniň günorta-gündogar burçundan Köpetdagyň gerişlerinden geçip Garagum çölüne ýetýärler. Olar Kaspiniň gündogaryna ýörändigi gümanadyr ýa-da 40-njy parallle ýetmändikleri anyk. Olar Hindiguşyň gerişleriniň demirgazyk eteklerine çenli ýetýärler we Oks (Amyderýa) derýasynyň çep kenaryna, orta akymlaryna çenli basyp alýarlar. Olar Oks derýasynyň aşak akymlaryna, Horezm oazisine ýetmändirler. Kir II ölenden soň onuň ogly Kambiz Ýegipedi alýar. Dariý döwründe bolsa (521-486ýý) persler Hind geçelgesiniň sag kenaryny basyp alýarlar. we Syrderýanyň ýokarky kenarynyň basseýnine girýärler. (Fergana düzlügine).

Şeýlelik bilen persler Eýran döwletinden daşary ulyorta aziýa derýa aralyklarynyň we dag gerişlerini açýarlar. Dari I (b.e.öňki 512 ýyllar töweregi) demirgazyk-günbatarda gara deňiz bölegi basyp aljak bolýar, ýöne ýerli skifleriň garşy görkezmegi netijesinde derbi dagyn edilýär. Onuň günbatara eden ýörüşleri şowly bolýar.

## 31. Gadymy Müsürliler

Müsüriň medeni ekeranýerleri üç tarapdan çöl bilen gurşalypdyr. Onuň demirgazyk Ortaýer deňzi bilen araçäkleşýär. B.e.öň 3000 ýyl ozal bu tebigy ýerler mälim bolupdyr. Biziöwrümize gelip ýeten gadymy Nubiýanyň merkezinde bu ýer Müsüriň eýeçiligini ýadyňa salýar we bu ýerden müňlerçe gara gullary, erkekleri we aýalary, iýmit üçin doňuzlary äkidipdirler. Şol wagtlar Müsürlilerliler araplaryň çozuşlaryndan goranmak üçin Sues geçelgesinde gala guryp başlapdyrlar. Olar Sinaý ýarym adasyny açypdyrlar hem-de ony basyp alypdyrlar. Olar bu ýerde misiň we nubiý çägelerinden gymmat bahaly hem-de berk gurluşyk daşlarynyň çykýan ýerlerini tapypdyrlar. Ýelkenli gämilerde Müsürliler "Beýik deňziň"(Ortaýer deňzi) gündogar Aziýa kenarlary bilen ýüzüp Liwanda kedr agaçlaryny getirýän ekenler. Gadymy patyşanyň ýegipitlileri Gyzyl deňziary bilen günorta Punt döwletine çenli ýüzüşleri gurnapdyrlar. Ol ýerdenMüsürde agaçlardan alynýan gymmat bahaly dürli ysly şireleri getiripdirler. Şol agaçlar Gyzyl deňziniň günorta böleginde, Somali ýarym adasynda hem-de günorta-günbatar "Bagtly Arawiýada" ösýän ekenler.

Müsürliler öz döwletini "Niliň sowgady" diýip hasaplaýan ekenler.

Finikinler bu gündogar Ýewropanyň açylyşy.

Finikiýa – bu döwlet Ortaýer deňziniň gündogar kenarynda deňiz bilen Liwan daglarynyň arasynda ýerleşýär. Ol döwletde finikin dilinde gepleýän halklar ýaşaýan ekenler, ýagny olar demirgazyk semit dilleriniň hanaan toparyna degişli bolup durýarýar. Şol topara gadymy ýewreý dili hem degişli bolup durýar (hanaan-Palestinanyň gadymy ady). Gadymy beýik döwletleri – Müsür we Wawilonyň arasynda Finikiýa döwleti özüni ortalyk derejesinde saklap, syýasy gatnaşyklarda kä ol döwlete, käte beýleki döwlete boýun egipdirler, ýöne ykdysady gatnaşyklarda bu iki döwletiň

arasynda söwda guramaga hemaýatkär bolupdyr. Iň gadymy maglumatlara görä finikinler ýer bilen meşgullanýan halklar bolupdyr. Gadym wagtlarda Finikin döwletinden goňşy döwletlerde çakyr we oliw ýagy hem-de kak edilen balyp çykarypdyr.

Müsür bilen Wawilon döwletleriniň ösmegi netijesinde finikinler olara gymmat bahaly liwan kedr agaçlaryny getirip başlapdyrlar.

Müsür bilen Wawilona köp möçberde gyzyl we reňkli metallar, aýratyn hem mis bilen olowo, köp gul gerek bolupdyr. Şol göreşleriň ugrunda hem-de gullary awlamak üçin finikinler öz kenaryndan has uzak aralyklara ýüzüp başlapdyrlar. Finikinler gullaryň zähmetini gämi duralgalarynda, gämilerde, tokay hojalyklarynda ulanýan ekenler. Finikin jemgyýeti gul eýeçilik jemgyýeti bolupdyr. Şonuň üçin olara kän gul gerek bolupdyr, şol sebäpli olar has daş döwletlere ýüzüp başlapdyrlar. Deňiz söwdasynda iň esasy ýeri Bibl, Sidon finikin şäher-döwletleri eýeläpdirler.

Deňiz-Arhipelag adasyndan finikinler Balkan ýarym adasynyň günorta kenarlaryna geçip başlapdyrlar. Olar Ion deňzi bilen “Ýokarky deňzi birleşdirýän geçelgeden geçipdirler we Apenin ýarym adasynyň günorta burnundan aýlanyp geçipdirler.”

## 32. Gadymy Hytaý açyşlary

Hytaý açyşlary b.e.öň II asyrda. Biziň eramyzdan birýarym müň ýyl mundane ozal Huanhe derýasynyň orta akymynda dünýäniň gadymy döwletleriniň biri bolan – Hytaý döwleti döräpdir. B.e.öň I müň ýyllygyň dowamynda hytaýlar öz ýerlerini güýç ulanmaklary netijesinde giňeldipdirler. Biziň eramyzdan birnäçe asyr öň hytaýlar gündogara süýşüp , Ýuwaş umman deňizlerinde ýüzüpdirler. Sary deňzinde olar Şandun, Lýaodun we Koreýa ýarym adalaryny açypdyrlar. Soňra Koreý adalaryndan geçip esasy

ýapon adasyny Honda (Honsýu) we –Kýusýu hem-de Sikoku adalaryny açypdyrlar. Hytaýlar günorta süýşmek bilen Gündogar – Hytaý deňzindäki materige ýakyn ýerleşen ähli adalary açypdyrlar. Şondan soň olar Taýwany hem açypdyrlar. Soňra Hytaýlar günorta-günbatar ugur boýunça süýşüp Günorta-Hytaý deňzini , Hindistany, Gyzyl deňzini, Haýnan adasyny açýarlar.

B.e.öň II asyrda Hytaý imperatory Udiniň ýolbaşçylygynda Wetnam basylyp alynýar.

Hytaýlaryň günorta we günbatara süýşme bilen b.e.öň. III asyrda olar ýuwaş umman deňizlerine guýýan uly derýalaryň boýlaryndaky hemme ýerleri diýen ýaly açýarlar.B.e.öň. III asyrda ýuzlerçe ýyllaryň dowamynda Hytaýa demirgazykdan howply hüjümler abanýardy. Şolardan goranmak üçin hem hytaýlar b.e.öň IV asyrda Beýik Hytaý diraryny galdyryp başlaýarlar.

Bu hili desga taryhda iň täsin gurulan desgalaryň biridir.Diwaryň gurulmagy diňe şol ýeriň geografiki we topografiki taýdan içgin öwrenilmegiň netijesidir. Emma gala hytaýlara Kuşanlaryň hüjüminden goranmaga doly mümkinçilik bermändir.

# EDEBIÝAT


1. **Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ősdürmegiñ ylmy esaslary. Aşgabat, 2007**
2. **Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007**
3. **Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiñ ýurdy. Aşgabat, 2007**
4. **Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007**
5. **Gurbanguly Berdimuhamedow. Dowlet adam űçindir. Aşgabat, 2008**
6. **Gurbanguly Berdimuhamedow. Ősűşiň täze belentliklerine tarap. Aşgabat, 2008**
7. **Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, 2008**
8. **Gurbanguly Berdimuhamedow. Täze galkynyş eýýamy. Aşgabat, 2008**
9. **Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001**
10. **Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (ikinji kitap). Aşgabat, 2004**
11. “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli Maksatnamasy. Aşgabat, 2003
12. Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy. Aşgabat, 2006
13. Türkmenistanyň durnukly ösüşi. Rio +10 Milli syn. Aşgabat, “Mega Bäşim”, 2002
14. BMG-niň klimatyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasy boýunça birinji milli maglumat. 2-nji tapgyr. Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi. Aşgabat, 2006
15. Kaspiý ekologik maksatnamasy. Maksatnamanyň ýerine ýetirilişi barada hasabat. Aşgabat, 1999-2000

16. Türkmenistanyň daşky gurşawyny goramak boýunça Milli maksatnamasy. Türkmenisatnyň Tebigy goramak ministrligi. Aşgabat, 2000
17. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri. 2000-2006. Türkmenistanyň
statistika baradaky döwlet Komiteti. Aşgabat, 2007
18. Авдыев В.И. история древнего Востока. Москва, 2007
19. Агажанов С. Г. Очерки истории огузов I Туркмен средний Азии IX-XIII. в.в.Ашгабат, 1969
20. Бартольд В.В. Сочитания т.р. 2 ч. Работа по отделным проблемам истории Средней Азиию Москва.”Наука”, 1964
21. Бартольд В.В. Сочитания т.ш Работа по исторической географии “Наука”, Москва, 1963
22. Сведеня об Аралском море и низовях Амудари с древних времён до XVIII века. 1963
23. Бартольд В.В. Статьи из интеклопедии ислама. Москва, 1973
24. Бартольд В.В. Отчот о поездки в Среднию с научный цельной селью 1893-1894. Сочинения том 3. Москва, 1975
25. Роботу по истории и Филологии Турецских и Монголских народов. Москва, 1968
26. Гвоздейский Н.А. и др. Русские географические исследоване
Кавказа и Средней Азии в XIX и в начеле XX в. Москва, “Наука”, 1964
27. Гумилев Л.Х. Тысачалетия вокруг Каспии, Баку, 1991
28. Иссаченко А.Г. Развития географических идей. Москва, 1979
29. Есаков Е.А. География в России в XIX начале XX века. Москва, 1978
30. Магидович И.П. Очерки по истории географические открытей. Москва, 1957-1967

31. Магидович И.П. и Магидович В.И. Очерки по истории географические открытей 2-5т.т. Москва, 1981-1985
32. Бжикиев А. Очерки произхождения и форминование Туркменского народа Džikiýew и в средневековя. Ашгабат. 1996
33. Саушкин Ю.Г. Историй иметология географическая наука. Москва, 1976
34. Хлопин И.И. Историческая георафия южрых облостей Средней Азии Ашгабат. 1983
35. Turkmenistan SSR-iň taryhy T.I, Gadymy döwürden XVIII asyryň ahyryna çenli. Ашгабат. 1985

**MAZMUNY**

Giriş…………………………………………………..………7
1. Maksady, wezipeleri we ylmy ulgamda tutýan orny..……...10
2. Kartografik düşünjeler barada ilkinji çeşmeler………………12
3. Medenýetli halklaryň geografik düşünjeleri we olaryň dörän sebitleri. Medeniýet näme?.....................................................30
4. Has gadymy medeniýet merkezleri…...........……….………31
5. Gadymdünýä döwürdäki materialistik düşünjeler...............36
6. Orta asyrlardaky materialistic düşünjeler....……………..........44
7. Samanitler. Orta Aziýadaky feudal dinastiýa........................45
8. Seljuklar-Saltyklar we Gaznalylar…...……..........................45
9. Ruslaryň demirgazyk Ýewropany açyşy we Sibire ilkinji ýöriş (Beýik Nowgoradlylaryň demirgazyk giňişlikleri öwrenişleri)...................................................................................57
10. Ruslaryň demirgazyk günbatar Sibire ilkinji ýörişleri....60
11. Beýik geografik açyşlaryň geografiýa ylmynyñ ösmeginde orny……………………………………………………….....63
12. Russiýada teoretik pikirleriň ösüşi (XVII-XVIII asyrlar)……………………………………………………...64
13. Täze döwürdäki geografik düşünjeler……………………...71
14. XX asyrda geografiýa ylymynyň ösüşi……………………84
15. Häzirki zaman geografiýa ylmynyň ýagdaýy……………...87
16. Geografiýa ylmynyñ umumy we esasy meseleleri…………90
17. GDA girýän ýurtlarda geografiýa ylmynyñ ösüşi...............94
18. Häzirki zaman geografiýa ylmynyñ gurluş düzümi. Jemgyýetçilik geografiýa ylymlary, olaryñ häzirki ýagdaýý we geljegi......................................................................................103
19. Jemgyýetçilik geografiýa ylymlary, olaryñ häzirki ýagdaýý we geljegi .....................................................................................107
20. Häzirki zaman ykdysady geografiýa ylmynyñ öñünde durýan wezipeler...................................................................................124
21. Häzirki zaman geografiýa ylmy, uly toplumly, köptaraplaýyn ylymlaryñ utgaşygydyr.........................................................136
22. Lukmançylyk geografiýa ylmynyñ döreýşi we ösüşi...........155
23. Geografiýa ylmynyñ usulyýet esaslary................................159

**24. Geografiýa ylmynda tebigy şertlere baha bermek usullary..........................................................................169**
**25. Ýeriñ tebigatyny öwrenmekde geografiýa ylymlarynyñ ähmiýeti..........................................................................180**
**26. Geografiýa ylmynyñ tebigat we tejribe esaslary…………....183**
**27. Geografiýa ylmynyñ usulyýetiniñ ähliumumy usulýetden tapawudy..........................................................................196**
**28. Türkmenistanda geografiýa ylmynyñ ösüşi we häzirki ýagdaýy..........................................................................199**
**29. Günorata we günbatar Aziýa we demirgazyk Afrikanyň gadymy halklarynyň açylyşy. Hindiler we malaýalar…....208**
**30. Gadymy parslar……………………..................................……209**
**31. Gadymy Müsürliler……………..………………………..211**
**32. Gadymy Hytaý açyşlary…………………………..…………..212**
**EDEBIÝAT…......…………………………………….........…..214**
**MAZMUNY..........................................................................217**